Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Z. ISLAMOW, D. RAHIMJANOW, J. NAJMIDDINOW, N. ISMATOWA

# DÜNÝÄ DINLERINIŇ TARYHY

**Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik**

1-nji neşir

**Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan**

Daşkent
«Yangiyul Poligraph Service»
2018

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**UO‘K: 2-9(100)(075.3)**
**KBK: 86.2(0)**
**I 79 Islamow, Zahidjan.**

**Dünýä dinleriniň taryhy:** Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik / Z. Islamow, D. Rahimjanow, J. Najmiddinow, N. Ismatowa. — Birinji neşir. — Daşkent.: «Yangiyul Poligraph Service», 2018. — 144 s.

**UO‘K: 2-9(100)(075.3)**
**ISBN 978-9943-5245-6-9** **KBK: 86.2(0)ya72**

**Jogapkär redaktor:**

**A. Hasanow** — taryh ylymlarynyň doktory, professor

**Syn ýazanlar:**

**N. Muhamedow** — taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent
**M. Alimowa** — taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent
**A. Zamonow** — taryh ylymlary boýunça filosofiýa doktory (PhD)
**F. Karimow** — syýasy ylymlaryň doktory
**J. Tohirow** — Daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen döwlet umumtälim mekdebiniň mugallymy
**Ş. Kudratow** — Daşkent şäherindäki 41-nji mekdebiň taryh mugallymy
**B. Mahmudbaýew** — Gülüstan Döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky akademik liseýiň mugallymy

Şu derslik Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Din işleri boýunça komitetiň 2018-nji ýylyň 1-nji maýyndaky 2484-nji belgili hödürnamasyna, Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy-metodik merkeziň 2018-nji ýylyň 24-nji aprelindäki 34-nji belgili netijesine esasan neşire hödürlendi.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

© Z. Islamow, D. Rahimjanow, J. Najmiddinow, N. Ismatowa. 2018.
ISBN 978-9943-5245-6-9
© «Yangiyul Poligraph Service», 2018.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Giriş

Özbegistan köp milletli we köp konfessiýaly döwlet. Bu gün ýurdumyzda 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleri öz urp-adatlaryny erkin dowam etdirip, dinlerine ygtykat qilib ýaşaýarlar. Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýew tarapyndan öňe sürülen 2017-2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasynyň bäşinji ugry hem hut dinlerara bagrygiňlik meselesine bagyşlanan. Şu desrlik aşaky synplarda alan bilimleriňizi berkidýär we baýlaşdyrýar.

**Eziz okuwçylar!**

«Dünýä dinleriniň taryhy» predmetini öwrenmek bilen, ygtykadyňyza seretmezden başga dinleri kemsitmezden, başgalaryň dini duýgularyny hormat etmek kadalaryny berjaý etmelisiňiz.

Derslikdäki temalar bölümlere bölünen. Her bir bölümde dersde öwrenilýän esasy düşünjeler, tema degişli goşmaça maglumatlar, alymlaryň we beýik döwlet işgärleriniň göreldeli pikirleri, gyzykly faktlar, döredijilikli iş hem-de berkitmek üçin soraglar orun alan. Tekstde duşýan käbir adalgalaryň düşündirişini kitabyň ahyrynda berlen sözlüklen tapyp bilersiňiz.

Derslik taýýarlananda temalara degişli ylmy we dini-aň-bilim edebiýatlardan, döwürleýin neşirler, dürli dini konfessiýalaryň berk pikirleri beýan edilen resminama we mukaddes kitaplardan, internet pudagyndaky maglumatlardan, şonuň ýaly-da, çeper edebiýatlardan peýdalanyldy. Kitapda dünýä dinleriniň mukaddes dini çeşmelerinden sitatalar getirilen. Şu sebäpli ony dürli ýerliksiz ýerlerde galdyrmaly dälsiňiz.

Derslikdäki döredijilikli iş hem-de goşmaça okamak üçin berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek arkaly siz özbaşdak we mantyky pikirlenmek, kommunikatiwlik, taryhy çeşmeler bilen işlemek, milli we umumadamzat gymmatlyklara eýe bolmak, maglumat almak we ondan peýdalanmak, sosial aktiwlik ýaly durmuş kompetensiýalaryňyzy şekillendirersiňiz. Bu bolsa size Watanyň öňündäki borjuna we jogapkärligine aň ýetirýän kämil ynsan bolmagyňyza kömek eder. Bu işde size üstünlik arzuw edýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-§ ÖZBEGISTANDA HOWPSUZLYK WE BERKARARLYK GURŞAWYNY ŞEKILLENDIRMEK



**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Howpsuzlyk – iň möhüm mesele.
2. Howpsuzlygyň we berkararlygy üpjün etmekde milletara raýdaşlygyň ähmiýeti.



Edepsiz, terbiýesiz we betgylyk adamlar bilen çekişmäň.

***Ymam Gazzoliý***

## HOWPSUZLYK – IŇ MÖHÜM MESELE

Bu günki günde howpsuzlyk bütin dünýäde iň derwaýys mesele bolmagynda galýar. Ýyl saýyn döwletler tarapyndan goranma ulgamyna we harby ugra goýberilýän harajatlarynyň barha artmagy pikirimizi tassyklaýar. Ýöne, diňe bir häzirki zaman gural-ýaraga eýe bolmagyň özi howpsuzlygy üpjün etmeýär.

Çünki, häzirki zaman öjükdiriji güýçler açyk söweş etmän, belki tötänden ýykgynçylyk amalyýetlerini ulanmak, harbylar däl, eýsem parahat ilaty nyşana almak ýaly erbet usullardan peýdalanýarlar.



«Mälim bolşy ýaly, biziň gadymy we sahawatly topragymyzda köp asyrlaryň dowamynda dürli millet we halkyýet, medeniýet we din wekilleri parahat-asuda ýaşap gelipdir. Myhmansöýüjilik, ýagşylyk, ak göwünlilik we sözüň doly manysyndaky bagrygiňlik biziň halkymyza hemişe mahsus bolan we onuň mentalitetiniň esasyny düzýär».

***Şawkat Mirziýoýew***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Munda bolsa, milli we dini dawalary getirip çykarmak esasy maksat hasaplanýar. XX asyryň ikinji ýarymynda döwlet-hukuk, etno-çäk we etnodemografik esasda 300-den artyk uly-kiçi dawalar bolandygy-da şu pikiriň ýerliklidigini tassyklaýar.

Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýew öz saýlawdan öňki maksatnamasynda parahatçylygy üpjün etmek, milletara we dinlerara raýdaşlyk gurşawyny goldamak, din nykabyndaky ekstremizme we terrorizme garşy aýawsyz göreş meselelerini esasy prinsip hökmünde öňe sürdi.

Özbegistan diýarynda gadymdan dürli siwilizasiýa wekilleri, medeni gatlaklar, dürli-dürli ygtykat we dünýägaraýyşlar ýanaşyk ýaşap gelipdir. Bu toprak ata-babalarymyz ýaşap geçen ozaldan gelýän we mukaddes mekandyr. Bu toprak Gündogar we Günbataryň, Demirgazyk we Günortanyň, gadym geçmiş we beýik gelejegiň utgaşýan ýeri, Merkezi Aziýanyň ýüregi, adamzat aňynyň, ylmynyň we medeniýetiniň iň köne ojaklaryn-

Imanyň iň gowusy sabyr we bagrygiňlikdir.

***Hadys***

**MAGLUMAT ÜÇIN**

HEREKETLER STRATEGIÝASY 2017–2021

Saýlawdan öňki maksatnamadan ugur alyp, Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2017–2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasy işlenip taýýarlandy. Strategiýada bäşinji ugur hökmünde howpsuzlyk, milletara agzybirligi we dini bagrygiňligi üpjün etmek hem-de çuňňur oýlanylan, özara bähbitli we amaly daşary syýasat ugrundaky ileri tutulýan ugurlar kesgitlendi. Bu hem ýurdumyzda raýatlaryň howpsuzlygyna, milletara we dinlerara bagrygiňlige berilýän ünsi delillendirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Bagrygiňlik we ynsanperwerlik medeniýetini ösdürmek, milletara we raýatara raýdaşlygy we agzybirligi berkitmek, ýaş nesli şu esasda, Watana söýgi we wepalylyk ruhunda terbiýelemek Özbegistanda döwlet syýasatynyň iň möhüm ileri tutulýan ugurlardan biri edip bellendi.

*Şawkat Mirziýoýew*

dan biridir. Bu toprakda dünýäni haýran galdyran siwilizasiýanyň kökleri emele gelen, adamzat taryhynyň iň gadymky döwürlerine degişli dini we filosofik däpler şekillenipdir. Gadymky grek filosofy Geraklit bu ýurdy «filosofik aňyň bişigi», diýip ýöne ýere taryplamandyr. Biziň siwilizasiýa özboluşly bagrygiňlik pikirlenme usulyna daýanýandygyny nygtamak ýerliklidir.

Üç müň ýyllyk taryhymyz şaýatlyk etmegine görä, asyllylyga we ynsanperwerlige, milletara raýdaşlyga ymtylma halkymyzyň iň ýokary sypatlaryndan hasaplanýar. Bu babatdaky däpler nesilden-nesle geçip gelýär.

## HOWPSUZLYGY WE BERKARARLYGY ÜPJÜN ETMEKDE MILLETARA RAÝDAŞLYGYŇ ÄHMIÝETI

Özbegistan öz garaşsyzlygyny ele alandan soň, diňe bir ýurda at beren özbek halky däl, eýsem ýurdumyzda ýaşaýan dürli millete degişli ilatyň ruhy taýdan-medeni zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen milli-medeni merkezler döredildi. Olary işini goldamak hemde milletara gatnaşyklary kämilleşdirmek üçin Birinji Prezidentimiziň başlangyjy bilen 1992-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda Respublika Baýnalmilal (internasional) medeniýet merkezi döredildi.



### TARYHA NAZAR

Maglumatlara görä, mundan ýüz ýyl öň häzirki respublikamyzyň çäginde 70-e ýakyn millet wekilleri ýaşapdyr. 1926-njy ýylda respublikamyzda 90 millet we halkyýet ýaşan bolsa, 1959-njy ýylda olaryň sany 113-e, 1979-njy ýylda 123, 1989-njy ýylda bolsa 130-a ýetipdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2017-nji ýylda Respublikan milli medeni merkezi döredileniginiň 25 ýyllygy giňden bellendi. Şol ýylyň 19-njy maý güni şol merkeziň işini ýene-de ösdürmek maksadynda ol Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Permany bilen Milletara gatnaşyklar we daşary ýurtlar bilen dostluk aragatnaşyklary komiteti hökmünde gaýtadan döredildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň «Milletara gatnaşyklar we daşary ýurtlar bilen dostluk aragatnaşyklaryny ýene-de kämilleşdirmek çäreleri barada»ky Permany jemgyýetde durnuklylygy, parahatçylygy we agzybirligi üpjün etmek, raýatlaryň aňynda uly, köp milletli bir maşgala degişlilik duýgusyny berkitmek, milli medeni merkezleri we dostluk jemgyýetleri işini her taraplaýyn goldamak we ýene-de ösdürmek, daşary ýurtlar bilen medeni-aň-bilim aragatnaşyklary giňeltmäge gönükdirilen.

Şol komitetiň üstüne jemgyýetde milletara agzybirligi we bagrygiňligi üpjün etmek, parahatçylyk söýüji syýasaty, ýurduň durmuşynyň ähli ugurlarda gazanylan üstünlikleri giň wagyz etmek, halkara bileleşik, şol sanda, daşary ýurdaky ýurtdaşlarymyzyň diasporasy bilen dostlugy berkitmäge degişli döwlet syýasatyny üznüksiz amala aşyrmak wezipesi ýüklendi.

Milletara gatnaşyklar ugrundaky möhüm meselelerden biri ilatyň milli düzümine laýyk gelýän tälim-terbiýe ulgamyny döretmekden ybarat. Bu babatda Halk bilimi ministrliginiň 2017–2018-nji okuw ýyly üçin esasy görkezijiler statistikasyndaky maglumata görä, respublikamyzda 9628 mekdep iş alyp barýar. Şundan 9018 mekdepde özbek dilinde, 903-ünde rus dilinde, 365-inde garagalpak dilinde, 378-inde gazak dilinde, 245-inde täjik dilinde,



Eý ynsanlar! Hakykatdan hem, Biz sizi bir erkek (Adam) we bir aýal (How) dan ýaratdyk hem-de bir-biriňiz bilen tanyşmagyňyz üçin sizi (dürli-dürli) halklar we taýpalar (halkyýet) etdik. Elbetde, Allanyň islàni (iň ezizi) mükerremiňiz takwadarragyňyzdyr. Elbetde, Alla bilýändir we habardardyr.

***Gurhany kerim, Hujurat süresi, 13-nji aýat***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu teksti okaň ondaky «aňyýet immuniteti» adalgasyny düşündiriň.

*«Mälim bolşy ýaly, islendik keseliň öňüni almak üçin, ilki bilen, adam organizminde oňa garşy immunitet döredilýär. Biz hem perzentlerimiziň ýüreginde ata Watana, baý taryhymyza, ata-babalarymyzyň mukaddes dinine sagdyn gatnaşygy şekillendirmegimiz, ýeri gelende aýtsak, olaryň aňyýet immunitetini güýçlendirmelidiris»*



Özbegistan Respublikasy öz çäginde ýaşaýan ähli milletleriň we halkyýetleriň dilleri, urp-adatlary we däpleri hormat edilmegini üpjün edýär, olaryň ösmegi üçin şert döredýär.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 4-nji maddasyndan***

44 -ünde türkmen dilinde, 90 mekdepde gyrgyz dilinde tälim bermek ýola goýlan. Nirede milletara agzybirlik taglymynyň ähmiýetine aň ýetirilmese, jemgyýetiň durmuşynda dürli gapma-garşylyklar, problemalar emele gelýär, olar bolsa parahatçylyga we durnuklylyga howp saljakdygyny unutmak bolmaýar. Bu günki günde dünýäniň käbir sebitlerinde ýüze çykýan milli dawalar şundan habar berip dur.

Milletara agzybirlik taglymyny amala aşyrmakga böwet bolýan iň howply päsgelçilik agressiw milletçilik we şowinizmdir. Şeýle nogsan, zyýanly taglym duzagyna düşen jemgyýet tebigy ýagdaýda heläkçilige duçar





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bolýar. Muňa uzak we ýakyn taryhdan köp mysallar getirmek mümkin. Meselem, faşizm taglymy adamzadyň başyna köp külpet, apat-belalary ýagdyran we ahyrky netijede özi-de heläkçilige duçar boldy.

Ýöne henize çenli faşizm, şowinizm, jynsparazlyk taglymlaryny direldip, milletara agzybirlik, raýdaşlyk taglymyna garşy «haçly ýörüş» ýaly hereketleri guramaga dyrjaşýan güýçleriň barlygy ählimizi hüşgär bolmaga ündeýär. Maglumatlara görä, bu gün dünýä boýunça 500-e ýakyn terrorçylyk guramasy bar. Bir ýylyň dowamynda bütin Ýer ýüzünde amala aşyrylan teraktlar we olaryň netijesinde heläk bolanlaryň sany birnäçe on müňdigi terrorizmiň parahatçylygy we asudalygy hatardan çykarmaga gönükdirilen esasy howplardan biridigini görkezýär.

Netije çykaryp aýdanda, ýurdumyzda soňluk bilen hem rahat daň atdyrmak, uka gitmek, tälim almak we gelejek hakda planlary düzmegi isleýän bolsak, parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy üpjün etmek birinji nobatdaky mesele bolmagynda galyberýär. Ony amala aşyrmakda ählimiz bir jan, bir ten bolup hereket etmelidiris.

Guşlar ýaly howada uçmagy öwrendik.
Balyklar ýaly deňizlerde ýüzmegi öwrendik. Ýöne häzire çenli ýer ýüzünde aga-ini ýaly ýaşamagy öwrenmedik.

***Martin Lýuter King***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Howpsuzlygyň we berkararlygyň ähmiýetini nähili bahalaýarsyňyz?
2. Ýaşy ululardan uruş we parahatçylyk barada pikirlerini sorapdyňyzmy?
3. Howpsuzlygy üpjün etmekde milletara raýdaşlygyň ähmiýeti nämelerden ybarat?
4. Bu günki günde bütin dünýädäki berkararlyga howp salýan iň uly howp näme, diýip oýlaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-§ DUNŞYNASLYKDAKY HÄZIRKI ZAMAN TENDENSIÝALAR

## BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:

1. Dunşynaslyk ylmynyň ösüş taryhy.
2. Din sosiologiýasyny, filosofiýasyny, psihologiýasyny, fenomenologiýasyny öwrenmekdäki täze tendensiýalar.

### MAGLUMAT ÜÇIN

Dinşynaslyk — dünýäde bar dinler barada obýektiw, ylmy çemeleşmek bilen maglumat berýän ylym.

## DUNŞYNASLYK YLMYNYŇ ÖSÜŞ TARYHY

Dünýädäki ähli dinler we olar bilen bagly prosesleri adalatly öwrenýän ylym «Dunşynaslyk» diýlip atlandyrylýar. Şu ylmyň ugurlary örän köp bolup, olardan biri «Dünýä dinleriniň taryhy»dyr.

Dinleri öwrenmek uzak taryha eýe. Antik döwürlerden başlap adamlar din we onuň manysy hakda pikir ýöredipdirler.

Rim imperatory Konstantin I döwründe (IV asyr) hristian dini başga dinler bilen bir ýagdaýa eýe boldy. Soňluk bilen Ýewropada hristiançylyk dininiň Rim imperiýasy tarapyndan döwlet dini hökmünde ykrar edilmegi hem-de buthananyň ýuwaş-ýuwaşdan häki-

### TARYHA NAZAR

Gadymky Gresiýa we Rim ýazyjylarynyň eserlerinde dürli halklaryň dinleri barada maglumatlar bar. Meselem, «taryhyň atasy» adyny alan Gerodot (mil. öň. V asyr) hem özi öwrenen halklaryň taryhy barada maglumat bermek bilen, olaryň dinleri barada hem durup geçipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Gomeriň we Gesiodyň eserlerinden hudaýlar we gahrymanlar baradaky maglumatlary ýada salyň.

Şu eserler arkaly haýsy döwre degişli dinler barada maglumat almak mümkin?

miýeti ele almagy netijesinde, ylym-bilim hem hristiançylygyň täsirine düşdi. Bu döwürde, dinler babatdaky barlaglar diňe ylahyýet görnüşinde bolup, hristiançylyk, hususan-da katolikçiligiň başgalardan ileri tutulmagyny subut etmäge gönükdirilipdi.

VII-VIII asyrlarda şol döwürde bar dinler barada kiçi kitapçalar peýda bolupdyr. VIII – IX asyrlardan bolsa dinleriň taryhyna we taglymatyna degişli irki kitaplar döredilipdir.

XIX asyra gelip Ýewropa sebitinde buthananyň täsiri kemelýär. Netijede, başga ylymlar ýaly dinşynaslyk hem buthananyň täsirinden çykyp başlady. Şol döwürde Maks Mýulleriň «Deňeşdirme mifologiýa», «Dinleriň esasy we şekillenmegine degişli çykyşlar» atly eserleri neşirden çykýar.



*Imperator Konstantiniň çokundyrylmagy, Rafael*

## MAGLUMAT ÜÇIN

Beýik babamyz Abu Reýhan Biruny hakyky manyda musulman gündogaryndaky dunşynaslyk ylmynyň atasy adyna mynasypdyr.

Onuň «Gadymky halklardan galan ýadygärlikler», «Hindistan» ýaly eserlerinde dürli dinler barada jikme-jik maglumat beripdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ylym mal-dünýäden görä ýagşyrakdyr. Çünki, ylmyň seni goraýar, mal-dünýäni bolsa sen goramaly bolýarsyň. Mal-dünýä sarp edilse kemelýär, ylym bolsa özgelere öwretmek bilen ýene-de artyk boluberýär.

***Ali ibn Abu Talyp***

Soňluk bilen Mýuller meşhur Oksford uniwersitetinde dinleriň taryhyndan leksiýalar okapdyr we birinji bolup «dunşynaslyk» adalgasyny ulanyşa girizipdir. Şeýlelikde, dunşynaslyk Pariž, Brýussel we Rim uniwersitetlerinde ylym hökmünde okadylyp başlapdyr. Öňki Sowet soýuzy döwründe dunşynaslyk ylmy, esasan, dinleri tankyt etmek we «könäniň galyndysy» ekenligini subut etmek üçin öwrenildi. Netijede, onuň atlandyrylyşy-da «Ylmy ateizm» diýip üýtgedildi. Ýyllaryň dowamynda, uniwersitetlerde «Ylmy ateizm» kafedralary döredilip, talyplara «din halk üçin tiryekdir», diýen taglym siňdirildi.

Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygyny gazanansoň dunşynaslyk ugry hem ateistik aňyýetiň täsirinden çykaryldy.

Ösüp gelýän nesilde dinler barada dogry we obýektiw pikirleri şekillendirmek, olary dinlerara bagrygiňlik ruhunda terbiýelemek maksadynda, 90-njy ýyllaryň ortalaryndan umumtälim mekdepleriň 9-njy synp okuw maksatnamasyna «Dünýä dinleriniň taryhy» predmeti girizildi.

2017-nji ýylda kabul edilen täze tertibe görä «Dünýä dinleriniň taryhy» esasy ylym hökmünde ykrar edildi. 1999-njy ýylda Daşkent yslam uniwersitetiniň döredilmegi şu ugruň ösmegine uly goşant boldy.

## TARYHA NAZAR

Yslam älemide deňeşdirme dunşynaslyk ugrunda-da saldamly işler edilen. Olardan Abu Reýhan Birunynyň «Gadymky halklardan galan ýadygärlikler», Ibn an-Nadimiň «Görkeziji», Muhammet ibn al-Huzaýlyň «Majusylyk we köphudaýlyk kitaby», Abul-Abbos Ahmet ibn Muhammet as-Sarahsiýnyň «Sobiiýleriň mezhebleri wesfi barada risola», Abu Zaýd al-Balhiýniň «Dinleriň şerigatlarynyň kitaby» eserlerini sanap geçmek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Uniwersitet öz ýönelişleri boýunça bakalawr we magistr hünärmenler taýýarlap başlady.

2018-nji ýylyň 16-njy aprelinde ýurdumyzyň Prezidentiniň Permanyna görä, Özbegistan Yslam akademiýasy we Daşkent yslam uniwersitetleri esasynda Özbegistan halkara yslam akademiýasy döredildi.

## DIN SOSIOLOGIÝASYNY FILOSOFIÝASYNY, PSIHOLOGIÝASYNY, FENOMENOLOGIÝASYNY ÖWRENMEKDE TÄZE TENDENSIÝALAR

Dunşynaslyk taryh, filosofiýa, psihologiýa, sosiologiýa ýaly jemgyýetçilik ylymlary bilen berk baglydyr. Bu baglylyk netijesinde, dunşynaslyk düzüminde birnäçe ugurlar emele gelipdir.

***Din sosiologiýasy.*** Din – jemgyýetçilik gatnaşyklary, bu gatnaşyklardan gelip çykýan netijeleri öwrenýän dunşynaslyk ugry. Bu ylmyň ugry diniň döwlet, halk, maşgala görä gatnaşygyny, din ugrunda emele gelýän jemgyýetçilik waka–hadysalary, dürli dini toparlaryň jemgyýet bilen özara gatnaşyklaryny öwrenýär. Din sosiologiýasy, bir tarapdan jemgyýete, başga tarapdan dini ylymlara daýanýar.

### MAGLUMAT ÜÇIN

**Diniň taryhy** – dinleri taryhy nukdaý nazardan öwrenýän dunşynaslyk ugry. Onda esasan dinleriň döremeginiň taryhy şertleri, esaslandyryjylary, irki obşina-lar, ösüş basgançaklary we häzirki ýagdaýyna üns berilýär.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

Aşakdaky resminamany okaň we şu düzgün milli kanunçylykda nähili şöhlelenendigini anyklaň?

*«Her bir adam pikirlenme, wyždan we din azatlygy hukugyna eýedir; bu hukuk öz dini ýa-da pikirini üýtgetmek, öz dini ýa-da pikiri boýunça ýekebara ýa-da başgalar bilen bilelikde tälim almak, tagat-ybadat, dini we däp-dessurlary berjaý etmekde aç-açan ýa-da hususy ýagdaýda ygtykat etmek azatlygyny öz içine alýar».*

***Adam hukuklarynyň ählumumy Deklarasiýasy 18-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eger-de, danalarça jogap bermeklerini isleseňiz – danalarça sorag ber.

*Gýote*

Şonuň bilen birlikde, din sosiologiýasy adamlaryň dini ygtykatlaryny, dini guramalaryň işini, jemgyýet agzalaryndaky dini pikirlenmäni öwrenýär.

Sosiologiýa din hadysasyny öwrenmekde dini jemgyýetçilik durmuşynda ýerine ýetirýän funksiýalaryna hökman ýüzlenmeli bolýar. Öňki synplarda hem bular bilen bölekleýin tanşypdyňyz.

***Din psihologiýasy*** – adamyň dini durmuşyň psihologik taraplaryny öwrenýän dunşynaslyk ugry.

Din psihologiýasy şahsyň dini tejribelerini we bu tejribäniň dürli görnüşlerini beýan etmäge hereket edýär. Adamyň dini duýgy, düşünje we ýaşaýyş täri din psihologiýasynyň esasy temasydyr.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Aşakdaky suratlara garap, diniň jemgyýetçilik durmuşynda ýerine ýetirýän funksiýalaryny düşündirjek boluň.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Sosiologiýa adalgasy latynça «societas» — jemgyýet we grekçe «logos» — taglymat sözleriniň birikmeginden alnan bolup, ol gönüden-göni jemgyýet baradaky ylym manysyny aňladýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu teksti okaň. Tekstde dunşynaslygyň haýsy ugruna degişlidigini derňäň.

*«...patyşa Doro ibn Doro hazynasynda «Abisto» («Awesto»)nyň on iki müň garamal derisine tylla çaýylyp ýazylan bir nusgasy bardy. Isgender Makduniý otparazlary weýran edip, olara gulluk edýänleri öldüren wagtynda ony ýakyp goýberipdi. Şonuň üçin şol wagtdan bäri «Abisto»nyň bäşden üç bölegi (ýagny, on sekiz nasky) ýitip gidýär. «Abisto» otuz naskdy, otparazlaryň elinde on iki nask çemesi (bölek) galdy.»*

***Abu Reýhan Biruny***

***Din filosofiýasy*** – diniň mazmuny, adamyň dini hakykatlar bilen baglylygyny öwrenýän ugur. Ol Hudaýyň barlygy, sypatlary, ýaradyjy we barlyk gatnaşyklary, döretmek, älemiň ýaradylmagyndaky maksat, gaýtadan direlmek, pygamberlik we buýruk ýaly giň möçberdäki meseleleri öz içine alýar.

***Din fenomenologiýasy*** — diniň göze görünýän, daşarda şöhlelenýän taraplaryny öwrenýän ylym ugry.

Din fenomenologiýasy dini duýgy we onuň görnüşleri bütin dünýäde bir-birine örän meňzeýändigine yşarat edýär. Dürli dinleriň ybadat we däp-dessurlaryny,

## MAGLUMAT ÜÇIN

Dini nyşan (belgi)larda gizlenen manylary açmak we kinaýaly sözleriň mukaddes mazmunyny açyp görkezmek ýaly işler hem din fenomenologiýasynyň wezipelerine girýär.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Fenomen «ýüze çykýan», «göze görünýän» zat bolup, fenomenologiýa göze görünýän zadyň sistematik şekilde öwrenilişidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Öňki sütemkär gurluş döwründe ýurdumyzda 80-e ýakyn metjit iş alyp baran bolsa, 2018-nji ýyla gelip olaryň sany 2 müňden geçdi.

mukaddes ýer, zaman, zat we şahsyýetlerini öwrenip, umumy taraplaryny tapmaga hereket edýär.

***Din taryhy*** — dinleriň döreýiş we ösüş basgançaklaryny öwrenýän ugur. Ol birnäçe ylymlara daýanýar we olar bilen aýrylmaz baglydyr. Meselem, taryh ylmy geçmişdäki waka-hadysalary öwrenmek bilen birlikde, geçmiş we häzirki dinleriň taryhy şekilleniş tarapyndan "Dinleriň taryhy"na ýakyndan kömekçi bolýar.

Dini tekstleriň öwrenilişinde filologiýa ylmy aýratyn ähmiýete eýe. Mundan daşary taryhy öwrenmäge kömekçi ylymlar – mifologiýa (rowaýat we mifler), etnologiýa, arheologiýa, sungat taryhy, folklor we şoňa meňzeş birnäçe ylymlar hem dinleriň taryhy bilen gönüden-göni bagly.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Din sosiologiýasynyň, filosofiýasynyň, psihologiýasynyň, fenomenologiýasynyň arasynda nähili baglanyşyklar bar?
2. Berlen jedweli mysallar bilen dolduryň.

| Din sosiologiýasy | Din filosofiýasy | Din psihologiýasy | Din fenomenologiýasy |
|---|---|---|---|
| | | | |

3.Diniň taryhyny öwrenmekde nähili ylymlar kömekçi hasaplanýar we näme üçin?
4. *www.lex.uz* dan Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 16-njy aprelindäki «Dini-aň-bilim ugrunyň işini düýpli kämilleşdirmek çäreleri barada»ky Permanyny tapyp okaň we mazmunyny düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

| Ýyl lar | Özbegistandan haj saparyna baranlar sany | Özbegistandan umra saparyna baranlar sany |
|---|---|---|
| 1991 | 350 | 0 |
| 1992 | 500 | 370 |
| 1993 | 1500 | 1126 |
| 1994 | 3000 | 2000 |
| 1995 | 3000 | 1943 |
| 1996 | 3675 | 2164 |
| 1997 | 3675 | 3670 |
| 1998 | 3850 | 2822 |
| 1999 | 3870 | 2136 |
| 2000 | 3841 | 1378 |
| 2001 | 3800 | 1197 |
| 2002 | 3800 | 1124 |
| 2003 | 3800 | 1228 |
| 2004 | 4180 | 1148 |

| Ýyllar | Özbegistandan haj saparyna baranlar sany | Özbegistandan umra saparyna baranlar sany |
|---|---|---|
| 2005 | 4500 | 2000 |
| 2006 | 5078 | 2354 |
| 2007 | 5088 | 4075 |
| 2008 | 5080 | 4325 |
| 2009 | 5080 | 4358 |
| 2010 | 5080 | 6162 |
| 2011 | 5080 | 6120 |
| 2012 | 5080 | 6120 |
| 2013 | 5200 | 5775 |
| 2014 | 5200 | 6567 |
| 2015 | 5200 | 6166 |
| 2016 | 5200 | 6172 |
| 2017 | 7350 | 6172 |



(Eý ynsan!) Eger olaryň biri ýa-da her ikisi huzuryňda garrylyk ýaşyna ýetseler, olara «uf!...» diýme we olary ýigrenme! Olara (hemişe) ýakymly söz aýt!

***Gurhany kerim,***
***Isro süresi, 23-nji aýat***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-§ DÖWLET WE DIN GATNAŞYKLARY

## BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:

1. Häzirki döwürde döwlet we din gatnaşyklary.
2. Döwlet we din gatnaşyklarynyň hukuk esaslary.
3. Özbegistanda döwlet we din gatnaşyklary.

## HÄZIRKI DÖWÜRDE DÖWLET WE DIN GATNAŞYKLARY

Döwlet we din gatnaşyklarynyň kökleri örän gadym döwürlere baryp direlýär. Şol bir wagtda, şu gatnaşyklar dürli taryhy döwürlerde dürlüçe mazmuna eýedir. Orta asyrlarda din jemgyýetiň ähli ugurlarynda, şol sanda, döwlet durmuşynda doly hökümdarlyk eden döwürler hem bolupdyr. Käbir döwletlerde din bütinleý inkär edilipdir, ýagny ateizm üstünlik gazanypdyr.

XXI asyryň başlarynda döwlet we diniň özara gatnaşyklary boýunça döwletleri aşakdaky toparlara bölmek mümkin:

- dine döwlet dini derejesi berlen döwletler;
- buthananyň täsiri çägindäki döwletler;
- dünýewi ýa-da dini gatnaşyklarda bitaraplyk ýoluny tutýan döwletler;
- resmi dine eýe bolmadyk döwletler;
- din döwletden bölünen döwletler;
- katolik buthanasy bilen ylalaşyga eýe döwletler;
- hukuk ykrar edilen dini toparlary goraýan döwletler;
- dini-obşina ulgamly döwletler

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Her bir döwlet özüniň dine bolan gatnaşygyny belli normatiw-hukuk namalary we kanunlar arkaly tertibe salýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döwletleri şeýle toparlara bölmek otnositeldir. Şeýle bolsa-da, ol döwlet bilen diniň arasyndaky gatnaşyklarynyň esasy aýratynlyklaryny açyp berýär. Şunuň bilen birlikde, bir döwlet öz alamatlary boýunça birnäçe toparlara hem girmegi mümkin.

## DÖWLET WE DIN GATNAŞYKLARYNYŇ HUKUK ESASLARY

Häzirki döwürde dünýädäki ençeme döwletlerde diniň döwletden aýrylandygyny ýa-da döwletiň dini gurama görä bitaraplygyny Konstitusiýa ýa-da kanun derejesinde kesgitlenen.

Ýuridik taýdan ykrar edilenligine ýa-da edilmedigine seretmezden, ähli döwletler din we ygtykat azatlygyna hormat bilen garaýandyklaryny yglan eden.

Häzirki döwürde döwlet bilen diniň arasyndaky gatnaşyklar ençeme aýratynlyklary bilen tapawutlanýandygyny nygtamak gerek. «Sowuk uruş» döwri gutarandan soň dine garşy hüjüm hem-de dini işiň üstünden gözegçilik etmek syýasaty ýeňilleşdi. Bu, bir tarapdan dini azatlygyň üpjün edilmegine hyzmat eden bolsa, ikinji tarapdan, dini sektalaryň köpelmegine, täzeleriniň peýda bolmagyna getirdi. Şu proses sektalaryň ýa-da

### MAGLUMAT ÜÇIN

«Bagrygiňlik» sözi ähli diýen ýaly dillerde birmeňzeş ýa-da bir-biriniň üstüni ýetirýän mazmuna eýe. Şu düşünje sabyrlylyk, özgeçe garaýyşlara we hereketlere hormat bilen gatnaşykda bolmak ýaly manylara eýe.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

XXI asyryň başlarynda döwlet bilen diniň özara gatnaşyklary boýunça dünýäniň döwletlerini toparlara bölüň.

Meselem: dine döwlet dini derejesi berlen döwletler — Katar, Pakistan, Kosta-Rika we b.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

täze dini akymlaryň işini tertibe salmaga gönükdirilen kanun namalaryny kämilleşdirmegi talap edýär.

## ÖZBEGISTANDA DÖWLET WE DIN GATNAŞYKLARY



«Dini guramalar we birleşmeler döwletden bölünen hem-de kanun öňünde deňdirler. Döwlet dini birleşmeleriň işine gatyşmaýar»

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 61-nji madda***

Özbegistanda öz mazmunyna, manysyna we hukuk esaslaryna görä din döwletden bölünen hem-de wyždan azatlygy, konfessional bagrygiňlik prinsipi berkidilen. Ýurdumyzyň Konstitusiýasynda dini guramalar we birleşmeler döwletden bölünendigi hem-de kanunyň öňünde deňligi bellenýär. Şunuň bilen birlikde döwletiň dini birleşmeleriň işine gatyşmaly däldigi kesgitlenendir.

Şu mesele «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyň mazmunyny düzýär. Bu bolsa ýurdumyzda döwletiň dini işlere, diniň bolsa döwlet işlerine (kanun namalarynda görkezilen ýagdaýlar muňa degişli däl, elbetde) gatyşmazlygyny aňladýar. Şunuň bilen birlikde Esasy kanunymyzda döwlet öz çäginde ýaşaýan ähli milletleriň we halkyýetleriň dilleri, urp-adatlary we däpleri hormat edilmegini üpjün edýär, olaryň ösmegi üçin şert döredýändigi nygtalýar.

Dini guramalar haýsy konfessiýa degişlidigine seretmezden, birmeňzeş hukuk meýdanynda iş alyp barýar-



### TARYHA NAZAR

1995-nji ýylyň oktýabr aýynda Daşkent şäherinde «Bir asmanyň astynda» şygarlary astynda halkara musulman-hristian konferensiýasy geçirilmegi, 1996-njy ýylyň noýabrynda Rus prawoslaw buthanasy Daşkent we Merkezi Aziýa ýeparhiýasynyň 125 ýyllygy dabaralary geçirildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lar. Dini birleşmeleriň işini guramak olaryň içki işi hasaplanýar we döwlet gözegçiliginden daşdadyr.

Dini guramalar döwletden bölünen bolsa-da, din jemgyýetden bölünenmedik. Çünki, islendik dine uýýan raýatlar hem jemgyýetiň düzüm bölegi we şu sebäpli din raýat jemgyýetinde öz ýagdaýyna eýe bolýar.

Özbegistan Respublikasy demokratik prinsiplere wepalydygynyň aňlatmasy hökmünde, döwletiň din we dini guramalar bilen özara gatnaşygynda aşakdaky prinsiplere amal edýändigini yglan etdi:

- dindarlaryň dini duýgularyny hormat etmek;
- dini ygtykatlary raýatlaryň ýa-da olar bileleşikleriniň hususy işi diýip ykrar etmek;
- dini garaýyşlara amal edýän raýatlaryň hem, olara amal etmeýän raýatlaryň hem hukuklaryny deň

Buthanany we sinagogalary weýran etmek gadagan. Bu meselede ylymlylaryň arasynda agzalalyk ýok.

***Abu Mansur Moturidiniň «Ta'wiloti ahlis-sunna» kitaby, Gurhanyň, Haj süresiniň 40-njy aýatynyň düşündirişi.***

## DÖREDIJILIKLI IŞ







Berlen suratlar we aşakdaky tekst esasynda ýurdumyzdaky din we döwlet gatnaşyklaryna kesgitleme beriň.

*Bu günki sessiýa gatnaşyjylaryga BMT Bosh Assambleýasining «Ma'rifat we dini bagrygiňlik» deb nomlangan ýörite rezolýusiýasyny kabul etmek teklibi bilen ýüzlenmekçi.*

*Bu resminamanyň esasy maksady – hemmäniň tälim almak hukugyny üpjün etmäge, sowatsyzlygy we tümlügi ýok etmäge kömekleşmekden ybarat.*

***Şawkat Mirziýoýew,***
***BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşyndan.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Biz mukaddes dinimizi ozaldan gelýän gymmatlyklarymyz jebisliginiň aňlatmasy hökmünde biçak gadyrlaýarys. Biz mukaddes dinimizi sütemkärlik we gan dökmek bilen bir hatara goýýanlary berk ýazgarýarys we olar bilen hiç haçan ylalaşyp bilmeris.

***Şawkat Mirziýoýew***

kepillendirmek hem-de olary yzarlamaga ýol bermezlik;

- ruhy taýdan galkynyş, umumadamzat ahlak gymmatlyklaryny ornaşdyrmak işinde dürli dini bileleşikleriň mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin olar bilen gatnaşyk etmek ýollaryny gözlemek zerurlygy;
- dinden öjükdirijilik maksatlarynda peýdalanmaga ýol berip bolmaýandygyny ykrar etmek.

Respublikamyzyň çäginde döwlet we din gatnaşyklaryny tertibe salmak, dini guramalaryň işini laýyklaşdyrmak bilen Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Din işleri boýunça komitet meşgullanýar. Komitet öz işini 1992-nji ýylda başlady. Geçen döwrüň dowamynda täze şertleriň ýüze çykmagy, döwletimiziň ösüşiniň täze basgançagyna geçmegi mynasybetli Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 16-njy aprelindäki Permanyna görä komitetiň işi özgerdildi. Şol sanda, işgärler sany köpelip, olaryň aýlyk gazançlary artdyryldy. Şunuň bilen birlikde komitetiň ýanynda din ugrunda ýüze çykmagy mümkin bolan problemalary öwrenmek boýunça merkez döredildi.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Döwlet we din gatnaşyklarynyň nähili modellerini bilýärsiňiz?
2. Özbegistan Respublikasy şu modelleriň haýsy birini ulanan?
3. Ýurdumyzyň Konstitusiýasynyň 61-nji maddasynda döwlet we din gatnaşyklaryna degişli nähili pikir berkidilip goýlan?
4. Özbegistan Respublikasy döwletiň din we dini guramalar bilen özara gatnaşygynda nähili prinsiplere amal edýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 4-§ DIN WE JEMGYÝETÇILIK DURMUŞY



**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Diniň jemgyýetdäki orny.
2. Jemgyýetçilik gatnaşyklary we din. Diniň jemgyýetdäki sosial funksiýalary.

## DINIŇ JEMGYÝETDÄKI ORNY

Adamzat taryhyndan gowy bilşimiz ýaly, dünýäniň hiç bir sebiti, halky mälim bir din we ygtykatlar ulgamysyz öz şahsy we jemgyýetçilik durmuşyny göz öňüne getirip bilen däldir. Taryhy döwrüň ähli basgançaklarynda jemgyýetiň esasy bogunlary öz işlerini ýöretmek üçin ol ýa-da bu dini ygtykat ugurlaryna daýanypdyrlar. Şu ýagdaý ähli halklara we milletlere mahsusdyr.

Jemgyýetçilik durmuşynyň şekliniň we mazmunynyň özgermegi jemgyýet agzalarynyň dine bolan gatnaşyklarynyň hem barha üýtgemegine öz täsirini ýetirdi.

Din we onuň sütünleri, ilki bilen, durmuş taýdan kömege mätäç adamlary goramaga hyzmat edipdir. Şonuň üçin hem jemgyýetiň gurply gatlagy ony derrew kabul etmediklerini taryhdan bilýäris.

Soňluk bilen bolsa käbir hökümdar toparlar dinden öz sosial-ykdysady we syýasy ýagdaýlaryny berkitmek maksatlarynda peýdalanmaga çalyşdylar. Munda, adamkärçiliksiz hereketleri amala aşyrmakdan hem çekinmediler. Şol sanda, Günbatarda uly ylmy açyşla-



Eger demir ulanylmasa, poslaýar. Eger suw hereketlenip durmasa, bozulýar. Eger adam pikirlenmese, akylda-da şeýle ýagdaý ýüze çykýar.

***Leonardo Da Winçi***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Haýsy biriňizde gahar-gazap dörejek bolsa, derrew ol dymyp oturmaga geçsin!

***

Kimki başga dine dil ýetirse, kyýamat güni otly gamçy bilen urulýar.

***Hadys***

ry amala aşyrýan alymlar buthana hökümdarlygyna howp döretmegi mümkin, diýen netijä gelindi. Olar jadygöýlükde aýplandylar hem-de köpçülikleýin täsire duçar boldular.

Günbatardaky şu jemgyýetçilik ýagdaýy Orta asyrlar Mawerannahry, aýratynam temuriler döwri bilen deňeşdirsek, şeýle ýagdaýy göreris, ýagny yslam diniň ulamalary bu döwürde ýaşap, döredijilik eden beýik alymlarymyzyň işini diniň sütünlerine ters diýip, garalamandyrlar.

Öňki totalitar gurluş döwründe milli-medeni mirasymyz ylym-bilimiň zyýankeşi edip görkezmäge çynlakaý girişildi. Meselem, geçen asyryň 70-nji ýyllarynda surata alnan filmde Mürze Ulugbegiň ölüminde Hoja Ahror Weliý günäkär edip görkezilen. Göýä, Hoja Ahror Weliý şazada Abdulatifi «ataň hudaýa dil ýetirýän işleri alyp barýar we munuň bilen müňkürlik edýär», diýip «kapyry öldürmek sebäpli bolsa yslamda uly ejr-sogap



*Galileo Galileý inkwizisiýa sudunyň öňünde*



*Buthana tarapyndan J. Brunonyň kitaplarynyň ýakylmagy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gazanylýar» diýen fetwany beren ýaly epizodlar bar. Taryhy hakykata görä Hoja Ahror Weliý Ulugbek öldürilende umuman Samarkantda bolmandyr. Tersine, ol adam temurizadalaryň arasyndaky täji-tagt üçin bolýan uruşlarynyň öňüni almaga çynlakaý hereket edipdi.

XX asyrda öňki Soýuzyň çäginde başga dinler ýaly yslam dinine degişli bilimleriň hem pese gaçmagy nadanlygyň güýçlenmegine sebäp boldy. Ateizm taglymyny ileri tutmaga hereket edildi. Netijede, yslam dini taglymatyna ýat bolan elementler jemgyýetçilik durmuşyna girip gelip başlady. Ýöne, yslam dini taglymatynda halypa-şägirt däbi şekillenen bolup, dini bilimler halypadan-şägirdlere geçip gelipdir. Şu ýol

On esse baýap gitseň-de, durmuş täriňi üýtgetme.
***Lew Tolstoý***

Dünýädäki zulumkär we hüjümkär güýçler haýsy bir halky ýa-da ýurdy özüne tabyn edip, boýun egdirmekçi, onuň baýlyklaryny eýelemekçi bolsa, ilki bilen, ony ýaragsyzlandyrmaga, ýagny iň beýik baýlygy bolan milli gymmatlyklaryndan, taryhyndan we ruhyýetinden jyda etmäge çalyşýarlar.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bilen dini gymmatlyklar bu günki güne çenli saklanyp galdy.

Ýokardaky taryhy maglumatlara görä, din we jemgyýet özara aýrylmaz baglydyr. Dini dogry düşündirmek parahatçylygy saklamak, bagrygiňlik gurşawyny döretmäge, ylym-bilimiň ösmegine hyzmat edýär. Ondan betnebis maksatlarda peýdalanmak bolsa jemgyýetçilik durmuşynyň hatardan çykmagyna, jemgyýetde bipahatlygyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

## JEMGYÝETÇILIK GATNAŞYKLARY WE DIN. DINIŇ JEMGYÝETDÄKI SOSIAL FUNKSIÝALARY

Diniň «funksiýa» we «rol» düşünjesini tapawutlandyrmaly, olar bir-biri bilen bagly, ýöne meňzeş däl.

Funksiýa – bu diniň jemgyýetdäki hereket usuly. Rol – bu funksiýany ýerine ýetirmek netijeleriniň jemi ýygyndysydyr. Diniň birnäçe funksiýalary bar.

***Dünýägaraýyş funksiýasy.*** Ähli döwürlerde din durmuşyň mazmuny, adamyň durmuş kynçylyklary, ýagty dünýäni terk etmek mazmuny baradaky soraglara jogap berýär. Şu jogaplar adamlara ýaşamakdan maksadyň nämedigini aňmak duýgusyny berýär.

Hudaýa ynanýan adamlar özlerini tagdyryň zarbalary astynda zordan gün geçirýän ejiz jandar hökmünde däl, eýsem



Konstitutsion düzümi zorluk bilen üýtgetmegi maksad edinýän, respublikanyň suwerenitetine, bitewiligine we howpsuzlygyna, raýatlarning konstitutsion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykýan, urşy, sosial, milli, jynsy we dini duşmançylygy wagyz edýän, halkyň saglygyna we ruhyýetine hüjüm edýän, şonuň ýaly-da harbylaşdyrylan birleşmeleriň, milli we dini ruhdaky syýasy partiýalaryň hem-de jemgyýetçilik birleşmeleriniň düzülmegi we işi gadagan edilýär.

Gizlin jemgyýetleri we bileleşikleri düzmek gadagan.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 57-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

durmuşynyň bitewi ylahy mazmunyň bir bölegi hökmünde göz öňüne getirýärler.

***Teselli berijilik funksiýasy.*** Durmuşyň mazmuny baradaky soraglara din tarapyndan berilýän jogaplar bu älemde başdan geçirýän azaplar adam üçin ýöne ýerden dälligini nygtap, ygtykat edýänlere ruhy asudalyk berýär. Aladaly hadysalar (kesel, ölüm we başgalar) bilen baglanyşykly bolan dini dessurlar şeýle agyr günlerde adamlarda ruhy deňagramlylygy saklamaga kömek edýär. Adam başgalaryň özüne görä duýgudaşlygyny duýýar we anyk ýola goýlan däp-dessurlardan ruhy asudalyk tapýar.

***Öz sosial degişliligini kesgitlemek funksiýasy.*** Dini taglymatlar oňa uýýanlary birmeňzeş gymmatlyklar we umumy maksatlaryň töweregine birleşdirýär (biz, musulmandyrys, biz, hristiandyrys, biz musaýydyrys we ş.m.) Meselem, ýapon halkynyň ygtykadyna görä her bir ýapon sintoilik dininde dogulýar. Musaýy dininde bolmak üçin hem musaýy milletine degişli bolmaly. Musulmanlarda bolsa degişlilik iman şertlerini ýerine ýetirmek bilen kesgitlenýär.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Diniň jemgyýete täsirini öwrenýän ylym «din sosiologiýasy» diýlip atlandyrylýar. Fransuz alymy Ogýust Kont şu jümläni ilkinji gezek ylmy ulanyşa girizen.



Мусулмонлар идораси Ақтўбе фожиаси қурбонлари оилаларига ҳамдарлик билдирди

12:15 / 19.01.2018 8801

Ўзбекистон

Ўзбекистон Мусулмонлари идораси раҳбарияти 18 январь куни Қозоғистоннинг Ақтўбе вилоятида содир бўлган фожиа оқибатида ҳалок бўлган ўзбекистонликларнинг оила аъзолари, яқинлари ва қариндошларига ҳамдардлиги ва таъзиясини билдирди.

الحمد لله الذي قدر آجال العباد، وكتب أعمارهم قبل موالدهم. وقال

وَلِكُلِّ أُمَّةٍ أَجَلٌ فَإِذَا جَاءَ أَجَلُهُمْ لَا يَسْتَأْخِرُونَ سَاعَةً وَلَا يَسْتَقْدِمُونَ

والصلاة والسلام على سيد الأنبياء وإمام الحنفاء محمد بن عبدالله وآله وأصحابه النجباء .

Муҳтарам жамоат!
2018 йил 18 январь куни Қозоғистоннинг Ақтўбе вилоятида рўй берган фожиадан Ўзбекистон Мусулмонлари идораси катта қайғуда. Кўплаб юртдошларимиз ўлимига олиб келган ушбу воқеа муносабати билан ҳалок бўлганларнинг оила аъзолари ва яқинларига Ўзбекистон Мусулмонлари идораси Уламолар Кенгаши номидан чуқур ҳамдардлик билдирамиз.

Ўзбекистон Мусулмонлари идораси, уламолар ва имом-домлалар томонидан ҳалок бўлганларнинг оила аъзоларига ҳамдардлик билдириш, масжид-мадрасаларимизда хатми Қуръонлар ўқиб, руҳи покларига бахшида қилиш ва яқинларига тасалли бериш каби савобли ишлар бошланди.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Sosial kadalaşdyryjy funksiýasy***. Ähli dinlerde oňa uýýanlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklary dini kadalar bilen tertibe salynýar. Meselem, ata-enelere, perzentlere, goňşulara, garyndaş-uruglara we hatda başga dine ygtykat edýän raýatlara görä bolýan gatnaşyklary hem kadalaşdyrylýar.

***Sosial gözegçilik funksiýasy.*** Din gündelik durmuş üçin normalary kesgitlemek bilen çäklenmezden adamlaryň özüni alyp baryşlaryna-da gözegçilik edýär. Dini toparyň aglaba buthanalary diňe onuň agzalaryna degişlidir. Ýöne, käbir normalar dini obşina degişli bolmadyk adamlara hem degişli hasaplanmagy mümkin. Meselem, neşekeşlik maddasyny ulanmak, başga dine ygtykat edýänlere sütemkärlik etmek, özüne degişli bolmadyk emläge eýelik etmäge ymtylmak we başga erbet hadysalara garşy durmak umumy çäklendirmä we gözegçilige baglydyr.

***Uýgunlaşma funksiýasy.*** Din adamlary täze jemgyýetçilik gurşawyna uýgunlaşmaga kömek edýär.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Şerigaty beden diýip oýla, tarykaty kalp, diýip aňla, hakykaty bolsa, jan diýip hasaplagyn.*

***Ymam Moturidiý***

*Durmuş ýüpüniň ujy Hudaýyň elinde eken, näme üçin bu durmuşy oňa ynanmaly däl.*

***Mahatma Gandi***

*Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, halyk biler.*

***Halk nakyly***

*Her bir işde haýyr bar.*

***Halk pähimi***

Şu pähimler diniň haýsy funksiýalaryny amala aşyrýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Käbir sebäplere görä, başga ýurtlara göçüp giden adamlar üçin bu ýerlerde nätanyş urp-adatlara öwrenişmek aňsat geçmeýär. Şeýle şertlerde olar özleri uýýan diniň däp-dessurlaryny we ygtykat normalaryny saklap galmak arkaly medeni we milli gymmatlyklary indiki nesle geçürýärler.

Elbetde, din ýokarda görkezip geçilen möhüm sosial funksiýalary ýerine ýetirmek bilen, jemgyýet agzalarynyň dünýägaraýşyna duýarly täsir edýär.

Ýurdumyzdaky yslam dinindäki aramlylyk prinsipi adamlaryň şahsy we jemgyýetçilik durmuşlaryndaky bar bolan meselelere bagrygiňlik, sahawat, sogap, hümmet ýaly ahlak gymmatlyklar esasynda akylly-başly çemeleşmäge ündeýär. Şu nukdaý nazardan, yslam dinindäki bu prinsip Özbegistanyň bu günki gündäki çaltlyk bilen geçýän jemgyýetçilik ösüşi üçin ruhy taýdan faktorlardan biri bolup hyzmat edýär.

Dogry we hak ýoldan ýörän adamyň ýöreýşi arslanyň ýöreýşinden-de mahabatlyrakdyr.

***Mahmyt az-Zamahşary***

**BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR**

1. Dinden betnebis maksatlarda peýdalanmak nähili sosial meselelere getirýär?
2. Dini we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny öwrenýän ylym ugry nähili atlandyrylýar?
3. Din sosiologiýasynyň esasy maksady nämede?
4. Diniň jemgyýetçilik durmuşyndaky nähili funksiýalaryny bilýärsiňiz?
5. Diniň jemgyýetdäki «funksiýa» we «rol» düşünjesi nämelerde aňladylýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 5-6-§ MERKEZI AZIÝA DINLERI

## BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:

1. Merkezi Aziýada ýaýran dinleriň häzirki ýagdaýy.
2. Zarduştylyk obşinalarynyň häzirki durmuş täri.
3. Taňryçylykdaky «Oýanyş» hereketi we zyýanly netijeleri.

Beýik ýüpek ýoly diňe bir çäkleriň arasynda söwda-satyk aragatnaşyklaryny däl, eýsem döwletleriň we kontinentleriň informasiýa çalyşygyny üpjün etmäge hyzmat edipdir.

***Şawkat Mirziýoýew***

Merkezi Aziýa sebitiniň gadymda Beýik ýüpek ýolunda ýerleşenligi bu ýerde köp milletli we konfessiýaly döwletiň şekillenmegine sebäp boldy. Beýik ýüpek ýoly Şaş, Samarkant, Buhara, Hywa ýaly gadymy şäherler arkaly geçipdir. Bu şäherlerde iri kerwensaraýlar, söwda hatarlarynyň we bazarlaryň ösüşi bilen birlikde dürli medeniýet, dil we din wekilleri hem jemlendi. Olar öz urp-adatlaryny we däplerini alyp girendigi-de tebigydyr.

Merkezi Aziýa sebitinde ýaýran iň gadymky dinlerden biri zarduştylykdyr. Bu dine uýýanlaryň bu günki günde sany köp däl.

## TARYHA NAZAR

Beýik Ýüpek ýoly Orta asyrlara Gündogar we Günbatar ýurtlaryny özara baglan kontinentara kerwen ýoly. «Beýik ýüpek ýoly» adalgasy şu ýoldan daşalan gymmatly haryt – Hytaý ýüpegi bilen bagly. Merkezi Aziýada gadymdan dünýä dinleri – buddizm, hristiançylyk, yslam dinleri ýaýran. Şonuň ýaly-da, moniheýçilik we musaýylyk dinleri hem şu sebitde giň ýaýran.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýä möçberinde zarduştylygyň dini çeşmesi Awestony öwrenmek «awestaşynaslyk» adyny aldy. Häzir ABŞ, Russiýa, Eýran, Hindistan döwletlerinde iri awestaşynaslyk merkezleri bar. Bu günki günde iň iri zarduşty obşinalary – Eýran gebrleri we Hindistan parslarynyň arasynda diňe dil, ybadatlary geçirmek şekli we ýyl hasaby babatda käbir gapma-garşylyklar bar. Häzir Hindistanda ruhy tarapa üns berýän ençeme torarlar emele gelipdir.

Globallaaşma täsirinde soňky wagtlarda zarduştylygy özgertmek, köp dessurlary ýatyryp, diňe «Gat»lary mukaddes kitap diýip ykrar etmek pikiri öňe sürülýär. Bu günki günde, dünýä möçberinde zarduştylar Hindistanda 100 müň, Eýranda 50 müň, Ýewropada, Aziýa ýurtlarynda hem-de Amerikada birnäçe müň adamy düzýär.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

**Gebrler we parslar —** zarduştylyk dinine uýmagy saklap galan etnokonfessional toparlar.



*Eýran gebrleri*



*Hindistan parslary*

**MAGLUMAT ÜÇIN**

2001-nji ýylda ÝuNESKO tarapyndan Awestonyň 2700 ýyllygy bellendi.



*Ürgenç şäherinde Awesto goýlan ýadygärlik.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Merkezi Aziýa sebitinde emele gelen dinlerden biri, bu taňryçylykdyr. Sebitiň halklarynyň taryhynda şu ygtykadyň özboluşly orny bolupdyr. Taňryçylygyň taryhy ülkämiziň halklarynyň geçmiş medeniýeti, jemgyýetçilik durmuşy we durmuş ýörelgeleri barada maglumat berýän taryhy çeşmelerden biridir.

Bu günki günde taňryçylygy Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda «gadymy dini däp» hökmünde dikeltmäge synanyşmalar bar. Şeýle hereketleriň astynda käbir betnebis maksatlar ýatandygyny duýmak mümkin.

1990-njy ýyllardan başlap taňryçylykka uýýan toparlar peýda bolup başlady. Bilgeşleýin gozgalýan bu ýagdaý ilatyň arasynda bölünişleri getirip çykarmagy

*Akylly bolmak ýeterli däl, esasysy ony ulanyp bilmekdir.*

***Rene Dekart***

## MAGLUMAT ÜÇIN

Hakanlyk öz döwlet aňyýetine görä, «il» diýlip atlandyrylyp, gadymky taryhda onuň bilen bagly «baky il», «Taňry (ylahy) il», «türk ili» ýaly jümleler şekillenipdir. Il we hakan häkimiýetiň Taňry tarapyndan Aşina maşgalasyna «Türk buduna (halkyna)» peşgeş berlendigine ynanylypdyr. Gadymky türk jemgyýeti dünýäniň käbir başga syýasy bileleşigi hökümderyna «hudaý-korol» hökmünde garalmandyr, çünki beýle syýasy yktydar (nygmat) Taňry tarapyndan diňe Aşina maşgalasyna peşgeş berlipdir, diýen düşünje Aşina türkleriniň düşünjesinde üstündi. Şu sebäpli, Aşina maşgalasynyň häkimiýeti ylahylaşdyrylypdyr. Eger Taňry beren syýasy häkimiýet ynamy ödemese, ýagny öz ukybyny görkezip bilmese, beýle hökümdar häkimiýetden daşlaşdyrylyp, «Taňry beren syýasy häkimiýet ýene Taňry tarapyndan gaýtaryp alynýar», diýlip düşünilipdir.

***Abu Reýhan Biruny***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mümkin. Sebäbi, bu günki günde şu sebitde özleriniň köp asyrlyk dini ygtykatlaryna eýe bolan dürli milletler we halkyýetler ýaşaýar. Şeýle şertde taňryçylyk dinini gaýtadan dikeltmäge synanyşmak milli we dini gapma-garşylyklaryň gelip çykmagyna sebäp bolýar.

XXI asyryň başlarynda Merkezi Aziýa sebitinde ýerleşýän ýurtlar – Gazagystanda, Gyrgyzystanda, Täjigistanda, Türkmenistanda we Özbegistanda özboluşly dini keşbe şaýat bolmagymyz mümkin.

Gazagystan Respublikasynda resmi taýdan 18 konfessiýanyň düzüminde 3600-den artyk dini gurama bar. Şonuň ýaly-da, ýurtda 246 sany adaty däl dini toparlar we täze obşinalar (halkara missionerler) hem iş alyp barýarlar.

Türkmenistanda 13 sany dini konfessiýa sanawa alnan bolup, 128 sany dini gurama iş alyp barýar. Gyrgyzystan Respublikasynda 30-dan artyk dini konfessiýalar bar.

Adam durmuşy dowamynda ömür ýoluny özüne-özi döredip barybermýär.

***O. Mahmudowyň «Ummandan dürler» kitabyndan***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Merkezi Aziýa sebitiniň köp milletli we konfessiýaly bolmagynyň sebäpleri nämede?
2. XXI asyryň başlarynda Merkezi Aziýa sebitinde ýerleşýän ýurtlar – Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistanda nähili dini keşbi görmek mümkin?
3. Taňryçylyk dininiň bu günki günde wagyz edilmegi nähili netijelere getirmegi mümkin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 7-§ DÜNÝÄ DINLERINIŇ ÇEŞMELERI. BUDDIZM WE HRISTIANÇYLYK

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Dünýä dinleriniň çeşmeleriniň dini bagrygiňlik, raýdaşlyk medeniýetini şekillendirmekdäki ähmiýeti.
2. Özbegistanda buddizm obşinasy, edebiýatlary. Hristiançylyk obşinalary. Bibliýanyň özbek dilindäki neşiri.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

2017-yilning 1-iyunida Toshkent shahrida Bibliya kitobining o‘zbek tiliga to‘liq tarjimasining taqdimoti bo‘lib o‘tdi.
Shu yilga qadar Bibliyaning ayrim qismlarigina o‘zbek tiliga tarjima qilingan edi.

## DÜNÝÄ DINLERINIŇ ÇEŞMELERINIŇ DINI BAGRYGIŇLIK, RAÝDAŞLYK MEDENIÝETINI ŞEKILLENDIRMEKDÄKI ÄHMIÝETI

Islendik diniň ygtykadynyň esaslary, kada-kanunlary, ybadatlary we däp-dessurlary onuň mukaddes çeşmelerinde görünýär. Mukaddes kitaplar birlenji ýa-da ikilenji bolmagy mümkin. Dünýä dinlerinden bolan buddizmiň çeşmesi Tripitaka, hristiançykda Bibliýa mukaddes çeşme hasaplansa, yslam dininde Gurhany kerim gönüden-göni Allanyň sözleri – kelamydyr. Şu sebäpli-de, yslam dini taglymatyna görä Gurhanyň aýatlaryny aras-salanman okamak, onuň üstüne başga kitaplary ýa-da zatlary goýmak, göterip ýörände eller bilden pese düşüp durmagy mümkin däl.

Başga dinlerde-de öz mukaddes çeşmelerine görä uly hormat edilýär.

Meselem, hristiançylykda Isa ýa-da başga keramatlylaryň suratlary düşürlen ikonalar öýlerdäki «mukaddes burça» ýa-da «gyzyl burça» ýerleşdirilýär we olara



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Hristian maşgalalaryndaky «mukaddes burç» ýa-da «gyzyl burç»*

aýratyn hormat goýulýar. Bu ýer öýdäki altar (mähreb) wezipesini ýerine ýetirýär. Maşgala agzalary şu ýere gelip, ybadat edýärler. Altar gaty arassa saklanypdyr.

Mukaddes çeşmelerde dini görkezmeler bilen birlikde, edep-ahlak, ynsanperwerlik, halallyk, daşky gurşawy aýawlamaga degişli görkezmeler hem bar.

Şuny ýatdan çykarmak bolmaýar, ýagny hiç bir diniň mukaddes çeşmesi günäsiz adamlaryň, jandarlaryň ganyny dökmegi, ogurlyk etmegi, weýrançylygy buýurmaýar.



*Tripitaka*

Soň Hudaý aşakdaky sözleri aýtdy: «Men sizi Müsürdäki gulçulykdan alyp çykan Eýäňiz Hudaýdyryn... ...Ganhorlyk etmäň. Azgynlyk etmäň. Ogurlyk etmäň. Goňşyňyza garşy ýalan şaýatlyk bermäň. Goňşyňyzyň öýüne göz gyzdyrmaň. Goňşyňyzyň aýaly, guly ýa-da çorusy, maly ýa-da eşegi, oňa garaýyşly käbir zadyna göz gezdirmäň».

***Bibliýanyň «Gadymky Ahd» böleginden***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Budda taglymatynyň esasy «durmuş – bu jebir-sütem» we «najat ýoly bar» diýen taglymdyr. Buddizm kanunlaryna görä, adam özüne uýgunlaşan jandar bolup, özünde dogulýar, özüni-özi heläk edýär ýa-da halas edýär.

Buddizm tekstlerinde parahatçylyk söýüjilik iň ýokary sypat hasaplanyp, gazap we gaharjaňlyk iň uly günäler hökmünde ykrar edilýär. Şol sanda, Tripitakanyň «Dhammapada» kitabynda şeýle diýilýär: «Ylla, bu dünýäde hiç haçan ýigrenç ýigrenç bilen ýeňilmeýär, eýsem ýigrenjiň ýoklugy bilen ol hem ýitýär».

## ÖZBEGISTANDA BUDDIZM OBŞINASY, EDEBIÝATLARY. HRISTIANÇYLYK OBŞINALARY. BIBLIÝANYŇ ÖZBEK DILINDÄKI NEŞIRI

Dünýä dinleriniň iň gadymysy bolan buddizmde mukaddes çeşme – Tripitaka uly hormat goýulýar. Pali dilinde ýazylandygy sebäpli-de bur kitap «Pali kanony» diýlip hem atlandyrylýar.

Häzirki günümize çenli «Pali kanony»nyň köp bölekleri iňlis diline terjime edilen. Tripitakanyň rus diline terjimeleri XIX asyrda peýda bolupdyr.

Hristiançylyk dininiň esasy çeşmesi Bibliýa «Gadymky Ahd» (musaýylarda «Tanah») we «Täze Ahd» diýlip atlandyrylýan iki bölekden ybarat. Olardan «Ga-

**TARYHA NAZAR**

Miladydan öňki 80-nji ýyllarda Tripitaka birinji gezek palmanyň ýapraklaryna ýazylypdyr.

1871-nji ýylda Mandalaý şäherinde (Birma)bolup geçen Bütinjahan buddistleriň ýygnagyndan soň Tripitakanyň teksti her biri 2 metrli 729sany mermer plitalara ýazylypdyr.

1900-nji ýylda mermere oýup ýazylan Tripitaka teksti ilkinji gezek kitap görnüşinde neşir edildi. Onuň göwrümi 38 jiltden ybarat.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dymky Ahd» asly gadymy aramy dilinde, «Täze Ahd» bolsa gadymky grek dilinde ýazylan.

Maglumatlara görä bu günki güne gelip, şu kitap üç müňden artyk dile we şiwelere terjime edilen.

Bibliýanyň özbek diline ilkinji terjimesi 1991-nji ýylda neşir edilen. 1994-nji ýylda Respublikamyzda Özbegistanyň Bibliýa kitaby jemgyýeti düzülen. 2017-nji ýylyň iýun aýynda jemgyýet tarapyndan ilkinji gezek Bibliýa dolulygyna özbek diline terjime edilendigi yglan edildi.

Hemişe ýagşylyk et. Başgalary söýseň, özüň hem, başgalar hem bagtly bolarlar.

***Budda***

## TARYHA NAZAR

«Gadymky Ahd»yň irki terjimesi miladydan öňki 3-1 asyrlarda grek diline edilipdir. Ol «Septuaginta» – ýetmiş terjimeçiniň işi diýlip atlandyrylýar.

V asyrda Bibliýanyň doly teksti ermeni, got, gruzin we başga dillere terjime edilipdir.

390-405-nji ýyllaryň arasynda Bibliýanyň teksti latyn dilinde çykdy, 1380-nji ýylda bolsa latyn dilinden iňlis diline terjime edildi.

1581-nji ýylda ilkinji gezek slawýan-buthana dilindäki Bibliýa dünýä geldi.1818-nji ýyla gelip bolsa onuň ilkinji bölümleri rus dilinde çap edildi.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Mukaddes çeşme diýende näme düşünilýär?
2. Dinlerde mukaddes kitaplara nähili gatnaşyk edilýär?
3. Bibliýanyň terjimeleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
4. Buddizm dininiň mukaddes çeşmesi nähili atlar bilen atlandyrylýar?
5. Siziň pikiriňizçe, mukaddes dini çeşmeler adamlary öjükdirijilige çagyrmagy mümkinmi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 8–9-§ XX-XXI ASYRLARDA YSLAM

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Yslam dininiň çäginde emele gelen halkara guramalar, olaryň fanatizme we terrorizme garşy göreşdäki orny.
2. Özbegistanyň Halkara yslam guramalarydaky agzalygy.

Içersindäki gelip gapyny açyp bermese, daşardaky ogry öýe girip bilmeýär.

***Jelaliddin Rumy***

## YSLAM DININIŇ ÇÄGINDE EMELE GELEN HALKARA GURAMALAR

XX asyryň ahyry XXI asyryň ilkinji on ýyllygynda dünýäniň dini keşbinde ençeme möhüm we gapma-garşylykly özgerişler bolup geçdi. Şeýle özgerişleriň aşagynda dünýä syýasatynda we ruhyýetinde bolup geçýän prosesler, iki polýusly dünýäniň ýok bolmagy, globallaşma prosesiniň çaltlanmagy, halkara terrorizm howpunyň güýçlenmegi ýaly faktorlar ýatyr.

Ençeme musulman ýurtlarynyň alymlary, intelligentleri we sosial-syýasy ugruň görnükli terrorizme garşy öz gatnaşyklaryny bildirdiler. Olar şu maksatda dünýä möçberinde iş alyp baran hemişelik gurama düzmek baradaky başlangyç bilen çykdylar. Netijede halkara möçberde hökümet ýa-da hökümet däl derejesinde iş alyp barýan Yslam konferensiýasy guramasy döredildi.

1969-njy ýylda Marokkonyň paýtagty Rabot şäherinde musulman ýurtlarynyň daşary işler ministrleri gatnaşmagynda sessiýa bolup geçdi. Şu sessiýada gatnaşan döwletler Yslam konferensiýasy guramasynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

agzalary edip bellendiler. Bu günki günde bu gurama Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy (YHG) diýlip atlandyrylýar.

YHG işinde aşakdakylar esasy maksat hökmünde kesgitlenen: yslam raýdaşlygyny höweslendirmek; ykdysady, sosial, medeni, ylmy we başga ugurlarda hyzmatdaşlygy berkitmek; jynsy taýdan kemsitmäni, ähli şekildäki kolonializmi ýatyrmaga hereket etmek; parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak üçin çäreleri bellemek; Palestina arap halkynyň öz hukuklaryny dikeltmek we onuň ýerlerini azat etmek üçin göreşini goldamak we başgalar.

Guramany dolandyrmagyň esasy ugurlary: öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugyna amal etmek; agza döwletleriň deň hukuklara eýe ekenligi; suwerenitet, garaşsyzlyk we çäk taýdan bitewiligini ykrar etmek; agza döwletleriň arasyndaky dawalary parahatçylykly ýollar bilen çözmekden ybarat.

## YSLAM HYZMATDAŞLYK GURAMASYNYŇ BÖLÜMLERI

IHG-nyň ýolbaşçy organlary döwlet we hökümet baştutanlarynyň konferensiýasy we daşary işler ministrleriniň konferensiýasy we baş kätibiň ýolbaşçylygyndaky kätiplik hasaplanýar.

***Ýokary organ*** – agza ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň yslam sammiti her üç ýylda geçirlip, musulman ýurtlarynyň umumy syýasatyny kesgitläp berýär. Daşary işler ministrleriniň konferensiýasy bolsa her ýyl ýa-da zerurlyga garap geçirilýär.

Ýokary ýerine ýetiriji organy Baş kätibiň ýolbaşçylygyndaky Baş kätiblik hasaplanýar.



«...Şu maslahat beýik alym Mürze Ulugbegiň Buhara şäherinde guran medresäniň maňlaýyna ýazylan «Ylym eýelemek her bir muslim we muslim aýal üçin parzdyr», diýen hadysy şerifi durmuşymyzyň düzgünine öwürmäge hyzmat edýär».

***Şawkat Mirziýoýewiň Yslam hyzmatdaşlyk guramasynyň ylym we tehnologiýalar boýunça birinji sammitindäki sözünden.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baş kätip agza döwletleriň daşary işler ministrleri tarapyndan 4 ýyl möhlete saýlanýar. Guramanyň baş karargähi Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde ýerleşýär.

IHG ýanynda Yslam ösüş banky, Ylym we tehnika ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça hemişelik komitet iş alyp barýar.

1975-nji ýyldan IHG-na BMG ýanynda gözegçilik ediji gurama derejesi berlen.

Guramanyň garamagynda 17 özbaşdak gurama bar: Olardan iň irileri aşakdakylar:

- Yslam ösüş banky;
- Yslam täzelikler agentligi;
- Yslam teleradiogepleşikler bileleşigi;
- Ykdysady-sosial meseleler boýunça Yslam komissiýasy;
- Yslam ösüş fondy;
- Yslam adalat sudy;
- Yslam paýtagtlarynyň bileleşigi;
- Ylmy-tehniki ösüş yslam fondy;
- Tälim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça yslam guramasy we ş.m.

## MAGLUMAT ÜÇIN

2017-nji ýylyň 9-njy aprel güni Müsüriň Tanta şäherindäki «Mar Girgis» kibtiý hristianlarynyň buthanasynda edilen ýykgynçylyk hereketleri boýunça Yslam hyzmatdaşlyk guramasy baş kätibi Ýusuf Ahmet al-Usaýminiň hut özi beýanat berip, «Mar Girgiz» buthanasynda edilen we köp günäsiz adamlaryň ölümi we ýaralanmagyna sebäpçi bolan terrorçylyk hereketini berk ýazgardy.

## TARYHA NAZAR

Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy – hökümetara halkara gurama. 2011-nji ýylyň 28-nji iýunyna çenli Yslam konferensiýasy guramasy diýlip atlandyrylan. 1969-njy ýyl Rabot (Marokko) şäherinde düzülen. Düzgünnama 1972-njy ýylda Jidda (Saud Arabystany) şäherinde 3-nji konferensiýada kabul edilen. 2008-nji ýylyň 13-14-nji martynda Dakar (Senegal) şäherinde bolup geçen 11-nji sammitde Düzgünnamanyň täze redaksiýasy kabul edilen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTANYŇ HALKARA YSLAM GURAMALARYNDAKY AGZALYGY

2016-njy ýylda Daşkent şäherinde Yslam hyzmatdaşlyk guramasynyň gatnaşmagynda «Tälim we magaryf–parahatçylyga we ýaradyjylyga tarap ýol» temasynda halkara maslahat bolup geçdi. Onda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Yslam hyzmatdaşlyk guramasyndaky başlyklyk döwri üçin teklip edilýän ileri tutulýan maksatlardan biriniň kontekstinde döwletimiziň käbir başlangyçlaryny yglan etdi.

Birinji başlangyjyň mazmuny diňe bir yslam medeniýeti däl, eýsem umumadamzat siwilizasiýasyna deňsiz-taýsyz goşant goşan beýik eždatlarymyzyň köp taraply dini-ruhy taýdan mirasyny öwrenmäge ýöriteleşen «Samarkantdaky Ymam Buhary halkara barlaglar merkezi»ni döretmekden ybarat. Özbegistanyň ýene bir başlangyjy – Tälim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça yslam guramasynyň *(ISESCO, iňl. International Islamic Organyzation for Education, Science and Culture)*) ýörite kafedrasyny Daşkent yslam uniwersitetiniň düzüminde açmak bilen baglydyr. Täze kafedranyň işiniň esasy ýönelişini musulman dünýäsindäki tälim, ylym-bilim we medeniýet taryhy hem-de olaryň häzir-

**TARYHA NAZAR**

ISESCO – IHG ýanyndaky garaşsyz gurama. 1979-njy ýylda esaslandyrylan, Düzgünnamasy 1982-nji ýyl Esaslandyryjy Konferensiýada (1982-nji ýyl, Fes şäheri) kabul edilen.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

IHG düzüminde jemi 57 döwlet bar. Özbegistan gurama 1996-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda kabul edilen. Bosniýa we Gersegowina, Merkezi Afrika Respublikasy, Russiýa, Tailand, Demirgazyk Kipr Türk Respublikasy, şonuň ýaly-da, BMG, Arap ýurtlary ligasy, Afrika bileleşigi, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy, Goşulmazlyk hereketi guramasy synçy derejesine eýe. IHG bolsa halkara hukuk subýekti hökmünde BMG-da synçy derejesine eýe.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ki ýagdaýyny öwrenmek we olar barada talyplara çuňlaşdyrylan ýörite kurslary bermek düzýär.

Bu günki günde IHG bilen Özbegistanyň arasynda hyzmatdaşlyk perspektiwalary ençeme global we sebitleýin meseleleri çözmekde görmek mümkin. Respublikamyz IHG düzümindäki Tälim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça yslam guramasy (ISESCO) bilen hem berk aragatnaşyklara eýe. Bu, şu gurama tarapyndan 2007-nji ýylda Daşkent şäheriniň «Yslam medeniýeti paýtagty», diýlip yglan edenliginden hem görünýär. Şunuň bilen birlikde, 2020-nji ýylda watanymyzyň ýene bir dürdänesi – Buhara şäherine-de hut şeýle at berilmegi ISESCO tarapyndan göz öňünde tutulýar.

### MAGLUMAT ÜÇIN

2016-njy ýylyň 18-19-njy oktýabr günleri Daşkent şäherinde Yslam hyzmatdaşlyk guramasynyň (Daşary işler ministrler geňeşiniň 43-nji sessiýasy) gatnaşmagynda «Tälim we magaryf – parahatçylyga we ýaradyjylyga tarap ýol» temasynda halkara maslahat bolup geçdi. ISESCO guramasynyň resmi veb-saýtynde (www.isesco.org.ma) berlen maglumatlara görä, 2015-2024-nji ýyllardaky yslam medeniýeti paýtagtlary sanawy tassyklanan bolup, 2020-nji ýylda Aziýa sebitinden Buhara şäheri yslam medeniýeti paýtagty hökmünde seçilip alnan.

### BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. XX asyryň ahyry XXI asyryň başynda dünýäniň dini keşbindäki özgerişleriň esasynda nähili faktorlar bar?
2. Yslam Konferensiýasy Guramasy haçan we nirede döredilen?
3. Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň esasy maksady nämeden ybarat?
4. 2016-njy ýylyň 18-19-njy oktýabr günleri Daşkentde Yslam hyzmatdaşlyk guramasy Daşary işler ministrleriniň geňeşiniň 43-nji sessiýasynda döwletimiziň ýolbaşçysy Ş. Mirziýoýew nähili başlangyçlar bilen çykyş etdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 10–11-§ XX-XXI ASYRLARDA YSLAM DININDÄKI AKYMLAR WE SEKTALAR

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Halkara terrorizm meselesi
2. Fanatizmiň kökleri.
3. Häzirki zaman fanatik akymlar we olaryň maksatlary, aňyýet ulgamy.

## HALKARA TERRORIZM MESELESI

Halkara terrorizm meselesi häzirki döwrüň derwaýys global meselelerinden birine öwrüldi. Munuň ençeme sebäpleri bar:

***Birinjiden***, halkara terrorizm dünýä möçberinde barha giň ýaýrap barýar. Bu – adaty halkara dawalar sebitlerinde (meselem, Ýakyn Gündogar, Günorta Aziýa) bolup geçýän proseslerde öz beýanyny tapýar.

Şonuň ýaly-da, bu howpdan ösen ýurtlar (hususan-da, ABŞ, Günbatar Ýewropa döwletleri) hem ýeterliçe goralmandygy aýan boldy.

***Ikinjiden***, halkara terrorizm dünýä bileleşiginiň we aýratyn döwletleriň howpsuzlygyna uly howp döredýär. Her ýyl dünýäde ýüzlerçe halkara terrorçylyk hereketle-

> Adam oýlap tapan weýran ediji ýaraglaryň arasynda söz iň howply we güýçli ýarag bolmagynda galýar.
>
> ***Paulo Koelo***

**MAGLUMAT ÜÇIN**

2017-nji ýylda Müsüriň Demirgazyk Sinaý ýarymadasyndaky Sofiý metjidinde amala aşyrylan elhenç teraktda 128 adam ýaralandy, 300-den artyk adam heläk boldy, şundan 27 sanysy çagalardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ri amala aşyrylýar, olarda müňlerçe adamlar heläk bolýar we maýyp-müjribe öwrülýärler.

***Üçünjiden***, halkara terrorizme garşy göreş babatda aýratyn bir iri döwlet ýa-da ýokary derejede ösen döwletler toparynyň tagallalary ýeterli däl. Ýiti global meselä öwrülen halkara terrorizme garşy göreşde dünýä bileleşigi, köp döwletleriň we halklaryň güýçlerini birleşdirmek talap edilýär;

***Dördünjiden***, halkara terrorizm fenomeni we bu günki günüň başga global meseleleriniň arasyndaky baglylyk barha anyk we röwşen göze ilýär. Şu sebäpli-de, häzirki wagtda halkara terrorizm meselesi umumadamzat, global meseleler kompleksinde möhüm element hökmünde garalmalydyr. Ol ösen «zähmet bazary» we iri kapitala eýe, global möçberdäki iňňän peýdaly «biznese» öwrüldi. Şeýle «gowy ýola goýlan terror ulgamyny» diňe ulgamly we kompleks çemeleşme esasynda, dünýädäki ähli antiekstremistik we antiterroristik güýçleri birleşdirip, halkara hyzmatdaşlyk esasynda ýok etmek mümkin.

**MAGLUMAT ÜÇIN**



2004-nji ýylyň 1-nji sentýabr güni Demirgazyk Osetiýanyň Beslan şäherinde ýaraglanan terrorçy topar 1-nji mekdebiň okuwçylaryny, ata-eneleri we mugallymlary girewe aldylar. Iki günde 1128 adamdan 314 sanysy heläk boldy. Olardan 186-sy çagalardy.



## FANATIZMIŇ KÖKLERI

Fanatizmiň kökleri orta asyrlara baryp direlýär. Yslamdaky ilkinji akym Halyfa Ali ibn Talyp (r.a.) bilen ummawileriň arasyndaky göreş dowamynda 657-nji ýylda emele gelipdir.

Häkimiýet üçin göreşde Ali ibn Abu Talyp Muowiýa ibn Abu Sufýan (r.a.)nyň tarapdarlary (ummawiler) bilen gepleşikler alyp



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

barmaga boýun bolupdyr. Bu ýagdaý halyfa Ali hakyky mirasdüşerlik hukugyna eýe, diýlip hasaplan tarapdarlarynyň arasynda närazylyk döredipdir. Goşunyň bir bölegi Alini ylalaşykçylykda aýplap, ondan bölünip gidipdir we soňluk bilen Alige-de, ummawilere hem garşy göreşe başlapdyrlar. Olar taryhda daşary ýurtlular diýip at galdyrypdyrlar. Daşary ýurtlular özleriniň syýasy bäsdeşlerine görä gaty rehimsiz bolupdyrlar. Agyr günä eden musulmanlary kapyra çykaryp, olara garşy ýaragly jihat alyp barypdyrlar. Soňluk bilen daşary ýurtlular birnäçe toparlara bölünipdirler. Ummawiý we apbasy halyfalar VII-IX asyrlarda daşary ýurtlulara garşy ýiti göreş alyp barypdyrlar. Daşary ýurtlular halyfalykdaky köp gozgalaňlarda gatnaşypdyrlar.

## HÄZIRKI ZAMAN FANATIK AKYMLAR WE OLARYŇ MAKSATLARY, AŇYÝET ULGAMY

Soňky ýyllarda Ýewraziýa kontinentinde we Afrikada ýerleşýän ençeme ýurtlarda jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýa erbet täsir edýän dini ekstremistik we terroristik guramalaryň işeňňirleşýändigini görmek bolar.

Dini ugurda ekstremizm başga din wekillerine gaty rehimsizlik (meselem, Hindistanda musulmanlar we hinduiýler, hinduiýlar we sikhler, Mýanmadaky musulmanlaryň gyrlyp taşlanmagy we başga dawalar), bir diniň içindäki (Pakistanda, Owganystanda, Yrakda sünnüler we şaýiler, Siriýada alawiýler we sünnüler) dawaly gatnaşyklar, dünýewi gurluşa garşy göreş (aglaba musulman ýurtlarynda) ýa-da halkara derejedäki siwilizasion gapma-garşylyklar («Al-Kaida», «Hizbullah» guramalary) bilen bagly.



Eý möminler, harytlaryňyzy ortalaryňyzda nähak (ýagny ogurlyk, garakçylyk, süýthorlyk, parahorluk, humar ýaly) ýollar bilen iýmäň! Belki özara razylyk bilen bolan söwda-satyk arkaly mal-dünýä artdyryň. Hem-de birek-biregi öldürmäň! Elbetde Alla size mähriban bolan zatdyr.

***Gurhany kerim, Niso süresi, 29-njy aýat***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Eý kowmum, ölçeg we terezini adalat bilen doly çek! Adamlaryň zatlaryny urup galmaň we ýerde bozgunçylyk edip gezmäň!»

***Gurhany kerim. Hud süresi 85-nji aýat***

Özüni yslam ady bilen baglaýan dini ekstremistik guramalaryň hususy taraplary aşakdakylardan ybarat:

– dünýewi döwlete we jemgyýete rehimsiz gatnaşykda bolmak;

– diniň döwletden aýrylmagyny ret etmek we jemgyýetiň ähli agzalaryny şerigatyň talaplary esasynda ýaşamaga mejburlamak;

– yslam dinini dünýäniň başga jemgyýetlerine garşy goýmak;

– ýurtlaryň garaşsyzlygy we çäk taýdan bitewiligini ykrar etmezlik, ýeke-täk döwlet — «halyfalyk» gurmak taglymyny öňe sürmek;

– öz maksatlary ugrunda döwletde we jemgyýetde jemgyýetçilik-syýasy berkararlygy hatardan çykarmaga gönükdirilen hereketlere üns bermek;

– öz taglymlaryna eýermedik musulmanlary dindençykanlykda, «kapyr»lykda aýplamak, adaty yslam tarapdary bolan ulamalary abraýdan gaçyrmak, olara täsir geçirmek we hatda öldürmek;

– XX asyryň ortalarynda yslam dünýäsinde kolonial hökümete garşy terror usullaryndan peýdalanan mil-



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Gurhany kerimiň şu sürelerini okaň. Özleriniň syýasy maksatlary ugrunda dinden peýdalanýan kimseleriň işini pitne diýmek mümkinmi?

*«Pitne bolsa ganhorlykdan-da ulurak (günä)dir».*

***Gurhany kerim, Bakara süresi, 217-nji aýat.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

li-azatlyk hereketi esasynda soňluk bilen güýç ulanmak usullaryna daýanýan toparlaryň emele gelmegi;

– Arap-Ysraýyl uruşlary we Ýakyn Gündogar meselesiniň çözülmän gelýändigi, Günbatar ýurtlarynyň Ýakyn Gündogary öz täsir çägine almaga gönükdirilen işjeň hereketleri;

– öňdebaryjy döwletleriň musulman dünýäsi ýurtlaryndaky energetik gorlaryň üstünden öz gözegçiliklerini ornaşdyrmaga gönükdirilen syýasaty;

– ösen musulman ýurtlarynyň sebitleýin öňdebaryjylyk ugrunda alyp barýan özara bäsdeşlik göreşi hem-de şu döwletleriň ösýän musulman ýurtlaryny öz täsirine almaga gönükdirilen synanyşyklary;

– sünnüler bilen şaýileriň arasynda adaty dowam edip gelýän gapma-garşylyklaryň döwletara gatnaşyklar derejesine göterilmegi netijesinde özara göreşiň dürli görnüşlerde, şol sanda, bikanun ýaragly gurluşlar arkaly alnyp barylmagy.

Yslam nykabyndaky ähli diýen ýaly dini ekstremistik akymlaryň aňyýetinde ulgam döredýän iki prinsip – takfir we jihat bar. Terrorizm häzirki zaman ylmy to-

Uruş aýyrar,
Parahatçylyk
ysnyşdyrar.
***Halk nakyly***

## MAGLUMAT ÜÇIN

Barlaglara görä, geçen bäş ýylyň dowamynda musulman ýurtlarynda edilen terroristik hüjümler netijesinde iki ýüz müňden artyk adam heläk bolupdyr we ýaradar bolupdyr. Geçen döwrüň dowamynda terrorizm musulman ýurtlaryna 348 milliard dollar mukdarynda zyýan ýetiripdir. Yrak, Owganystan, Pakistan we Nigeriýa iň köp zyýan çeken ýurtlar bolup, terroryň gurbanlarynyň takmynan 70 göterimi şu ýurtlara dogry gelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Buddizm nykaby astyndaky ekstremistler gurbany bolan mýanmalyk gaçaklar*



**MAGLUMAT ÜÇIN**

Takfir – dinden çykanlykda, kapyrlykda aýplamakdyr.

Takfir dini ekstremistler tarapyndan hut musulmanlara garşy ulanylýar.

Jihod – sözlük manysy jiddu jaht etmek, gaýrat etmek, käbir işi kämil ýerine ýetirmek üçin bar güýç-gaýraty we mümkinçiligi gönükdirmekdir. Yslam dininde bu söz basybalyjy we pitneçilere garşy ili, ýurdy, watany goragyna çykan adamlaryň amalyýetlerine görä-de ulanylypdyr.

parlarda üç nukdaý-nazardan, ýagny, jenaýat işi, terroristik topar we terroristik taglymat hökmünde garalýar.

Şeýle terrorçy toparlar özleriniň işlerini Gurhany kerimiň görkezmeleri esasynda berkitmäge hereket edýärler.

Yslam taglymatynda musulmançylyga dawa edýän adam başga adamlara ne dili bilen, ne eli bilen zyýan ýetirmeli däldir diýlip bellenen. Tersine, musulman adam ýer ýüzünde özgertmek, uruşýan adamlary bir-biri bilen ýaraşdyrmak aladasynda bolmalydyklary bellenen.

Din barada siziň bilen uruşmadyk we sizi öz ýurduňyzdan (kowup) çykarmadyk kimselere görä ýagşylyk etmegiňiz we olara adalatly bolmagyňyzdan Alla sizi gaýtarmaýar. Elbetde, Alla adalatly adamlary söýýär.

***Gurhany kerim, Mumtahana süresi, 8-nji aýat***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu günki günde dünýä bileleşigini alada goýýan, ýadro poligonlardan-da howplurak bolan aňyýet poligonlary arkaly adamlaryň ygtykadyny, durmuşyny zäherleýän dogmatik akymlardan biri — «salafylyk»dyr.

«Salafylyk» düşünjesi arap dilindäki «salaf» sözünden alnan bolup, «öň ýaşap geçenler», «eždatlar» manysyny aňladýar. Yslam çeşmelerinde «salafy solih» jümlesi yslamyň ilkinji döwründe ýaşan sahabalara we tobeinlere görä ulanylypdyr. Bu adalga soňky döwürlerde we bu günki günde ýaşaýan musulmanlara görä ulanylmaýar. Ýöne özlerini «salafylar» diýip yglan eden ekstremistik toparlaryň alyp barýan işi yslam taglymatyna, onuň däplerine, prinsiplerine umuman ters. Şonuň üçin olara «galp salafylar» diýilýär.

Galp salafylar tarapyndan jemgyýetdäki parahatçylygy we durnuklylygy hatardan çykarmaga gönükdirilen sabyrsyzlyk, ýykgynçylyk ýaly taglymlar öňe sürülýär. Olar ýaşlaryň aňyny zäherlemek arkaly musulmanlaryň arasynda dini esasdaky dawalary getirip çykarmaga hereket edýärler. Döwlete we halkyna gulluk edýän hukuk goraýjy organyň işgärlerini bolsa dinsizlikde aýplaýarlar. Olar 2007-nji ýylda Täjigistanda ýaşaýan hanafy mezhebiniň wekillerini «hidoýatda azaşanlar», şaýylary bolsa «kapyr» diýip yglan edipdirler. 2004-nji ýylda Daşkentde ýykgynçylyk hereketlerini etdiler. 2009-njy ýylda Özbegistanda ençeme dini ulamalara görä hüjümler guraldy. Bu hereketiň taglymlary yslam dininiň taglymatyna umuman tersdigini görýäris.

YŞYD (Yrak we Şam yslam döwleti) – 2006-njy ýylda Yrakda radikal toparlaryň birleşmeginden emele gelen terrorçy gurama. Bu gurama 2013-nji ýylda Siriýadaky raýatlar urşuna goşuldy. Olaryň hereketleri Yragyň



Asman-u pelegiň zynaty ýyldyzlar bilen bolsa, ýer-u zeminiň görki alymlar bilendir.

***Mahmyt Zamahşary***



Bäş zat geçirilmeýär: Alla şek ýetirmek, nähak adam öldürmek, mömin adama töhmet etmek, uruşdan gaçmak we ýalan kasam bilen nähakdan mal işläp tapmak.

***Hadys***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çägindäki daşary ýurt harby güýçlerini, Yrak harbylaryny, raýatlary we bina desgalaryny ýok etmäge gönükdirilen. Gurama Siriýa, Yrak, Liwan döwletleriniň çäginde «Yslam döwletini» gurmak barada esassyz talaby bilen çykdy.

2014-nji ýylyň iýul aýynda jenaýatçylykly bileleşik özüni «ID (Yslam döwleti)» diýip atlandyryp

## DÖREDIJILIKLI IŞ



*Terrorizm millet we din saýlamaýar. Siriýa düýn we bu gün*

Berlen tekstiň mazmuny bilen suratlardaky ýagdaýlara baha beriň.

Pikiriňizi «ýerde bozgunçylyk, ekinleri we nesilleri heläk etmek» sözleri bilen baglaň.

*Adamlaryň arasynda şeýle kimseler hem bar bolup, onuň dünýä durmuşy baradaky gepi Size gyzykly bolýar. Ýüregindäki «imanyna»Allany güwä edýär, ýagny özi (Yslama görä) duşmanlaryň iň gazaplysy.*

*(Öňüňizden) gidende ýerde pitne-pirim, ekini we nesli heläk etmek işleri bilen ýöreýär. Alla bolsa pirimi (bozgunçylygy) halamaýar.*

***Gurhany kerim, Bakara süresi, 204-205-nji aýatlar***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

başlady. BMG hasaplamalaryna görä, şu din nykabyndaky söweşijiler 2014-nji ýylyň başyndan bäri müňlerçe adamlar – çagalar, aýallar, garrylar, parahat ilat wekilleriniň durmuş tanabyny guratdylar. Olara garşy çykýan ähli adamlar, şol sanda, musulmanlary hem, kapyra çykaryp, olaryň janlaryna kast etdiler.

YŞYD we onuň düzüminde bolan ähli söweşijilere görä Dünýä yslam ulamalarynyň geňeşi açyk hat ýazyp, onda YŞYD-niň nädogry ýoldadygyny deliller bilen subut edip, olary bu ýoldan gaýtmaga çagyrdy. Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Soýuzy, Arap döwletleri ligasy ýaly halkara guramalar, ABŞ, Awstraliýa, Saud

Biriňki – müňe,
Müňüňki –
tümene.
***Halk nakyly***




*Soňky 20 ýylda edilen teraktlaryň kartasy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**DÖREDIJILIKLI IŞ**

Berlen teksti okaň. «Firkalara bölünmezlik» bu günki günde nähili ähmiýete eýe? Pikiriňizi esaslandyryň.

... *«Dini dörediň we onda bölünişik etmäň!»*

***Şora süresi, 13-nji aýatdan***

*«Mukaddes Gurhany karimde musulmanlara ýüzlenip firkalara bölünmäň, diýen mazmundaky görkezmeler bar. Bu dürli akymlara bölünip, adamlary dogry ýoldan azaşdyrmaga dinimiz umuman garşydygyna aýdyň delil dälmi?»*

***Şawkat Mirziýoýew***

Arabystany, Beýik Britaniýa, Indoneziýa ýaly döwletler YŞYD-ni terrorçy gurama diýip yglan etdi. Onuň yslam dinine umuman gatnaşygy ýokdugyny öwran-öwran nygtadylar.

Yslam dininiň ikinji mukaddes çeşmesi bolan hadysy şerifde «Kyýamat güni birinji sorag nähak dökülen gan barada bolur», diýlen. Yslama ýat bolan, ýöne adyny yslam dini bilen nykaplaýan şeýle guramalar, aýratynam, internet pudaklaryndan özleriniň manfur taglymlaryny ýaýmakda peýdalanýarlar. 2017-nji ýyldaky maglumatlara görä, dünýäde söwşijiler peýdalanýan 5000-den artyk internet saýtlary bar bolup, olara hyzmat edýän portallaryň sany barha artýar.

Şu saýtlara girip, terroristik guramalaryň täsirine düşen adamlar öz ýurtlaryndan geçip, keseki ýurtlarda betnebis niýetli şahslara hyzmat edýän gula öwrüldiler.

YŞYD ekstremistik guramasy diňe bir Yrak we Siriýa, onuň daş töweregindäki ýurtlara däl, eýsem bütin dünýädäki parahatçylyga we durnuklylyga howp salýar. Parahatçylyga rähne salmak, jemgyýetiň gülläp ösmegine, halkyň abadançylygyna zyýan ýetirmek, pitne turuzmak dine umuman ýatdyr.

Bu gurama 2013–2014-nji ýyllaryň dowamynda 10 müňden gowrak terrorçylyk hereketlerini amala aşyrdy. Hudkuş («diri bomba»)lar tarapyndan 100-den artyk partlamalar amala aşyryldy. Siriýada YŞYD söwşijiler 60-dan artyk buthanany we monastyrlary weýran etdiler. 2014-nji ýylda Yragyň Mosul şäherindäki «al-Isro» metjidiniň ýanynda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gurama goşulmakdan boýun towlan 12 sany yslam ulamalary hemmeleriň öňünde öldürildi.

Yslam dini taglymatynda diňe bir adamy däl eýsem, haýwanlaryň haklary hem goralmalydygy bellenen. Meselem, haýwanlary sebäpsiz azaplamak we çenden aşa işleri etmäge ündemekden gaýtarylýar. Adamlary gul etmek, olara azap bermek, olaryň janyna kast etmek uly günä hasaplanýar.

«Gurhanylar» – XIX asyrda Hindistanda peýda bolan azaşan taýpalardan hasaplanýar. Bu taýpa hadyslary doly inkär etmegi bilen tapawutlanýar. Häzirki wagtda bolsa bu topar Hindistandan we Pakistandan Angliýa, ol ýerden Ýewropa we başga döwletlere ýaýrady. Soňky wagtlarda şol azaşan taýpa wekilleri Merkezi Aziýada hem peýda bolýar.

Özlerine «ahlu-l-Kur’an» diýen at dakan topar, diňe Gurhany şerigat çeşmesi diýip hasaplaýar. Şonuň ýa-ly-da, olar Gurhany öz bilenleriçe düşündirýärler.

Asyrlaryň dowamynda Yslam alymlary Gurhana we hadyslara daýanyp gelipdirler. Yslam taglymatyna görä, hadyslary inkär edýän adam yslamy inkär ediji diýip hasaplanýar. Hadyslary bilmedik adam Gurhany hem dogry düşünmeýär. Çünki, Gurhandaky köp aýatlaryň düşündirişi hadyslarda beýan edilen. «Ahlu-l-Gurhan» toparynyň taglymlary yslam dininiň mukaddes kitabynda berlen kadalara tersdir. Meselem, Nisa süresiniň 59-njy aýatynda «Allga boýun egiň, Resula sygynyň hemde özüňizden bolan başlyklaryňyza boýun egiň!» diýlip nygtalýar. Ýa-da şu süräniň 82-nji aýatynda «Kimki, Pygambere sygynsa, diýmek, Alla sygynýar» diýilýär. Haşr süresiniň 7-nji aýatynda bolsa «Pygamber size beren zady alyňlar, ol beýik sizi gaýtaran zatlardan gaýdyň!» diýip görkezme berilýär.

Bir zamanlar uruşda esgerler ölse — ölüpdir. Häzirki uruşda ýarag göterenden görä ýarag götermedik köpräk gyrylýar. Häzirki zaman ýaraglar okop bilen çagalar bagynyň, aerodrom bilen çaga dogrulýan öýüň parhyna barmaýar.

***Ötkir Haşimow. «Depder gyrasyndaky bitikler»***





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gurhanylaryň azaşan taraplaryndan ýene biri narkotik maddalary ulanmak we başga köp bozuklyklary halal diýip fetwa hem berýärler. Şeýle fetwa bermek iman şertlerine tersdir.

Hakyky toba uzak möhletli prosesdir, ol diňe bir hereket bilen ýüze çykmaýar.

***Martin Lýutera***

Gurhanylary sosial pudaklarda Muhammet (s.a.w.) we olaryň sahabalaryna görä hormatsyzlyk etmekleri arkaly tanamak mümkin. Olar Ymam Buhary, Ymam Muslim we Ymam Termizi ýaly beýik muhaddis alymlara dilýetirýärler. Gurhany ýerli dillerde okamagy wagyz etmekleri arkaly hem tapawutlandyrmak mümkin. Netije çykaryp aýdanda, daşy jäjek, içi möjek bolan şeýle toparlar yslam dininiň sap mazmunyny bozmak, ýeterli bilime eýe bolmadyk adamlary azaşdyrmak maksadynda düzülen.

Ýurdumyzda parahatçylygy we durnuklylygy saklamak üçin her bir parahatçylyk söýüji adam özüniň töweregindäki bolýan waka-hadysalardan ägä bolmalydyr. Siz hem tälim edaralarynda berilýän ylym-bilim syrlaryny doly öwrenmegiňiz arkaly aňyýet howplaryna garşy durmagy başarmak, nadanlyga garşy aň-bilim bilen göreşip bilmek ýaly endikleriňiz şekillenýär.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Yslam taryhynda ilkinji fanatik akymlaryň gelip çykyşy haýsy döwre baryp direlýär?
2. Daşary ýurtlularyň peýda bolmagynyň esasy sebäbi nämede? Olaryň maksatlary nämeden ybarat?
3. Din nykabyndaky ekstremizmiň mazmuny jemgyýet üçin nähili howplary getirip çykarýar?
4. Ýurdumyzda ekstremizme we terrorizme garşy nähili syýasat alnyp barylýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 12-13-§ ÖZBEGISTANYŇ HALKARA TERRORIZME WE EKSTREMIZME GARŞY GÖREŞDÄKI ORNY

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Özbegistanyň terrorizme garşy göreşdäki milli strategiýasy.
2. Owganystan meselesini çözmek boýunça Özbegistanyň başlangyjy.
3. Özbegistanyň Merkezi Aziýada berkararlygy üpjün edilmegindäki orny.

## ÖZBEGISTANYŇ TERRORIZME GARŞY GÖREŞDÄKI MILLI STRATEGIÝASY

Dünýäniň käbir sebitlerinde emele gelen birahat ýagdaý ilatyň migrasiýasynyň güýçlenmegine, bu bolsa, öz gezeginde, terrorizmiň we ekstremizmiň ýaýramagyna hem-de olaryň global meselelerden birine öwrülmegine sebäp bolýar.

Şonuň üçin hem ýurdumyzyň diňe bir içki däl, eýsem, daşary syýasatynda hem terrorizme garşy göreş, halkymyzyň parahatçylygyny gorap saklamak we üpjün etmek meselesi hemişe üns merkezinde boldy.

2017-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň 72-nji sessiýasynda ýurdumyzyň ýolbaşçysy Şawkat Mirziýoýew dünýä bileleşiginiň ünsüni planetamyzyň ertirki güni, abadançylygy, ýaşlaryň öz ukybyny ýüze

Bolarsyň şa —
eger ägä bolsaň,
Eger ägä bolsaň
— şasyň sen.
*Alyşir Nowaýy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çykarmagy üçin zerur şertleri döretmek, sütemkärlik taglymynyň ýaýramagynyň öňüni almaga gönükdirdi.

Sebäbi, bu günki günde dünýäniň haýsydyr bir künjeginde bolup geçýän terroristik hereketler, başga döwletlerden hem sowlup geçmeýär.

Aňyýet howplaryny emele getirýän toparlaryň esasy maksady, ýerasty we ýerüsti baýlyklaryna eýe bolan döwletleri dagynyk etmek we munuň netijesinde baýlyk artdyrmak, özüne tabyn etmekdir.

Ýurdumyzda amala aşyrmak zerur bolan özgertmeleri, sosial-ykdysady ösüşini özünde jemleýän Hereketler strategiýasynyň bäşinji ileri tutulýan ugrunda dini bagrygiňligi üpjün etmek boýunça iň möhüm wezipeler kesgitläp berlen.



Yslam dini bizi ýagşylyga we parahatçylyga, asyl adamkärçilik sypatlary aýawly saklamaga çagyrýar.

***Şawkat Mirziýoýew***



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Aşakdaky teksti okaň. «Global howpsuzlygy üpjün etmegiň möhüm şerti» diýende nämäni düşündiňiz? Pikiriňizi parahatçylyk, durnuklylyk, ösüş, raýdaşlyk ýaly prinsipler bilen düşündiriň.

*«Owganystandaky ýagdaýy durnuklaşdyrmak diňe bir regional däl, eýsem global howpsuzlygy üpjün etmegiň möhüm şertine öwrüldi».*

***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşyndan.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ













Berlen suratlara dykgat bilen üns beriň we aşakdaky soraglara jogap beriň.

1) Özbegistan döwleti nähili wakalaryň öňüni almaga hereket edýär?

2) «Bir gün uruş çykan öýden kyrk gün bereket aýrylýar» diýen nakyl esasynda suratlarda berlen ýagdaýlary düşündiriň.

3) 2-,3-,4-nji suratlarda görkezilen ýagdaýlara garap, terrorçylar we dogmatlar yslam dininiň ynsanperwerlik mazmunyny aňan, düşünen we oňa amal eden diýmek mümkinmi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTANLY ISLAMŞYNASLARYŇ ÝÜZLENMESI

(2016-njy ýyl)

Eý, YŞYDçiler!!!

...

Siz sebäpli Yslamy ganhorlyk we nejislik dini diýip oýlaýan adamlar peýda boldy!..

Siziň şarlaryňyz we apatyňyz bilen ýaplar gana doldy...

Çagalar ýetim, aýallar dul, garrylar eklençsiz galdy!..

Siziň eliňiz bilen Pygamberleriň, keramatlylaryň, alymlaryň guburlary bozuldy, metjitler partladyldy!..

Siziň eliňiz bilen mekdepler, medreseler weýran edildi!..

Siz sebäpli näçe-näçe zawodlar, işhanalar ýapyldy!..

Siziň betbagtçylygyňyz sebäpli bütin dünýä musulmanlaryň üstünden güldi!..

Siziň gaharyňyz sebäpli millionlarça adamlaryň bilim ýoly ýapyldy!..

Siziň eliňiz bilen näçe-näçe keselhanalar ýapyldy, kesel, maýyp, çalajanlar sany artdy!..

Siziň başlangyjyňyz bilen näçe-näçe maşgalalar başpenasyz galdy!..

Siz sebäpli musulmanlara «nadanlyk», «rehimsizlik», «yzagalaklyk» ýaly tamgalar goýuldy!..

## MAGLUMAT ÜÇIN

«Din ýa-da ygtykat esasynda takatsyzlygyň we kemsitmeleriň islendik şekillerini ýok etmek baradaky Deklarasiýa» BMG Baş Assambleýasynyň 1981-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Rezolýusiýasy bilen yglan edilen. Şu Deklarasiýa ýuridik taýdan mejbury bolmasa-da, bu günki günde onuň düzgünleri halkara adaty hukuk normasydygyny tassyklamak mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## OWGANYSTAN MESELESINI ÇÖZMEK BOÝUNÇA ÖZBEGISTANYŇ BAŞLANGYJY

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda Owganystandaky ýagdaýy durnuklaşdyrmak regional global howpsuzlygy üpjün etmekdäki möhüm şertdigine dünýä bileleşiginiň ünsüni çekdi. Ýurdumyzyň Prezidenti şol çykyş arkaly Owganystanda parahatçylygy gazanmagyň ýeke-täk ýoly – merkezi hökümetiň we ýurduň içindäki esasy syýasy güýçleriň arasynda öňünden hiç hili şert goýmazdan, gönüden-göni gepleşik alyp barmakdygyny nygtady.

Owganystanyň çäginde we BMG hemaýatyna geçmegi, munda owganystanlylaryň özleri aýgytlaýjy orun tutmalydyklary we öz ykbalyny özleri özbaşdak çözmäge haklydyklaryny nygtap geçdi.

Şonuň ýaly-da, ýurdumyzyň Prezidenti Özbegistan Owganystanyň ykdysady dikeldilmegine, onuň transport we energetika infrastrukturasyny ösdürmäge, milli kadrlaryny taýýarlamaga uly goşant goşýandygyny we bu işler mundan beýläk hem dowam etjekdigini nygtady. Şunuň bilen birlikde Owganystan problemasy global möçberdäki meseleler merkezinde bolmalydygy, halkara bileleşigiň tagallalary, birinji nobatda, Owganystandaky ýiti sosial-ykdysady problemalary çözmäge gönükdirilmelidigi baradaky teklibi öňe sürdi.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

Sebitleýin dawalar Özbegistanyň howpsuzlygyna nähili howp salmagy mümkin?

### MAGLUMAT ÜÇIN

Özbegistan Ýewropa Geňeşi çäginde ençeme halkara şertnamalara gol çekdi. Bular:

1977-nji ýyldaky terrorizmiň öňüni almak;

1978-nji ýyldaky şahslaryň ot açýan ýaraglary satyn almak we olaryň saklanyşyna gözegçilik etmek;

1983-nji ýyldaky zorluk bilen amala aşyrylan jenaýatlar netijesinde jebir çekenlere kompensasiýalar bermek baradaky konwensiýalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2018-nji ýylyň 26–27-nji mart günleri Özbegistanyň başlangyjy bilen paýtagtymyzda «Parahatçylyk prosesi, howpsuzlyk ugrunda hyzmatdaşlyk we regional şäriklik» temasynda halkara konferensiýa guraldy.

Döwletimiziň ýolbaşçysy Şawkat Mirziýoýew Owganystan topragynda baryp 40 ýyldan bäri dowam edýän ýaragly çaknyşyk barada aýtmak bilen, «uruş ýalny» bu ýere daşardan alyp girilýändigi we bu owgan halkynyň erk-islegi dälligini nygtady. Prezidentimiz halkara guramalaryň we daşary ýurtly syýasy güýçleriň

## MAGLUMAT ÜÇIN





Daşkent şäherinde 2018-nji ýylyň 11-12-nji iýun günleri «Terrorizme getirýän agressiw ekstremizmiň we radikalizmiň öňüni almak hem-de olara garşy göreşmekde ýaşlaryň roly» temasynda halkara konferensiýa bolup geçdi.

Konferensiýada BMG, Ýewropa Soýuzy, ÝHHG ýaly abraýly halkara guramalar, ABŞ, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Ispaniýa, Niderlandiýa, Latwiýa, Pakistan, Russiýa, Saud Arabystany, Täjigistan, Hytaý, Hindistan, Ýaponiýa, Malaýziýa, Kuweýt, Gazagystan, Gyrgyzystan, Owganystan ýaly ýurtlaryň delegasiýalary, daşary ýurtly ekspertler, senatorlar, deputatlar, Özbegistan ýaşlar bileleşiginiň aktiwleri, alymlar gatnaşdylar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gatyşmagy bilen entegem Owganystanda halkara terrorçy toparlaryň sanynyň barha köpelýändigi, zorlugyň we gan döküşleriň, narkobiznesiň soňuna çykylmanlygy – bularyň ählisi netijesinde bu ýurtdaky ýagdaý dünýä bileleşigi tarapyndan inkär edilmegine ýol berip bolmaýandygyny aýratyn nygtady.

Konferensiýa gatnaşyjylary maslahatyň jemleri boýunça Daşkent deklarasiýasyna gol çekdiler. Şol resminamada sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny giňelt-



Ýowlaşmak – aňsat,
ýaraşmak – kyn.

***Halk nakyly***



**HALKARA HUKUK**

1. Her bir adam pikirlenme, wyždan we din azatlygy hukugyna eýedir. Şu hukuk öz saýlawyna görä dine ýa-da ygtykada eýe bolmak ýa-da kabul etmek hem-de ýekelikde ýa-da başgalar bilen bilelikde, aç-açan ýa-da hususy tertipde ybadatlary berjaý etmek, dini we başga däp-dessurlary, tälimi ýerine ýetirmek azatlygyny öz içine alýar.
2. Hiç kim öz ygtyýary bilen öz dinine ýa-da ygtykadyna eýe bolmak ýa-da olary kabul etmek erkini kemsitýänn mejburlamaga duçar bolmaly däldir.
3. Dine ýa-da ygtykada eýe bolmak erki diňe kanunda kesgitlenen we başga şahslaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny saklamak üçin zerur derejede bolşy ýaly jemgyýetçilik howpsuzlygyny, tertibi, saglygy we ahlak-edebi saklamak üçin, çäklenýär.
4. Şu Paktde gatnaşýan döwletleriň paýyna ata-eneler, degişli ýagdaýlarda kanuny hossarlaryň, çagalaryny öz ygtykatlaryna görä dini we ahlak terbiýelemek erkini hormat etmek borjuny alýarlar».

***«Raýatlyk we syýasy hukuklar barada halkara Pakt» 18-nji madda***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her bir işde-de gapyllyk etme, hügär bol, gapyllaryň işleri hiç haçan göwnejaý bolmaýar.

**Ýusuf Has Hojib**

mek, agzybir goňşuçylyk gatnaşyklaryny ýene-de berkitmek ýaly haýyrly maksatlar nazarda tutulan.

Daşkent konferensiýasynyň ýigrimiden artyk döwlet hem-de Ýewropa Soýuzy we BMG gol çeken 24 bentden ybarat deklarasiýasyna: regional ykdysady hyzmatdaşlyk Owganystan we bütin regionda parahatçylygy we abadançylygy üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedigini ykrar etmek; Owganystan hökümetini we «Talibany» syýasy gepleşiklere girişmäge, ähli ýurtlary Owganystanyň içki işlerine gatyşmazlyga çagyrmak; BMG-nyň Global antiterrorçylyk strategiýasy we BMG Howpsuzlyk Geňeşiniň rezolýusiýalaryna görä terrorizmiň soňuna çykmak boýunça regional we halkara hyzmatdaşlygyň möhümdigini nygtamak ýaly derwaýys meseleler girizildi.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2017-nji ýylyň 13-nji noýabryndaky «Özbegistan Respublikasynyň Ýokary we ýörite orta tälim ministrliginiň ýanynda Owganystanyň raýatlaryny okatmak tälim merkeziniň işini guramak barada»ky 911-nji belgili karary kabul edildi. Karara görä Surhanderýa welaýatynyň Termiz tümeninde Owganystanyň raýatlaryny okatmak tälim merkezi döredildi. Merkezde Owganystan tarapy buýurmanamalaryna görä gumanitar, pedagogika we inžener-tehnik tälim ugurlary boýunça kadrlar taýýarlanýar.



*Surhanderýa welaýatynyň Termiz tümenindäki Owganystanyň raýatlaryny okadyş tälim merkezi*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTANYŇ MERKEZI AZIÝADA DURNUKLYLYGY ÜPJÜN ETMEKDÄKI ORNY

Diňe 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork we Waşington şäherlerinde amala aşyrylan terroristik hereketlerden soň halkara bileleşigi öz nazaryny Owganystana gönükdirip başlady, ol ýerden dünýä ýaýraýan terrorizm, dini ekstremizm we neşekeşlik ýaly nogsanlaryň netijesini aňdylar.

2012-nji ýylda döwletimiz özüniň daşary syýasy işiniň konsepsiýasyny yglan etdi. Onda regional howpsuzlygy üpjün etmek we onuň durnuklylygyna howp döredýän halkara terrorizm, narkobiznes, ekstremizm ýaly howplaryň islendik görnüşine garşy özüniň berk pozisiýasyny bildirdi. Konsepsiýada dünýädäki halkara gatnaşyklaryň bu günki ýagdaýyna, dünýä meýdanynda bolýan trendlere we düýpli özgerişlere giň gerimli häsiýetnama berlen.

Konsepsiýada Merkezi Aziýa meseleleri daşky güýçler gatyşmazdan, sebitdäki döwletleriň özleri tarapyndan çözülmeli, diýilýär. Onda ýurdumyzyň ýanynda we dünýäniň başga ýerlerinde ýüze çykýan ýaragly dawalara hem üns gönükdirilen.

Özbegistanyň hökümeti Owganystanda emele gelen birahat ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Owganystanda gepleşik toparyny gurap, özara göreş alyp barýan güýçleriň arasynda ylalaşyk gazanmak we koalision owgan hökümetini şekillendirmelidigini öňe sürdi.

Şu bilen birlikde Özbegistanyň goňşy Owganystana görä tutýan pozisiýasy anyk kesgitläp berlen.

Özbegistan Respublikasy halkara gatnaşyklarda «özara deň hukuklylyk prinsipine»amal etmegi we öz daşary syýasatynda «halkara hukugyň umumykrar

Azatlyk we boş wagt… Bu iki zada men şeýle bir doly eýelik edýärin we ony şu derejede gadyrlaýan weli, şeýle ýeňilligi we häziri satyn almaga älemdäki iň gurply patyşanyň hem gurby ýetmeýär.

***Rene Dekart***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

edilen prinsiplerine we normalaryna wepaly bolmagy»ny yglan eden. Ýokardakylardan döwletimiziň halkara meýdanda alyp barýan daşary syýasatyny «parahatçylyk» we «hyzmatdaşlyk» sözlerinde jemlenendigini görüp bileris.

Özbegistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek ugrundaky tagallalary, geografik ýerleşişine we aňyýetine seretmezden, ähli ýurtlar bilen açyk, dostlukly gatnaşyklary ýola goýlandygy onuň dünýäde tiz ykrar edilmegini üpjün etdi.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Owganystan problemasini çözmek boýunça Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda nähili başlangyç bilen çykdy?
2. www.prezident.uz saýtyndan Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda sözlän sözüni tapyp okaň. Çykyşda dünýäde terrorizm howplaryny getirip çykarýan esasy sebäpler bilen göreşmek meselesinde nähili teklipler berendigini anyklaň we gatnaşygyňyzy bildiriň. Şu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ýurdumyzda amala aşyrylýan işler barada maglumat beriň.
3. Ýurdumyzyň ýolbaşçysy «...zorluk taglymy, «wirusy» ýaýramagynyň öňüni almak» meselesi boýunça nähili teklipleri öňe sürdi?
4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Samarkant şäherinde geçen «Merkezi Aziýa: ýeke-täk taryh we umumy gelejek, durnukly ilerleme we ösüş ugrundaky hyzmatdaşlyk» temasyndaky halkara konferensiýada sözlän sözüni we onda gozgalan meseleleri BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda sözlän başlangyjynyň ýerine ýetirilişi hökmünde bahalamak mümkinmi? Pikiriňizi çykyşdan sitatalar bilen esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 14-15-§ XX–XXI ASYRLARDA TARYKATÇYLYK

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. XX–XXI asyrlarda sufizm taglymaty.
2. Azaşan sopy toparlaryna mahsus aýratynlyklar.
3. Sufizm bilen tarykatçylygyň arasyndaky tapawut.

## XX-XXI ASYRLARDA SUFIZM TAGLYMATY

Musulman dünýäsiniň ähli diýen ýaly ýurtlarynda dürli sifizm tarykaty wekilleri iş alyp barýandygyny görmek mümkin.

Pakistanyň we Hindistanyň çäklerinde ýaýran tarykatlaryň urp-adatlarynda ýoga, buddizm, hinduiýlik we gadymky hindi filosofiýasynyň täsiri bar. Barlawiýa, Mehmandiýa we başga ençeme tarykatlarda gadymky hindi filosofiýasyndaky «tanosuh» (ruhuň göçüp gezmegi) taglymy giň orun alypdyr. Olar namaz ýa-da zikr wagtynda ýokardan bir ýeri boş goýýarlar we oň a Muhammet Pygamberiň ruhy gelip ornaşýar, diýip hasaplaýarlar. Metjitleriniň kybla tarapynda bolsa öz tarykatlaryny esaslandyryjylarynyň ýa-da pirleriniň gubury ýerleşen bolup, namazdan öň we soň ony togap edýärler. Şeýle ýagdaýlar yslam dini taglymatyna dogry gelmeýär.

Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurtlarynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan tä Awstraliýa arhipe-

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Häzirki günde dünýäniň ençeme ýurtlarynda Bahaweddin Nagyşbend (1318-1389) we ol esaslandyran nagyşbendiýa tarykaty uly abraýa eýe.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Eý Perwerdigärim, eý Ýary eziz, eger jenneti tama edip sygynýan bolsam, jennetiň den binesip et, eger dozahyň dan gorkup ybadat edýän bolsam, meni dozah odunda ýak – müň -müň razydyryn! Emma eger Seniň jemalyňy diýip gijeleri ukusyz geçirip, ýalbarýaryn, meni jemalyň dan mahrum etme!»

***Robia Adawiýa***

lagyna çenli bolan çäkde Bahaweddin Nagyşbendi we Nagyşbendiýa tarykatyny bilýärler we hormat edýärler. Näme üçin şeýle? Çünki Bahaweddin Nagyşbendi, ilki bilen, yslam dininiň şerigatynyň ölçeglerini berk saklapdyr we olaryň bozulmagyna ýol bermändir. Ikinjiden, ol çyn ynsany taglymlary we sypatlary öň e sürüpdir, jemgyýetiň dürli wekilleriniň arasynda futuwwet – jawanmerdlik uzlarynyň peýda bolmagyna itergi bolupdyr. Munuň arkasynda adamlar bir-birlerine maddy we ruhy kömek berip başlapdyrlar, durmuşdaky kynçylygy raýdaşlykda ýeň ip geçip, şatlyklaryny hem bile paýlaşypdyrlar.

Bularyň ähli Bahaweddin Nagyşbendi jemgyýetde gurmakçy bolan doganlygyň, raýdaşlygyň hut özidi. Onuň «Köň lüň Allada bolsun, eliň zähmetde», diýen şygary hünärmentlerde, daýhanlarda dine, dindar we tarykatçy sopylarda zähmete görä gowy gatnaşyk peýda edipdir. Bu, öz nobatynda, adamlaryň durmuş terziniň ýokarlanmagyna-da hyzmat edipdir.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Robia Adawiýa (713/714-801) — Basra terkidünýäleriniň görnükli wekili. Çagalygynda çory edilip satylan. Soňluk bilen azatlyga çykarylan. Birnäçe ýyl sährada ýalň yz ýaşapdyr. Ol Allany söýmekden başga ähli zatlary ret etmegiň tarapdari bolupdyr. Alladan hiç bähbit gözlemän, ony çynlakaý söýmek — ynsanyň ruhy durmuşynyň mazmunydygyny terkidünýälerden birinji bolup nygtapdyr. Robia Adawiýa yslam äleminde «keramatly» hökmünde beýgeldilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## AZAŞAN SOPY TOPARLARYŇ ÖZBOLUŞLY AÝRATYNLYKLARY

Yslam taryhynyň ähli döwürlerinde sifizmi dar manyda düşündirýän toparlar we şahslar bolupdyr. Olar ünsüni esasan sopuçylygyň daşky taraplaryna garadypdyrlar. Şeýleler häzirki günde-de tapylýar.

Şeýle toparlar üçin sopa ne dünýäden we ne ahyretden tamakinligi taglymynyň manysy bozulyp, dürli dessurçylyk, pirparazlyk, «mürit awlamak» (goadyrnagyň içindäki «mürit awy»), dürli dini dessurlarda özlerini aýratyn şahsdyklaryny görkezmek we şunuň bilen abraý, baýlyk artdyrmak maksatlaryna öwrülipdir.

Bu taýpalar sifizmiň kämil ynsan ýetişdirmek taglymyny ünsden daşda galdyrypdyrlar.

Şu sebäpli sifizmşynas alymlar tarapyndan şeýle taýpalary klassyky sifizmiň görnükli wekillerinden tapawutlandyryp bilmek, olary başga dürli akymlardan aýry görkezmek maksadynda «tarykatçylar» adalgasy ulanylyşa girizilipdir. Olaryň asyl maksatlary açyp berildi we din ulamalarynyň tankydyna duçar boldy.

## SIFIZM BILEN TARYKATÇYLYGYŇ ARASYNDAKY TAPAWUT

Tarykatçylygyň tarapdarlary dünýewi bilimleriň adamyň durmuşynda hökman dälligi, aýratynam gyzlaryň tälim almaklaryna päsgel bermek we başga kanundan daşary hökümler çykarýarlar. Asyrymyzyň başlarynda respublikamyzyň dürli sebitlerinde iş ýörediji tarykatçylaryň arasynda ençeme adaty däl amallar bolupdyr:

– tahajjud (gijeki) namazyny okamak parz (ýa-da wajyp), diýip hasaplamak;

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Tarykatçylar diýende sifizmiň diň e daşky taraplaryna esasy ünsi garadyp, onuň esasy aýratynlyklaryny bilmezden, pire çendenaşa, hatda şerigat kadasyndan çykyp «hyzmat etmegi» ýaşaýşyndaky iň esasy maksat diýip hasaplaýan adamlar ýa-da obşinalar, toparlar düşünilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– pire el bereniň öňki günäleri bagyşlanýar, kaza bolan (okalmadyk) namazlarynyň borjundan gutulýar, diýip hasaplamak;

– tarykatçylardan başga adamlaryň toý-märekelerine barmazlyk;

– piriň eli degen suwy mukaddes hasaplap, içmek;

– piriň öýi tarapa aýak uzatmak kybla aýak uzatmak ýaly günä bolýar, diýip hasaplamak;

– sakgalsyz we emeli tylla dişler goýduran ymam-hatyba we naýyplara ökünmezlik;

– telewizor görmezlik, radio eşitmezlik we başgalar.

Şeme meňzegin, ýagny hemmä röwşenlik bagyşla-da, özüň bolsa garaňkyda bol.

***Bahaweddin Nagyşbendi***

Bu toparlaryň şeýle adaty däly amallary yslam dini taglymatyna we däplerine umuman tersdir. Şonuň üçin hem häzirki wagtda özlerini tarykatçylar diýip dawa edýänler ilki bilen adaty tarykatyň esaslaryny gödek ýagdaýda bozýandyklary, galyberse-de, şerigatyň görkezmelerine-de amal etmeýändikleri ýüze çykýar. Şol sanda, piriň eli degen suwy mukaddes diýip hasaplamak amalyny alalyň. Birinjiden, adam ýuwunanda suwa onuň el-ýüzünden dürli zyýanly mikroblar düşýär. Ony içmek agyr kesele getirmegi mümkin. Ikinjiden, Ymam A’zam

**MAGLUMAT ÜÇIN**

*Biz üçin Buharadan alys bolan Londonda durup, adamyň kämilligi we ruhy terbiýesiniň deňi-taýsyz çeşmesi bolan Nagyşbendiýa taglymatyna amal etmek gaty möhüm. Özbegistandaky ýedi piriň ýatan ýerlerini zyýarat etmek, Gijduwony we Nagyşbendi hezretleriniň doglan senelerine bagyşlanan halkara konferensiýalarda gatnaşmagy arzuw edýärin. Bu ýurt dünýä ruhy terbiýe halypalaryny beren toprak hökmünde hemişe gadyrli bolup galýar.*

***Britaniýa. Şyh Zimer Salyhy. 2018-nji ýyl.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nazdida bu suw nejasat bilen garyşan hasaplanýar. Fakih alymlar ony içmegi gadagan eeipdirler.

Sufizm diýende, maşgalany, güzerany, jogapkärligi unudyp, terkidünýä etmek düşünilmeýär.

Käbir adamlar tarykata girenlerini bahana edip, daşky keşp we däp-dessurlara uly ähmiýet berýärler, emma maşgalalary, perzentleri öňündäki borçlaryny unudyp goýýarlar. Olar maşgalasyny özleriçe ***«Allatagala töwekgel edip»*** mejbury üpjünçiligini terk edip, piriň hyzmatyny maşgalanyň öňündäki wajyp jogapkärlikden üstün goýýarlar.

Şu ýol bilen, sufizmiň asyl mazmunyny aňmadyk we hakykatyndan bihabar nadanlyk atyna münenler tarykatçylara-da, sufizm adyna hem ysnat getirýärler.

Tarykatçylaryň işi sebäpli jemgyýetçilik dawalaryna sebäp bolýan ýagdaýlar barada pikir ýöretmek bilen biz aşakdaky ýagdaýlary hem nazardan daşda galdyrmaly däldiris. Tarykatçylaryň arasynda:

— tarykatda bolmadyklara görä pes nazar bilen garaýyş bar;

— bilim almaga bolan höweslendirmäniň gowşaklygy – göýä «köp keramatlylar okamasalar-da uly derejelere ýetipdirler» diýip çemeleşmek;



Siziň ýagşylaryňyz dünýäniň işi diýip ahyreti, ahyret diýip dünýäni terk etmeýän we adamlara agramyny salmaýanlaryňyzdyr.

***Hadys***



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Tarykatçylaryň işi Yslam dininiň taglymatyna dogry gelýärmi?
2. Pikiriňizi düşündirende aşakda berlen tekstden peýdalanyň.

*Adamlardan (ulumsylyk bilen) ýüzüňizi öwürmegin we ýerde ulumsylyk bilen ýöremegin. Çünki Alla ähli—ulumsy —öwünjeň kimseleri söýmeýär.*

***Gurhany Kerim Lukman süresi. 18-nji aýat.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

— maşgalaly tarykatçylaryň maşgalalarynyň üpjünçiligini «Allatagala töwekgel» edip, pirden wezipe alanlyk bahanasynda maşgalanyň maddy üpjünçiliginden boýun towlamak ýagdaýlary;

— häzirki zaman ösüşiniň gazananlaryna erbet gatnaşykda bolmak, häzirki zaman geýim geýip ýöreýänlere görä gowy pikirde bolmazlyk we ş.m.

Tarykatçylar tarapyndan şerigatyň talaplarynyň nädogry düşündirilmegi, adaty yslam ugurlaryna ters bolan düzgünleri işläp taýýarlamagy adamlaryň arasynda närazylyklaryň gelip çykmagyna sebäp bolýar.

Mundan daşary käbir tarykatçylar sopy tebipçiligi, sopy gimnastikasy, sopy söweş sungaty ýaly merkezleri açyp, şu arkaly adamlaryň ünsüni çekmek usullaryndan hem peýdalanýarlar. Şeýle tarykatçylar yslamyň esaslaryny bozup düşündirmek, dürli başga dinleriň taglymatlaryny we amalyýetlerini sufizme degişli, diýip wagyz etmek, yslam dinine aragatnaşygy bolmadyk dürli ýat taglymlary musulmanlaryň arasynda ýaýramagyna,

Peýdasyz sözi köp aýtma we peýdaly sözi köp eşitmekden gaýtma.

***Alyşir Nowaýy***

## TARYHA NAZAR

Bahaweddin Nagyşbendi (1318-1389) – nagyşbendilik tarykatynyň beýik wekili. Iliň arasynda Hoja Bahaweddin Belagerdan, Hojai Buzruk, Şah Nagyşbendi atlary bilen meşhur. Buharada Kasyry Hinduwan obasynda doglan. Bahaweddin Nagyşbendi Babaýy Samosiý, Emir Külal, Mawlana Orif, Halil ata, Kusam Şyh ýaly halypalardan sapak alypdyr. Ol iki gezek haja barypdyr. Garyplykda ýaşapdyr, diňe öz zähmeti arkaly daýhançylyk we soňrak mise we parça nagyş salmak bilen güzeranyny geçiripdir. Öz taglymatyny döretmekde Abduhalyk Gijduwanynyň taglymaty esas bolupdyr. «Hojagon» dinastiýasynyň sekiz maddadan ybarat düzgünine özüniň üç düzgünini (talaby) goşup ony kämilleşdiripdir. Şeýdip sufizm nagyşbendiýa tarykatynda ýene-de kämillik gazanypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

olaryň ygtykatlarynyň bozulmagyna, sagdyn pikire putur ýetmegine sebäp bolýarlar. Tarykatçylaryň arasynda seýrek duşýan öz toparynyň agzalarynynyň pirine el bermedik başga ýönekeý musulmanlardan üstün goýmak, «piri ýoguň – dini ýok» ýaly taglymlary ýaýratmaga synanyşýarlar.

Sufizm bolsa şeýle nädogry pikirlere garşy bolupdyr. Sufizm adamlaryň arasynda deňlik, doganlyk, sosial adalat, jemgyýete peýdaly zähmet bilen meşgul bolmagy wagyz edipdirler. Meselem, Bahaweddin Nagyşbendiniň «dil ba Ýaru dast ba kor» tarykaty özüniň mazmunyny ýitirenok.

Sufizm garaýyşlarynyň bitewi taglymata öwrülip, yslam ülkelerine giň ýaýramagy we adamlaryň durmuşynda möhüm reallyga öwrülipdir.

Klassyky sufizme mahsus bolan gözel ahlak, ýokary ruhy sypatlary şekillendirmek, kämil adam, nebis terbiýesi, watanperwerlik ýaly taglymlar halkymyzyň asyrlaryň dowamynda kämillige ýeten ruhy baýlygyny düzýär. Häzirki şertde-de sufizmiň ynha şeýle aýratynlyklaryny görkezip bermek, adamlary dürli esassyz taglymlara we pikirlere azaşyp girip galmagynyň öňüni almakda möhüm ähmiýete eýe.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Merkezi Aziýada sifizmi we tarykatçylygyň arasyndaky deň gelmezlik uly ylmy mirasdan we adatylykdan üzň eleşmegiň netijesidir.

**BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR**

1. Sufizmiň asl mazmunyny bozup düşündirmek nähili netijelere getirýär?
2. Tarykatçylygyň sufizmden tapawudy nämede?
3. Tarykatçylygyň nähili alamatlaryny bildiňiz?
4. Tarykatçylar tarapyndan nähili ýerliksiz ýagdaýlar bolupdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 16-17-§ XX-XXI ASYRLARDA DIN WE MEDENIÝET

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Diniň medeni durmuşdaky orny.
2. Yslam siwilizasiýanyň merkezleriniň döredilmegi.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Medeniýetiň bitewi ulgamynda iki uly ugur tapawutlanýar. Bular öz many – mazmunyna görä maddy we ruhy taýdan medeniýetlerdir.

## DINIŇ MEDENI DURMUŞDAKY ORNY

Medeniýet adamyň we jemgyýetiň durmuşynda möhüm orun tutýar. Medeniýet adamzada birek-birege gowy gatnaşyk etmek, özgeleri hormat etmek, ýer ýüzünde parahat-asuda ýaşamagy öwredýär. Dine uýýanlaryň sosial, etniki we ruhy durmuşyna täsir edýär. Bu bolsa dünýä halklarynyň medeniýeti, edebiýaty, sungaty ýaly ugurlaryna girip barşynda görünýär.

Diniň medeniýeti wagyz etmek funksiýasy ilki medeniýetiň mälim bir gatlaklary – ýazuw, kitap çap etmek, sungatyň umuman ösüşine kömek berýän bolsa, häzirki wagtda käbir medeni fenomenleri höweslendirip, käbirlerini inkär etmek bilen dini medeni gymmatlyklary saklamak we köpeltmek, ylmy-ruhy mirasy nesilden nesle galdyrmak wezipelerini ýerine ýetirýär.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Dini medeniýet – adam ruhunyň iýmitidir. Adamzat öz ösüşi döwründe dürli dinlere ygtykat edip gelipdir. Ylahy güýçler arkaly tebigatdan kömek sorapdyrlar. Dünýäde iň köp ýaýran dinler üç sany: buddizm, hristiançylyk, yslam.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. XX-XXI asyrlarda gurlan şu ybadathanalaryň arhitekturasyna üns beriň we diniň medeniýete, ösüşe täsiri barada maglumat beriň.
2. Dine uýýanlaryň ruhy durmuşyna, gündelik durmuş tärine girip barşy barada maglumat beriň.
3. Pikiriňizi «dini medeni gymmatlyklary saklamak we köpeltmek, ylmy-ruhy mirasy nesilden nesle galdyrmak» ýaly wezipeleri bilen baglap düşündiriň.



## YSLAM MEDENIÝETINIŇ PAÝTAGTLARY

2005-nji ýyldan başlap Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna (YHG) degişli Tälim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça halkara yslam guramasy (ISESCO) her ýyl gurama agza Aziýa, Afrika we arap ýurtlarynyň şäherlerini «Yslam medeniýetiniň paýtagty» diýip yglan edýär. ISESCO-nyň musulman dünýäsindäki belli bir şäherleri yslam medeniýetiniň paýtagtlary diýip yglan etmegi musulman ýurtlarynyň arasyndaky medeni aragatnaşyklary ösdürmek, yslam medeniýetine degişli ylmy-magaryf, taryhy-binagärlik mirasy öwrenmek, dikeltmek we wagyz etmek, dinlerara we siwilizasiýalarara gatnaşygy güýçlendirmek, dürli ýurtlaryň bu babatdaky tagallalaryny goldamak hem-de höweslendirmek maksadyny gözleýär.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Mekge şäherindäki «Metjitul Haram», Medine şäherindäki «Metjitun Nabawiý» we Iýerusalimdäki «Metjitul Akso» yslamdaky baş metjitler hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## YSLAM MEDENIÝETINIŇ PAÝTAGTLARY



*Halap*



*Almaty*



*Bişkek*



*Fes*

ISESCO tarapyndan şäherleri Yslam medeniýetiniň paýtagty diýip yglan etmekde:

- gadymy yslam ýadygärlikleri we binagärlik ýadygärlikleri;
- yslam medeniýetine goşant goşýan, ylmy, medeni eserler;
- ylmy barlag, golýazmalar we arheologik merkezleriniň;
- medeni edaralar arkaly festiwallar, medeni çäreler, kitaplar we suratlar, tejribe işleri we neşir işleri;
- şäheriň taryhy barada ýokardaky talaplar esasynda maglumatlaryň barlygyna esaslanýar.

ISESCO tarapyndan 2005-nji ýylda Mekge yslam medeniýetiniň paýtagty diýlip yglan edilen bolsa, 2018-nji ýyla çenli 43 döwlet şu derejäni aldy. Olaryň içinde: Yspyhan (Eýran), Halap (Siriýa), Timbuktu (Mali), Daşkent (Özbegistan), Tripoli (Liwiýa), Fes (Marokko), Dakar (Senegal), Almaty (Gazagystan), Duşenbe (Täjigistan), Bişkek (Gyrgyzystan), Gazna (Owganystan) ýaly şäherler hem bar.



### DÖREDIJILIKLI IŞ

Taryh ylmynda alan bilimleriňiz esasynda Yslam medeniýetiniň paýtagty adyny alan şäherleriň taryhy barada maglumot beriň. Maglumat berende ISESCO tarapyndan şäherleri Yslam medeniýetiniň paýtagty diýip yglan etmegine degişli talaplardan peýdalanyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Musulmanlaryň ylym isläp eden tagallalary sebäpli dünýäde birinji kämil uniwersitetleriň düýbi tutuldy. Tunisde «Zaýtuna» 732-nji ýylda, Bagdatda «Baýt ul-hikme» 829-njy ýylda, Fesde (Marokko) «Karowiýun» 859-njy ýylda, Kairde «al-Azhar» 970-nji ýylda, Horezmde Ma’mun akademiýasy 1004-nji ýylda döredilen. Musulman älemindäki bu ylym dergähleriniň aglabasy müň ýyldan artyk iş alyp barýar.

## DÜNÝÄDÄKI ILKINJI UNIWERSITETLER


*Zaýtuna uniwersiteti*


*Al-Azhar uniwersiteti*


*Karowiýun uniwersiteti*


*Baýt-ul Hikme akademiýasy*



*Ma’mun akademiýasy*

## TARYHA NAZAR

1173-nji ýylda aradan çykan Totbaliy (Tudelskiý) Isgenderiýada 20 medrese bolanlygy, Bagdat, Kair, Kordowa we şuň a meň zeş uly şäherlerde laboratoriýa, obserwatoriýlar gurlandygy hem-de ylmy barlaga gerekli ähli şertler döredilendigi, kitaba baý kitaphanalara eýe «juma» – uniwersitetler gurlandygy barada maglumat beripdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DAŞKENT – YSLAM MEDENIÝETINIŇ PAÝTAGTY

Daşkent gadymdan ylym-bilim, medeniýet merkezi bolup gelipdir. Şu şäherde orta asyrlarda dürli ylymlaryň ugurlary boýunça iş alyp baran 100-den artyk alymlaryň atlary anyklanan. Şol sanda, Hezreti Ymam diýlip hormatlanýan Abu Bekr Kaffol Şaşy (904 – 976), ynamly muhaddis hökmünde tanalan Abu Said Haýsam ibn Kulaýp Şaşy (947 ar.çyk.) hem-de «Fahr ul-yslam», «al–Ymam al-Kebir» atlaryna sezewar Abu Bekr Muhammet ibn Ahmet Şaşy (1038-1114) atlaryny aýratyn bellemek mümkin.

Döwürdeşleri «Hezreti Ymam» diýlip hotmatlanýan bu beýik ynsanyň doly ady – Abu Bekr Muhammet ibn Ali ibn Ysmaýyl Kaffol Şaşy bolup, arap çeşmelerinde oňa aýratyn hormat berjaý etmek üçin adyna «uly», «beýik» manysyny aňladýan «Kebir» sözüni goşup ýazýarlar.

Ymam Kaffol Şaşy ady bilen şöhrat gazanan Hastymam mähellesi öz döwründe Daşkendiň dini, ylmy, ruhy we medeni aň-bilim merkezi hökmünde tanalypdyr. Gynansak-da, sowetleriň eždatlarymyzyň ýatan ýerlerine we zyýaratgählerine görä ateistik gatnaşyklary netijesinde şeýle mesgenler ünsden düşürlipdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ylmy-ruhy, dini-magaryf edebiýatlaryň çap edilmegine giň mümkinçilikler döredildi. Hut Daşkentde Gurhany kerim we hadysy şerifler, şonuň ýaly-da, yslam ruhy mirasyna ullakan goşant goşan beýik alymlaryň eserleriniň özbek dilindäki neşirleri çap edildi. Häzirki günde paýtagtymyzyň iň köne künjeginde, Özbegistan musulmanlarynyň edarasynyň ýanynda ýerleşýän Kaffol Şaşy ady bilen bagly Hezreti Ymam (Hastymam)



*Minor metjidi*



*Hezreti Ymam (Hastymam) toplumy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

toplumy ýyldan-ýyla abat bolup, Köne şäheriň görküne görk goşýan taryhy mesgenlerden birine öwrüldi.

Ýokarda agzalan yslam dininiň we medeniýetiniň dürli taraplaryna gönüden-göni bagly bolan bu beýik işler ullakan ukyp we danyşmentlik bilen alnyp barylýan dana we halkçyl syýasatyň netijesidir.

Ýurdumyzyň paýtagty – Daşkent şäheriniň yslam medeniýetiniň paýtagty, diýlip yglan edilmegi, yslam medeniýetini we gymmatlyklaryny dikeltmekde hem-de ösdürmekde Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýewiň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan işleriň bütindünýä ähmiýete eýediginiň ykrarydyr.



*Daşkentdäki Ymam Termizi metjidi*



*Barakhan medresesi*



*Hoja Ahror Weliý metjidi*

## ÖZBEGISTANDAKY YSLAM SIWILIZASIÝASY MERKEZINIŇ IŞI

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Özbegistandaky Yslam siwilizasiýasy merkeziniň işiniň esasy maksady – yslam dini bilen bagly baý we seýrek mirasy ylmy esasda her taraplaýyn çuňňur öwrenmek, ýurdumyzdan ýetişip çykan beýik alymlaryň we akyldarlaryň durmuşy we ylmy-döredijilikli işi barada bitewi düşünje oýarmak, olar bilen halkymyzy we dünýä bileleşigini giňden tanyşdyrmak, halkara möçberde dinlerara we siwilizasiýalarara gatnaşygy ýola goýmak, yslam dininiň ynsanperwerlik mazmunyny açyp bermek, jaýagdaýa garşy magaryf bilen göreşmek, ýaş nesli gumanistik taglymlar, milli buýsanç we guwanç ruhunda terbiýelemekden ybarat.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Biziň tejribämiziň görkezişi ýaly, birinji nobatda ýaşlary ylym-bilime öwretmek, olara yslam dininiň ynsanperwerlik mazmunyny, yslam medeniýetiniň asyl gymmatlyklaryny ýetirmek ekstremizme garşy göreşmegiň iň netijeli serişdesi hasaplanýar.*

*Bu babatda biz Samarkantda Ymam Buhary halkara ylmy-barlag merkezini we Daşkentde Yslam siwilizasiýasynyň merkezini döretmegi karar etdik.*

***Şawkat Mirziýoýew***

Merkeziň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

- ýurdumyzyň asyrlaryň dowamynda dünýä siwilizasiýasynyň aýrylmaz bölegi, yslam medeniýeti merkezlerinden biri bolup gelendigini görkeýän ylmy-taryhy konsepsiýany işläp taýýarlamak we amala aşyrmak;
- merkeziň düzümindäki kitaphana we arhiw, golýazmalar fondlaryny bu günki Özbegistan topragyndan ýetişip çykan beýik alymlar we akyldarlar, eziz-keramatlylar, olar tarapyndan esas salnan ylmy we dini mekdeplere degişli ýurdumyzda we daşary ýurtlarda saklanýan gadymy golýazma we daşbasma kitaplar, taryhy deliller we resminamalar, arheologik tapyndymalar, gadymy ýadygärlikler, şu ugurdaky häzirki zaman ylmy-barlag işleriň, kitaplaryň we toplumlaryň, wideo we foto resminamalaryň hasabyndan şekillendirmek;
- merkeziň düzümindäki muzeý ekspozisiýasynyň temanyň ýönelişlerini çuňňur oýlanan, ylmy esaslandyrylan anyk plan boýunça şekillendirmek we ony iň döwrebap informasion-kommunikasiýa tehnologiýalary esasynda görkezmek;
- yslam dininiň ösüşine uly goşant goşan beýik watandaşlarymyz — Ymam Buhary, Ymam Termizi, Hekim Termizi, Abu Mansur Moturudiý, Abu Muin Nasafy, Kaffol Şaşy, Abdulhalyk Gijduwany, Nejmiddin Kubra, Burhaniddin Marginany, Bahaweddin Nagyşbendi, Hoja Ahror Weliý ýaly beýik alymalaryň deňi-taýsyz mirasyny ylmy esasda çuňňur öwrenmek, olaryň ylmy-ru-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hy edermenligini, ýokary adamkärçilik sypatlaryny giň wagyz etmek;

- dünýä ylym-biliminiň taryhynda öçmejek yz galdyran Muhammet Horezmi, Ahmet Fergany, Abu Nasyr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Abu Ali Ibn Sina, Mahmyt Zamahşary, Mürze Ulugbek, Ali Guşçy ýaly alymlaryň we akyldarlaryň mirasynyň taryhyny we häzirki zaman siwilizasiýa ösüşindäki ornuny we ähmiýetini, Alyşir Nowaýy, Zahiriddin Muhammet Babur, Kemiliddin Behzad, Mahmyt Muzahhib ýaly klassyky edebiýat we sungat wekilleriniň döredijiliginiň ynsanperwerlik mazmunyny çuňňur açyp bermek;
- yslam dini adamlary, ähli milletleri we halklary hemişe nurly durmuşa, ýagşylyga, özara dostluga we adamkärçilige agyrandygy, onuň asyl, gumanistik mazmunyny çuňňur derňemäge gönükdirilen ylmy barlaglar, dünýä adamlaryny bir maksat ugrunda — tümlüge garşy magaryf bilen göreşmek ugrunda birleşmäge çagyrýan dürli maslahatlar, medeni aň-bilim çäreleri amala aşyrmak;

Adamlaryň batyry gelejekdäki işlerden gorkmaýar. Kämilligi emele getirmekden daşlaşan adam adamlaryň iň gorkagydyr.

***Abu Ali ibn Sina***




«Ýewropanyň ähli ugrundaky ösüşinde Yslam medeniýetiniň hyzmaty biçak we Ýewropanyň ösüşine uly täsir eden ýiti eserleri bar... Ýewropa ýaşaýyş bagyşlan diňe bir tebigat ylymlary däl, eýsem Yslam medeniýeti Ýewropa ilkinji nuruny iberende her taraplaýyn Ýewropa öz täsirini ýetiripdi».

***Robert Briffault, «Adamzadyň ýaradylyşy» («The Making of Humanity») atly kitabyndan***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- Özbegistanyň gadymy taryhy we medeniýeti, döwletlilik däpleri, halkymyzyň durmuş ýörelgeleri we dünýägaraýşy yslam siwilizasiýasy bilen aýrylmaz baglylykda şekillenip, ösendigini Samarkant, Buhara, Hywa, Daşkent, Keş, Nasaf, Termiz, Andijan, Margilan, Kermene, Kokant ýaly gadymy şäherlerimiz, beýik alymlarymyzyň we eziz-keramatlylarymyzyň hatyrasyna bagyşlap ýurdumyzda gurlan ýadygärlik toplumlary, mukaddes zyýaratgähleriň maketleri, beýik şahslar, seýrek golýazmalar we daşbasma eserler, maddy we maddy däl miras, hususan-da, «Şaşmakom» nusgalary ýaly seýrek eksponatlar arkaly görkezmek, şu ugurlarda ylmy barlaglary alyp barmak, olaryň netijeleri esasynda kanunlary, kataloglary we albomlary, ylmy-köpçülikleýin toplumlary, telegepleşikleri, filmleri we başga materiallary taýýarlamak;
- Merkezde, ýerli we daşary ýurtly hünärmenleri giň çekmek bilen, ylmy-barlag işlerini ýola goýmak we olaryň netijelerinden ýurdumyzy hem-de dünýä jemgyýetçiligini habardar edip barmak;
- Ýewropa Renessansynyň şekillenmegine güýçli täsir eden Musulman Renessansy döwründe ylym-bilim,

Biz alymlardan yslam dinini we medeniýetini öwrendik. Bu ylymlar yslam siwilizasiýasynyň esasyny düzýär. Samarkant, Buhara, Daşkent beýik şahslar ýurdy. Olar bar güýjüni ylym almaga we ýaýratmaga sarp edipdirler... Olar peýdaly we bähbitli ylmy yhlas bilen ýaýratdylar...

***ISESCO baş direktory Abduleziz bin Usman at-Tuwaýjiriý***

**MAGLUMAT ÜÇIN**

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Özbegistandaky Yslam siwilizasiýasynyň merkezi Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň «Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti niňýanyndaky Özbegistandaky Yslam medeniýeti merkezini döretmek çäreleri barada» 2017-nji ýyl 23-nji iýundaky PK-3080-nji belgili kararyna esasan döredilen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

medeniýet we sungat, binagärlik ösüşi baradaky giň gerimli maglumatlar pawilýonlaryny guramak arkaly Merkezde görkezilýän ekspozisiýalary şu döwürlere degişli eksponat we görkezmeli çeşmeler bilen baýlaşdyrmak;

- dünýä taryhynda «Emir Temur we temuriler renessansy» diýen at bilen aýratyn orun eýeleýän döwürde döredilen ylym-bilim, medeniýet we binagärlik dürdänelerini yslam medeniýetiniň diňe bir ýurdumyzdaky däl, eýsem bütin musulman älemindäki ösüş we galkynyş döwri hökmünde görkezmek;
- bu günki günde barha uly ähmiýete eýe bolýan dinlerara we siwilizasiýalarara gatnaşygy netijeli ýola goýmak maksadynda Özbegistandaky Yslam siwilizasiýasynyň merkeziniň dünýädäki abraýy halkara ylmy edaralar we gurluşlar, şol sanda, UNESKO, ISESCO ýaly halkara guramalar bilen ýakyn hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny ýola goýmakdan ybarat.



Gowy ahlak sypatlara eýe adam — islendik gymmatbaha dürlerden hem gymmatlydyr.

***Ýusuf Hos Hojib***



Merkezi Aziýa – ilatyň ýaşy boýunça iň «ýaş» sebitlerden biridir: bu ýerde ilatyň baryp 60 göterimini ýaşlar düzýär we bu dünýä boýunça ortaça görkezijiden esli ýokarydyr.

Hut şu maksatda Özbegistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýakynda Nýu-Ýorkda bolup geçen sessiýasynda Ýaşlaryň hukuklary baradaky halkara konwensiýany işläp düzmek hem-de «Medeni a-bilim we dini bagrygiňlik» diýlip atlandyrylan ýörite rezolýusiýany kabul etmek başlangyjy bilen çykdy.

***Şawkat Mirziýoýew***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Samarkant.*
*Mürze Ulugbek alymlar bilen*

## MAGLUMAT ÜÇIN

Beýik Britaniýanyň Parlamentiniň lordlar palatasynyň wekili lord Muhammet Iltaf Şyh:

*«Eger Ulugbek häzir diri bolanda özbekler birinji bolup aýa sapar eden bolardy. Al-Horezmi bolmanda häzirki zaman tehnologiýalary hem bolmazdy. Ibn Sinanyň eserleri esasynda häzir Ýewropa lukmançylygy öwrenýär. Biz radikallaşma Özbegistan medeniýeti bilen garşy göreşmelidiris. Siz Ymam Buhary hadyslaryny iň lis diline terjime edip, düşündirip beriň. Biz bu kitaplar bilen tümlüge garşy göreşýäris».*

***2018-nji ýyl, 1-nji mart, London. Özbegistan we Beýik Britaniýa intelligentleri, dini ugur wekilleriniň duşuşygyndan.***

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Din medeniýetiň ösüşine nähili goşant goşdy?
2. Näme üçin Daşkent yslam medeniýetiniň merkezi diýlip yglan edildi?
3. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Özbegistandaky Yslam siwilizasiýasy merkeziniň işi barada maglumat beriň.
4. Din ýazuw, kitap çap etmek, sungatyň umuman ösüşine nähili goşant goşdy.
5. ISESCO-nyň musulman dünýäsindäki belli bir şäherleri yslam medeniýetiniň paýtagtlary diýip yglan etmekden nähili maksat gözlenýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 18–19-§ XX-XXI ASYRLARDA DINI DÄPLER WE DESSURLAR

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. «Däp-dessur» düşünjesiniň many-mazmuny.
2. Milli we dini dessurlaryň transformirlenme prosesleri.
3. Milli gymmatlyklar we dini däpler.

## «DÄP-DESSUR» DÜŞÜNJESINIŇ MANY-MAZMUNY

Her bir halkyň özboluşly urp-adaty, däpleri we dessurlary bar. Olaryň her biri başgasyndan düýpli tapawutlanýar. Biri peýdaly, biri umuman zyýanly. Urp-adat – adamlaryň durmuşyna siňip giden, mälim möhletde gaýtalanyp durýan hereket, köpçülik tarapyndan kabul edilen özüňi alyp baryş düzgünleriniň endigidir.

«Adat» diýen düşünje ol mälim şertiň täsirinde emele gelip, adamyň gylyk-häsiýetinde berkäp galan we soňluk bilen öz-özünden biygtyýar ýerine ýetirilýän hereket manysyny aňladýar. Däp-dessur adamyň durmuşyndaky möhüm wakalary nyşanlamaga gönükdirilen, resmi we ruhy şadyýanlyk ýagdaýda geçýän, umum kabul eden tertip-düzgünlere amal edilýän

Her bir guş öz sesinden şatlanar.

***Halk hikmeti***

**DÖREDIJILIKLI IŞ**

1. Siziň maşgalaňyzda nähili urp-adatlar bar?
2. Halkymyzyň haýsy adatlary gymmatlyk derejesinde kanun derejesine göterilen?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### DÖREDIJILIKLI IŞ

«At dakmak», «nikalaşma», «jaýlamak», «hatyra» ýaly düşünjeler nähili çäreleri özünde şöhlelendirýär?



*Afrika taýpalaryn-dan birinde duýgudaşlyk bildirmek adaty*



*Ülkämizde bahar we güýz aýlarynda gonamçylyklarda geçirilýän ýowar*

çäre hasaplanýar. Adamlar kimiňdir aladasyna ýa-da guwanjyna şärik bolýarlar, gelejek üçin gowy niýetleri edýärler. Her bir däp-dessuryň özboluşly umum kabul edilen gurluşy (başlanyşy, ortasy, ahyry) bolýar. Adamyň durmuşynda bolup geçýän möhüm wakany bellemek prosesinde däp hem, adat hem däp-dessur hem jemlenýär. Däp, adat, däp-dessur bir-biri bilen gönüden-göni bagly hadysa hasaplanýar.

Şu sebäpli-de däpleriň düzüm bölegi adat, adatyň düzüm bölegi bolsa däp-dessur hem bolmagy mümkin. Käbir ýagdaýlarda «däp», «adat» we «däp-dessur» düşünjeleri aýratyn ulanylsa, olar hyýaly manyny aňlatmagy-da mümkin. Şeýle wagtda olara anyklaýan sözler goşulyp, meselem, «däbe öwrülen baýram», «adaty festiwal», «adaty agşam» ýa-da «sylaglamak däp-dessury», «toý däp-dessury», «pensiýa ugratmak däbi» ýaly ulanylýar.

## MILLI WE DINI DESSURLARYŇ TRANSFORMIRLENME PROSESLERI

Ösüş, döwrüň talabyna jogap berýän urp-adat ýene-de güýçlenip zamana garap ösüp barýar. Özbek halkynyň maşgala däp-dessurlary hem taryhy zerurlyk esasynda emele gelen we zamanyň gysaçlaryndan geçip, möhüm ruhy gymmatlyk hökmünde ösen.

### MAGLUMAT ÜÇIN

«Däp-dessur» sözi jemgyýetçilik gatnaşmagynda geçirilýän uly çäre manysyny aňladýar. Maşgala urp-adatlary maşgalanyň peýda bolmagy bilen emele gelipdir. Şu sebäpli ol maşgalalaryň özgermegi bilen bilelikde ol hem özgeripdir, ösüş gazanypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XX asyrda täze urp-adatlar we däpler durmuşymyza girip geli başlady. Meselem, doglan bäbekleriň ata-enelerine şahadatnama ýa-da kämillik ýaşyna ýeten ýaşlara pasport tabşyrmak, okuw mekdebini gutaranlara dabaraly ýagdaýda diplom we şahadatnamalary gowşurmak we olary zähmet kollektiwine kabul etmek, dabaraly pensiýa ugratmak we başgalar. Häzire gelip, olar adaty çärelerimize öwrüldi.

*Dünýä we milli dinlerdäki ybadat dessurlary*



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Berlen teksti okaň.

1. Tekstdäki maşgala däplerini, gymmatlyklaryny we däp-dessurlaryny düşündiriň.
2. Ýene nähili maşgala çärelerini, dessurlaryny, däplerini we urp-adatlaryny bilýärsiňiz?
3. Maşgala çäreleri, dessurlary, däpleri we urp-adatlary näme maksatda geçirilýär?
4. Halkymyza mahsus bolan çäreler, dessurlar, däpler we urp-adatlar barada maglumat beriň.

*Myrat işe girenine-de bir aý boldy. Birinji aýlygyny getirdide enesine berdi. Enesi bolsa doga okap, maşgalanyň ulusy babaňyz oňa beriň, bu biziň maşgalanyň adaty diýdi. Şol gün maşgala agzalary agşamky saçagyň daşyna ýygnananlarynda Myradyň babasy, agtygynyň birinji halal işläp tapan puly bilen gutlap doga okady. Bu möhüm waka mynasybetli Myradyň enesi saçak ýazdy.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


*Surhanderýada Nowruz baýramy.*


*Hindistanda täze ýyl baýramy.*


*Tatar halkynyň baýramy «Saban toý».*


*Daşkentde maslenisa baýramy.*

Dini urp-adatlar, däpler we dessurlar wagtyň geçmegi bilen milli däplere we dessurlara öwrülmegine transformirlenme diýilýär. Meselem, hristian dini Ýewropa halklarynyň durmuşyna girip gelende şu diniň dessurlary şu halklaryň milli urp-adatlaryna we däplerine öwrüldi. Hristianlarda Rojdestwo baýramy, hindilerde Holi baýramy, koreýslerde şamanizm bilen bagly urp adatlar bar.

Özbegistanda bolsa, ähli dinlerde mukaddes diýlip hasaplanýan maşgala instituty milli gymmatlyk hökmünde Esasy kanuna girizilen we däbe öwrülen.

Dini dessurlary ýerine ýetirmekde din hyzmatçylary, soňluk bilen ruhanylar baştutanlyk edipdir. Olar öz däp-dessurlaryny ýuwaş-ýuwaşdan belli bir diniň talabyna, aýratynlygyna, taglymyna we zerurlygyna laýyklapdyrlar.

Hristiançylykda «Ýedi syrly däp-dessur», çokundyrmak, çörek we şerap datmak, miro ýagyny çalmak, toba-tezir etmek, ýeleý (mukaddes zeýtun ýagy) çalmak däbi, ruhany derejesini bermek, nika däp-dessurlary bar. Rojdestwo we Pasha hristiançylykda giňden bellenilýän iň esasy baýramlary hasaplanýar.

Yslamda akyka, emri maruf, hatna, oraza tutmak we Remezan baýramy, gurbanlyk etmek we gurban baýramy, haç, jynaza, nika, jaýlama we başga dessurlar bar.

Musaýylykda – ybadat, şenbe günini mukaddes diýip hasaplamak, dogulmak, kämillige ýetmek, nika we jaýlama dessurlary aýratyn orun tutýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MILLI GYMMATLYKLAR WE DINI DÄPLER

Özbegistanda dini dessurlaryň erkin geçirilmegi üpjün edilýär, emma munda kanunlar, jemgyýetçilik tertibi bozulmaly däl we şahsa hem-de raýatlaryň hukugyna putur ýetmeli däldir. Dini dessurlarda gatnaşmak raýatlaryň hususy işidir we hiç hili hukuk gatnaşyklaryny getirip çykarmaýar. Dini dessurlar ybadathanalarda, dini guramanyň edaralarynda, zyýaratgählerde, gonamçylyklarda, raýatlaryň öýlerinde we kwartiralarynda geçirilýär. Bellenilen ýerden daşarda dini dessurlar ýa-da köpçülikleýin ybadatlar geçirilýän ýagdaýlarda bu barada ýerli häkimiýet duýdurylmaly we şeýle çäreler berk tertip boýunça berjaý edilmek bilen guralmalydyr.

«Gymmatlyk» adalgasy bize arapça «gadyr» sözünden girip gelen bolup, bu günki günde bu düşünje barlyk we jemgyýetdäki käbir zadyň we hadysanyň adamlaryň arasyndaky, özara jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky tutýan möhüm ähmiýetini aňlatmak üçin ulanylýar.

Baýram – türki dilde «uly ýygyn», «toý» manylaryny aňladýar. Adalgada bolsa giň nyşanlanýan dabaraly gündir. Nesilden-nesle miras hökmünde geçip



Nowruz Hudaý mahlukaty ýaradan alty günüň birinjisidir. Gün we Aý pelegiň iki gözi bolşy ýaly, Nowruz we mehrjan zeminiň iki gözüdir.

***Abu Reýhan Biruny. «Gadymky halklardan galan ýady-gärlikler»***



### DÖREDIJILIKLI IŞ

Aşakdaky teksti okaň we ondaky «müň ýyllyk doganlyk we gowy goň şuçylyk uzlary» jümlesini tema bilen baglap düşündiriň .

*«Biziň sebitimiziň halklaryny müň ýyllyk doganlyk we gowy goň şuçylyk uzlary baglap durýar. Bizi taryh, din, umumy medeniýet we däpler birleşdirýär».*

***Şawkat Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Samarkantda bolup geçen halkara konferensiýadaky «Merkezi Aziýany taryh, din we umumy medeniýet we däpler birleşdirýär» temasyndaky çykyşyndan.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gelýän baýrama adaty baýram diýilýär (meselem, Nowruz baýramy). Bu görnüşdäki baýramlar käbir halkyň ýa-da milletiň şol bir wagtdaky jemgyýetçilik durmuşy, durmuş täri bilen gönüden-göni bagly bolmaýar.

Dini baýramda bolsa her bir diniň dogmalarynda kesgitlenen dessurlar nyşanlanýar. Gurhany kerim aýatlary we hadysy şeriflerde dini dessurlar we baýramlar barada köp maglumatlar berlen. (Meselem, Oraza baýramy we Gurban baýramy).

Ähli dinde adamyň wepat bolmagy bilen bagly dessurlar bar. Bu dessurlarda käbir dindäkiler ýörite geýim geýýärler. Käbirleri bolsa ýörite kelle geýmini geýýärler.

Yslam dininde matam dessurynda geýilýän ýörite lybaslar ýok. Ýöne, musulman bolan käbir halklar, özleriniň urp-adatlaryndan gelip çykyp geýinýärler. Yslam dininde göze görünýän gowy adatlardan biri, külpet düşen maşgalanyň goňşulary zaýaçylyga ýol bermezden derrew nahar bişirip getirýärler. Bu milli-dini gymmatlyga öwrülen adat.

Adam aradan çykandan soň onuň üç amalyndan başga ähli amallary togtaýar:

– onuň hakyna doga edýän salyh perzent;

– sadaky joriýa (gurduran ýollary, eken agaçlary we başgalar)

– adamlara peýdasy degýän ylym.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Yslam dininde ýas üçin üç gün bellenilen. Äri aradan çykan aýalyň ýas möhleti Gurhany kerimde dört aý on gün diýlip bellenen. Bu wagtyň içinde aýal ýasanmaýar, hoşboý zatlardan peýdalanmaýar, timarlanmaýar, «idda»si içinde başga durmuşa çykmaýar we muňa hereket hem etmeýär. Onuň geýminiň reňkiniň ähmiýeti ähmiýeti ýok, diňe ýönekeý, sada bolmagy maslahat berilýär. Ýedi, ýigrimy, kyrk, ýyl aşy, gara geýim geýmek, aýratynam aýallaryň ses edip agysy, bir ýyla çenli toý, şadyýanlyk etmezlik ýaly ýeres işleriň Yslam şerigatyna aragatnaşygy ýok.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Berlen suratlarda nähili gymmatlyklar görkezilen?
2. Siz şu gymmatlyklaryň haýsy birinde gatnaşypdyňyz?
3. Şu gymmatlyklary saklamak we nesilden-nesle geçirmek zerurmy? Zerur bolsa, bu barada nähili işleri amala aşyrmaly?








## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Adamyň durmuşynda däp-dessurlaryň nähili ähmiýeti bar?
2. Däp, adat, dessur bir-birine baglymy? Pikiriňizi esaslandyryň?
3. Näme üçin maşgala institutyny milli gymmatlyk hökmünde ykrar edýäris? Maşgala gymmatlykmy?
4. «Maşgala – mukaddes dergäh» diýende nämäni düşündiňiz?
5. «Umumadamzat gymmatlyklary» diýende nämäni düşünýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 20-21-§ HÄZIRKI ZAMAN INFORMASION PUDAKLAR WE DIN FAKTORY

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Din we kinematografiýa. Din we çeper edebiýat.
2. Wirtual messenjerler we olardan dürli ekstremistik akymlaryň peýdalanmagy.
3. Özbegistanda informasiýa çozuşlarynyň öňüni almak boýunça hereketler.

Informasiýa – adam öz duýgy organlary arkaly kabul edýän ähli signallar toplumy.







## DIN WE KINEMATOGRAFIÝA. DIN WE ÇEPER EDEBIÝAT

Ir bilen ukudan oýanan wagtymyzda tä giçki uka giden wagtymyza çenli töweregimizdäki ähli zatlar bize özi barada maglumat berip durýar. Bu günki günde maglumatlar şeýle bir köpelenliginden gerek bolmadyk informasiýalar bilen ýadymyz barha dolup barýberýär.

Radio, telewideniýe, telefon, internet ýaly informasion pudaklary arkaly iberilýän maglumatlar dürli görnüşe eýe. Olaryň arasynda tekst, surat, wideo, dürli belgiler ulgamy we başgalar bar. Kinematografiýa bu günki günde maglumat ibermegiň iň intensiw usulyna öwrüldi. Kino diňe bir maglumat geçirmek däl, eýsem terbiýelemek, aňyýet, dünýägaraýyş we ygtykady şekillendirmek wezipesini ýerine ýetirýär.

Ýurdumyzda garaşsyzlyk ýyllarynda ýaş nesli ýokary adamkärçilik sypatlar ruhunda terbiýelemäge gönükdirilen köp filmler döredilendir. Olar, esasan, beýik alym ata-babalarymyzyň durmuşy, ylmy işi, pikir-medeni aň-bilim mirasyny halkymyza ýetirip bermäge, döwrümiziň öz Watany, halky, adamkärçilik gymmatlyklaryny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goramakdaky görkezen gahrymançylyklaryny açyp bermäge bagyşlanan. Şu kinofilmleri gören tomaşaçylar olardan estetik lezzet, ylym-bilim bilen birlikde haýyrly işlere gujur we güýç-gaýrat alýarlar. Emma tüwi kürmeksiz bolmaýşy ýaly, ähli kinofilmler elmydama adamlara ylym-bilim ýaýratmak, gowy işlere ündemek, umumadamzat gymmatlyklaryny wagyz etmäge hyzmat edenok.

Tersine, käbir «işewürler» pul işlemek maksadynda ýa-da belli bir niýetlerini amala aşyrmagy nazarda tutmak bilen dürli kinematografiýa önümleri arkaly

Gowy işleriň ýene bir artykmaçlygy şundan ybarat bolup, ol kalby beýgeldýär we ony ýene-de ýagşy işlere meýilli edýär.

***Žan Žak Russo***

## DÖREDIJILIKLI IŞ

**Aşakdaky suratlara üns bilen garaň we olara gatnaşyk bildiriň.**

1. Pikiriňizi «aňyýet immuniteti», «milli we umumadamzat gymmatlyk», «ahlak-edep», «köpçülikleýin medeniýet» ýaly adalgalar esasynda düşündiriň.
2. Ikinji hatardaky teswirler adamyň ruhyýetine, aýratynam ýaş çagalaryň ruhyýetine nähili täsir edýär diýip oýlaýarsyňyz?











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Aşakdaky suratlara üns bilen garaň we olara gatnaşyk bildiriň. Berlen jedweli dolduryň.

| | |
|---|---|
| Multfilmleriň temasy: | |
| Olardaky ahlak-edebe ters düşünjeler we taglymlar: | |
| Milli we dini gymmatlyklara ters bolan aňyşet howplary: | |
| Gorkuly sahnalar: | |
| Olardaky aýdymlar: | |
| Siz halaýan sahnalar: | |
| Olaryň esasy taglymy: | |
| Inileriňize haýsy multfilmleri görmegi maslahat beren bolardyňyz? | |
| Haýsy gahrymanlaryň gatnaşmagyndaky multfilmler döredilmeli, diýip oýlaýarsyňyz? | |
| Multfilmlerdäki taglymlar nämä hyzmat etmeli? | |










*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

halkymyzyň mintalitetine laýyk bolmadyk taglymlary ýaýratmaga çalyşýarlar.

Bu günki günde kino älemi we olaryň adamlaryň aňyna täsiri barha artýar. Kinonyň adam aňyna oňyn taraplary hem kän. Emma «perdäniň aňyrsynda» bolsa olar bilen bagly bolan ençeme erbet taraplar hem bar. Çünki tomaşaçy kinony görüp otyrka, onuň umumy manysyny düşünmekden daşary onuň gizlin manysynyň bardygyny aňmagy, dogrusy, köpçüligimiz göz öňüne getirmeýäris.

Iň möhümi tomaşaçynyň aňyna edil real gündelik durmuşda bolýan hadysalar ýaly girip gelýär. Ýuwaş-ýuwaşdan, ýagny kino wakalarynyň dowamynda tomaşaçy hyýalyna-da gelmeýän ýagdaýlary şeýle bir görkezilýär welin, netijede ol kinodaky wakalara ynanýar. Eger 3D formatyndaky filmler bolsa, filmiň gatnaşyjysyna öwrülýärsiň. Tehnikanyň ösüşinden erbet maksatlarda peýdalanýan kimseler hem bar. Olar entek dünýägaraýşy doly şekillenmedik çagalaryň aňyny zäherlemäge çalyşýandyklaryna duşýarys. Meselem.käbir multfilmiň esasy mazmuny ýowuz häsiýete eýe, ýaramaz, diňe ozüni bilýän adamy dogry ýola gaýtmagy, mähriban adama öwrülmegi babatda bolsa-da, ýöne düýp manysynda çagada bozgunçylyk, haýasyzlyk,





Islendik zada her taraplaýyn nazar sal – peýdasyny hem, zyýanyny hem gör.

Başgalaryň pikirini oýlap oturandan görä öz üstüde köpräk işle.

***Lew Tolstoý***



Adamlaryň arasynda şeýle kimse hem bar bolup, onuň dünýä durmuşy baradaky gepi Size gyzykly bolýar. Ýüregindäki «imanyna» Allany şaýat edýär, çünki özi (Yslama görä) duşmanlaryň ganymydyr. (Ýanyňyzdan) gidende ýerde pitne-pirim, ekin we nesli heläk etmek işleri bilen gezýär. Alla bolsa pirimi (bozgunçylygy) halamaýar.

***Gurhany kerim, Bakara süresi, 204-205-nji aýat***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýowuzlyk etmäge şaýlanyp aňsatja girişip gitmek duýgusysyny oýarmaga meýilli birnäçe taraplaryň bolýandygy görünýär. Ýene şeýle hem filmler bolup, olary gören çagalarda suiside meýillilik güýçlenýär. Hyýalparaz bolup galýarlar.

Geçen asyryň ahyrynda ýaşlaryň arasynda karate, el söweşi, sungaty ýa-da ýapon halkynyň söweş sungaty görkezilen, köp filmler köpeldi. Filmlerde owadan söweş sahnalary bolmagy bilen bilelikde, rehimsizlik, haýasyzlyk, dini we milli urp adatlara ters bolan sahna görnüşleri görkezildi. Bu bolsa, 1980-90-njy ýyllardaky wakalarda özüniň şöhlelenmesini tapdy.

Dürli missioner guramalar kinematografiýa arkaly her hili görnüşde öz taglymlaryny öň e sürmegi – açaçan, yşarat etmek, gizlin, psihologik täsir etmek we başga ýollar bilen amala aşyrmaklary mümkin.

Her bir maşgalada söýüp tomaşa edilýän dürli günbatar we başga döwletleriň seriallarynda maşgalanyň dosty monah bolup, olar hut, ähli maşgalalaryň meselelerini çözýän maşgalanyň dosty hökmünde görkezilýär. Ýada hindi kinolarynda käbir dine sygynma dessury (pil, maýmyn, sygyr ýa-da başga) görkezilýär we olar halas ediji hökmünde düşündirilýär.

Munuň netijesinde diňe bir çagalar däl, eýsem ulular hem hut şu filmlerdäki ybadat sahnalaryna käte bilipmi-bilmän öýkünýärler. Meselem «Farýod-1» özbek filminde atasy gyzyny gaýtaryp alyp gitmekleri üçin guda tarapyna iki aýasyny bir birine diräp (hindi filmlerindäki ýaly) haýyş edýär.

Şular ýaly adatlar esasan, kinofilmler arkaly girip gelýär. Geçen sütemkär düzüm döwründe surata alnan käbir özbek filmlerinde-de milli gymmatlyklarymyzy bozmak ýaly sahnasyndaky wakalar («Ýar-ýar» fil-



(Eý adam), özüň anyk bilmedik zada eýerme! Çünki gulak, göz, dil — bularyň ählisi barada (her bir adam) jogapkär bolar (ýagny, eşiden, gören ynanan her bir zady üçin adam Kyýamat gününde jogap berýär).

***Gurhany Kerim. Isro süresi. 36-njy aýat***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mindäki toý sahnasyndaky ýagdaýlary ýada salmak mümkin) zoraýakdan girizilen.

Bu bolsa sowetler tarapyndan *milleti ýok etmek üçin, onuň dilini, urp-adatyny ýok etmegiň özi ýeterli* taglymynyň siňdirilmegi diýip düşünmeli.

Şeýle aňyýet howplaryna bu günki gündäki çeper filmlerde, günbatar filmlerinde ýa-da braziliýa, türk seriallarynda hem duşmagymyz mümkin. Bu filmler üçin serişde goýberen howandarlar şu filmler arkaly özleriniň betnebis maksatlaryny ýaýratmagy gözleýärler.

Parçala,
hököm sür!
Nähili bihaýalyk!
Birleşdir, äkit!
Iň gözel baýlyk!
***Gýote***

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Aşakdaky hekaýany okaň. Eziz inilerini nähili aldamagy mümkin?
2. Eziziň işine baha beriň.
3. Siz näme eden bolardyňyz?

*Eziziň ata-enesi agşamky çärä teklip edilendikleri üçin oňa inisine we jigisine garap durmagy öz wagtynda naharlandyrmagy, kompýuter bilen bolup, inilerine ünssüz bolmazlygyny berk tabşyryp gitdiler. Eziziň jigisi entek 4 ýaşa hem girmändi. Inisi bolsa 6 ýaş. Çagalar telewizorda berilýän multifilmleri tomaşa edip, «erteki-erteki» oýnamakçy boldular. Eziziň jigisi, agasyna «men Akpamyk bolaryn, men gözümi ýumup duraryn, siz meni dodagymdan ogşap direldersiňiz», diýse, agasy «ýok men mahlukdyryn, sen sahypjemal bolarsyň, meni dodagymdan ogşap direldersiňiz», diýip bir-biri bilen jenjelleşdiler.... Olaryň bu jenjelini görüp duran Eziz, derrew telewizoryň öçürip, bes indi hiç hili multfilm ýok, diýip gaharlandy welin, doganlaryny näme bilen güýmejegini bilmän galdy...*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WIRTUAL MESSENJERLER WE OLARDAN DÜRLI EKSTREMISTIK AKYMLARYŇ PEÝDALANMAGY

Häzirki taglym taýdan gapma-garşylyklar çylşyrymlaşan, aňyýet poligonlary ýadro poligonlaryndan güýçlüräk bolup barýan döwürdir.

Ýüzden artyk halkara kanallar telewizor we global pudak arkaly aňyýet hüjümleri howp salyp duran döwürde ýaşaýarys. Internet wirtual, emma obýektiw hadysadyr. Onuň durmuşymyza girip gelmegine böwet goýup bolmaýar. Şonuň ýaly-da, wirtual messenjerler arkaly ýaýradylýan aň yýet howplaryna hiç hili araçäk böwet bolup bilmeýär. Internet arkaly gowy maglumatlar bilen birlikde adamyň gylyk-häsiýetine erbet täsir edýän maglumatlar hem iberilýändigi anyk.

Informasion serişdelerden betnebis maksatda peýdalanmak, ilatyň aňyna erbet täsir etmek arkaly syýasy we ykdysady hökümdarlyk gazanmaga synanyşma informasion uruş diýilýär.

Informasion şahsyň ýa-da ýurduň parahatçylygyna howp döretmek bilen, basyş geçirmekde görünýär. Informasion uruş sosial, syýasy, etniki we başga ulgamlaryň öz bähbitleri ugrunda bir-birlerine açyk we gizlin maksatly informasion täsirleri-de öz içine alýar.

Meselem, söweşijiler özleriniň erbet maksady ugrunda internetden ussatlyk bilen peýdalanýarlar. Öjükdiriji toparlar tarapyndan amala aşyrylýan adamzada garşy jenaýatlar köpçülikleýin habar serişdeleri, aýratynam, internet arkaly köp görkezilýär.

Terroristler öz işlerini ýokary hilli we professional ussatlyk bilen işlenen wideofilmler arkaly görkezýärler. Olar bu işe ýokary başarnyga, tejribä eýe bolan hünärmenleri çekýärler. Her gezek söweşijiler tarapyndan

Göz harama garanda wyždany, kalby gaýgy-hasratlar, bozuk zäherli pikirler, weýranlyk ýa nejislik örtýär. Şowhunly güýçler herekete gelýän bolsa, adam özi bilmedik we duýmadyk ýagdaýda heläkçilige, nejislige we bozuk oý-pikirleriň girdabyna düşüp galýar.

***Muhammet Nurullah Saýdo Jazary***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çykarylan wideoparça öňküsinden tapawutlanýar. Şeýle parçalar halkara jemgyýetçilige nähili täsir edýändigini görüp, synlap, şoňa görä-de çemeleşýärler.

Şonuň üçin global pudakdan akylly-başly peýdalanmagy öwrenmeli. Munuň üçin maglumat almak we ibermek, internetden peýdalanmak medeniýetine amal etmeli. Diňe şonda global pudaga goýulýan «möýüň kerebine» düşmersiň iz.

***Goşmaça okamak üçin***

Aşakdaky durmuş wakasyny okaň. Internete başagaý bolup we ondan akylly-başly peýdalanmazlyk nähili aýylganç netijelere getirmegi mümkinligini ara alyp maslahatlaşyň.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

«Informasion uruş» jümlesini ilkinji ulanan fizik alym Tomas Ron hasaplanýar. Ol 1976-njy ýylda şu meselä ähli jogapkär adamlaryň ünsüni çekdi.

*«Men Moskwa şäherine işlemek maksadynda barypdym. Boş wagtlarymda internet saýtlara girmegi endik edindim... ...Ýuwaş-ýuwaşdan internet saýtlaryna girmegi öwrenip, jemgyýetçilik pudakda döredilen dürli toparlara agza bolup başladym. Bu toparlar arkaly birnäçe täze dostlar edindim. Bu «dostlarym» meni özleriçe diniň dürli wekilleri bilen tanyşdyryp başladylar.*

*Soňluk bilen bolsa, Moskwa şäherinde birnäçe täze «doganlar» bilen tanyşdym... ...Internetiň mümkinçiliklerini işe salyp, Pakistandaky, Owganystandaky söweşijileriň lagerlerinde bolýan söhbetleri we Siriýadaky dawalar düşürilen wideoparçalary gördüm. Men näme üçindir olaryň işlerine gaty gyzyklanma bilen garaýardym.*

*Moskwadan öýe gaýdanymda maşgala agzalaryma we dostlaryma-da tanyşdyrmak, öwretmek maksadynda özüm bilen birlikde fleşka ýazylan çykyşlary, internetden alnan wideoparçalary hem getirdim.*

*Müň gynansak-da, men daşary ýurtda bolup, Internetde tapanlarym gury hyýal, öjükdiriji maglumatlardygyny, «doganlar» maňa düşündiren zatlaryň hakyky yslam dininden umuman uzak, aşagy püç geplerdigine giç aň ýetirdim».*

***«Internetdäki howplardan gorag» kitabyndan alyndy.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTANDA INFORMASION HÜJÜMLERINIŇ ÖŇÜNI ALMAK BOÝUNÇA HEREKETLER

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2014-nji ýylyň 20-nji ýanwaryndaky «Dini mazmundaky materiallary taýýarlamak, alyp girmek we ýaýratmak ugrundaky işi amala aşyrmagyň tertibini kämilleşdirmek çäreleri barada»ky 10-njy belgili karary bilen Özbegistan Respublikasynyň çäginde dini mazmundaky materiallary taýýarlamak, alyp girmek we ýaýratmak işini amala aşyrmagyň tertibi baradaky hem-de «Dini mazmundaky materiallary döwlet dunşynaslyk ekspertizasyndan geçirmegiň tertibi barada»ky düzgünnamalar tassyklandy.

Wagtyňyzy biderek sarp etmäň , çünki, her bir zaýa bolan zadyň jogaby bolýar.

***Halk hikmeti***

Şu Düzgünnamalar Özbegistan Respublikasynyň çäginde dini mazmundaky materiallary taýýarlamak, alyp girmek we ýaýratmak boýunça işi amala aşyrmagyň tertibini, dini mazmundaky materiallary döwlet dunşynaslyk ekspertizasyndan geçirmegiň tertibi, şonuň ýaly-da Özbegistan Respublikasynyň çäginde taýýarlamaga, alyp girmäge we ýaýratmaga niýetlenen dini mazmundaky materiallaryň döwlet dunşynaslyk ekspertizasyny amala aşyrmakda gatnaşýan taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär.

Özbegistan Respublikasynyň çäginde dini mazmundaky materiallary taýýarlamak, alyp girmek we ýaýratmak boýunça iş hem-de Özbegistan Respublikasynyň çäginde taýýarlamaga, alyp girmäge we ýaýratmaga niýetlenen dini mazmundaky materiallaryň döwlet dunşynaslyk ekspertizasy Özbegistan Respublikasy nyň kanunlaryna, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalarynyň kararlaryna, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň kanun namalaryna, Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryna hem-de şu Düzgünnamalara laýyklykda amala aşyrylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Häzirki zaman söweşjeň filmleriň geçen ýyllarda kolležokuwçylarynyň arasynda edilen tertipsizlikler we jenaýatçylyk bilen nähili aragatnaşygy bolmagy mümkin?
2. Şeýle film sýužetleri okuwçy ýaşlaryň terbiýesine nähili täsir etmegi mümkin?
3. Özbek film sahnalaryndan birinde bir-biri bilen urişmak maksadynda toplanan ýaşlar: «Mert bol, erkek bol, dosta dost bol...» diýen aýdymy aýdýarlar. Şu jümledäki dost bolmak, erkek bolmak düşünjelerini «*Aralaryň yzda iň güýçlüleriň iz kimligini aýdaýynmy*? *Ol gahary gelende özüni saklap bilýäniň izdir*», diýen hadys we Gurhany kerimiň *«Ýagşylyk we takwada (ýolunda) hyzmatdaşlyk ediň, günä we duşmanlyk ýolunda hyzmatdaşlyk etmäň!» (Moida süresi, 2-nji aýaty)* diýen görkezmesi bilen baglaň .

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Informasiýa diýende nämäni düşündiňiz? Informasiýanyň nähili erbet we gowy taraplary bar?

2. Adam aňy üçin göreşde informasiýanyň orny nämede?

3. Näme diýip oýlaýarsyňyz, adam informasiýa ulanyş medeniýetine eýe bolmagy hökmanmy?

4. Kinofilmleriň adamyň durmuşyna täsiri nähili?

5. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2014-nji ýylyň 20-nji ýanwaryndaky «Dini mazmundaky materiallary taýýarlamak, alyp girmek we ýaýratmak ugrundaky işi amala aşyrmagyň tertibini kämilleşdirmegiň çäreleri barada»ky 10-njy belgili karary bilen Özbegistan Respublikasynyň çäginde dini mazmundaky materiallary taýýarlamak, alyp girmek we ýaýratmak işini amala aşyrmagyň tertibi baradaky hem-de «Dini mazmundaky materiallary döwlet dunşynaslyk ekspertizasyndan geçirmegiň tertibi barada»ky düzgünnamalar nähili hereketleri kadalaşdyrýan eken? Şu düzgünnamalaryň tekstlerini alyp okaň we mazmunyny düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 22-23-§ XX-XXI ASYRLARDA DÜNÝÄNIŇ KONFESSIONAL GÖRNÜŞI

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Konfessiýa düşünjesiniň many-mazmuny.
2. Dünýädäki konfessional özgerişleriň sebäpleri.
3. Dünýäniň bu günki gündäki konfessional görnüşi.
4. Özbegistan Respublikasyndaky konfessiýalarara gatnaşyklar.
5. Özbegistanyň musulmanlar edarasy

**MAGLUMAT ÜÇIN**

***«Konfessiýa»*** sözüniň mazmun-manysyndan ugur alyp, hünärmenler häzirki günde dünýäde takmynan 1000- den artyk dini konfessiýalar bar, diýip hasaplaýarlar.

## KONFESSIÝA DÜŞÜNJESINIŇ MANY-MAZMUNY

Dini konfessiýa – belli bir dini taglymat çäginde şekillenen we özboluşly aýratynlyklara eýe ygtykat we şu ygtykada eýerijiler topary. Konfessiýa umumy adalga bolup, hristiançylyk, buddizm ýaly uly dinler hem, olaryň esasynda peýda bolan prawoslaw, katolik, lamaizm, dzen-buddizm ýaly ugurlar hem şeýle at bilen atlandyryberýärler.

Yslam dininde şeýle ýagdaý bolmaýar. Çünki hiç bir ýurtda hanafy mezhebi aýratyn, başga mezhebler aýratyn konfessiýa hökmünde sanawdan geçmeýär. Meselem, Özbegistanda hem birnäçe şaýy toparlarynyň bolmagyna seretmezden, olar özlerini aýratyn dini konfessiýa hasaplamaýarlar.

Globallaşma dünýäni bir bütin we bitewi edip barmagy bilen hatarda, onuň netijesi hökmünde aýratyn alnan milletler we jemgyýetler derejesinde öz-özüňi aňmaklyga bolan ymtylyşyň çuňňurlaşmagyna-da esas döredýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu prosesler öz gezeginde adamyň ruhyýetiniň aýrylmaz bölegi bolan diniň mazmunyny düşünmek, onuň adam we jemgyýet durmuşyndaky ornuny aňmaga bolan ünsüniň güýçlenmegini getirip çykarýar.



## DÜNÝÄDÄKI KONFESSIONAL ÖZGERIŞLERIŇ SEBÄPLERI

Dünýäniň dini keşbi gatap galan, üýtgewsiz bir hadysa däl. Hususan-da, şu görnüş ýyldan-ýyla özgerýändigi, bar bolan dinler özleriniň adaty areallarynyň çäginden çykyp barýandyklaryny hem aýratyn nygtamak gerek.



Londonda ybadat dessury

Bu günki günde bar bolan dinleriň çäginde täze ugurlaryň we sektalaryň peýda bolmagy dowam edýär. Meselem, hünärmenleriň maglumatlaryna görä, XX asyryň ikinji ýarymynda hristiançylyk, buddizm, yslam we başga dinleriň çäginde ýüzlerçe sektalar peýda bolupdyr. Bu bolsa gelejekde-de şeýle prosesler dowam etjekdigini görkezýär.

Häzirki zaman reallyk dini-ekstremistik häsiýetdäki sektalaryň adam aňy we kalby üçin göreş ugrundaky işiniň janlanýandygyny görkezýär. Olar ilatyň dini bilimleriniň pesliginden peýdalanyp, ahyretiň ýakynlygy bilen





«Ol şahyr däl, pygamber ondaky Gurhan – adam tarapyndan ermek üçin ýa-da hemmä umumy maglumat bermek üçin ýazylan kitap däl, eýsem ol ylahy kanundyr.»

***Iogann Wolfgang fon Gýote Günbatar awtorynyň Gündogar baradaky diwany***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Angliýadaky juma metjidi*



*Germaniýadaky juma metjidi*

gorkuzmak hem-de esasan ýaşlar we maddy ýagdaýy naçar bolanlaryň içinde iş alyp barmak ýoly bilen öz tarapdarlaryny köpeltmäge çalyşýarlar. Şeýle sektalaryň düýbüni tutan «keramatly»lar öz yzdaşlaryny aldamak ýoly bilen olaryň emläklerine eýelik etmäge dyrjaşýarlar.

Gizlin iş alyp barmagy, sektanyň içinde bolýan wakalaryň köpçülige mälim bolup galmazlygynyň berk gözegçilik edilmegi netijesinde olaryň işinden jemgyýetçilik bihabar galýar.

Ugandadaky «Ahyret güni» sektasynyň başlyklarynyň işi muňa mysal bolýar. Ahyreti 1999-njy ýylyň 31-nji dekabryna «bellän» şu sektanyň ýolbaşçylary öz tarapdarlarynyň emläklerini satmak, düşen serişdäni olara bermäge we şu ýol bilen günälerden azat bolmaga çagyrypdyr. Kyýamatyň 2001-nji ýylyň 1-nji ýanwara «göçürilmegi» sektanyň ýolba-



## MAGLUMAT ÜÇIN

Gazagystanda musulman (2517 sany dini gurama) we prawoslaw (323) dini obşinalary öňdebaryjy orunlarda barýar. Olar ýurtdaky uýýan ilat gatlagynyň 95%-ni düzýär.

Türkmenistanda 99 sany dini gurama yslam dininiň sünnülik ýönelişi, 5 sanysy şaýy akymy, 13 sany rus prawoslaw buthanasyna (3 sanysy Aşgabat şäherinde ýerleşýär) we 11 sanysy başga din wekillerine (Katolik buthanasy – 1 sany, Krişnany aňmak obşinasy – 1 sany, Bahaiýler – 1, Baptistler – 1, Pýatidesýatnikler – 1, «Welikaýa blagodat» – 1, Ýedinji gün adwentistleri – 1 we Täze apostol obşinasy – 1 sany) degişli.Täjigistanda takmynan 3000-den artyk metjitler bar. Şol bir wagtda, Täjigistanda Rus prawoslaw, Ýewangel hristian-baptistler, Rim-katolik, Ýedinji gün adwentistleri, Ýewangel lýuteran, Iegowo şehitleri buthanalary, bahaiý, zarduştylyk, musaýy dini obşinalary ýaly yslam däl dini guramalar sanawdan geçen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şçylaryna görä şübhe döremegine getiripdir. Şundan soň ýolbaşçylar Kanungu obasynda 500-den artyk öz tarapdarlaryny aldap bir ýere toplap, daşyndan ýapyp binany otlap goýberipdirler. Maglumatlara görä, ýene dört ýerde köpçülikleýin guburlary tapylypdyr. Bu sektanyň gurbanlary 1000-den artyk bolandygy anyklanan.

Şeýle sektalaryň ählisi adamyň ejizligi, ruhy we fiziki kämillige ýetmäge bolan ymtylmasy, adamlar durmuşda duşýan kynçylyklardan özleriniň betnebis maksatlary ugrunda şahsy baýlyk artdyrmak niýetinde peýdalanýarlar.

Häzir dini taglymatlarda, olardaky belli bir düzgünleri döwrüň talabyna laýyklaşdyrmak, modernizasiýa etmek prosesini hem görmek mümkin. Meselem, Rim Papasy Orta asyrlarda buthana tarapyndan amala aşyrylan inkwizisiýa we haçly ýörüşleri ýalň yş bolandygyny ykrar edip, resmi ötünç hem sorady. 1992-nji ýylda Papa Ioann Pawel II öz wagtynda Galileo Galileýiň hak bolandygyny ykrar edip, hemmeden ötünç sorandygy-da muň a mysal bolup bilýär.



*Iýerusalimdäki Kubbatus sahra metjidi, hristian buthanasy we musaýy sinagogy*



*Fransiýadaky juma metjidi*



*Russiýadaky juma metjidi*

## MAGLUMAT ÜÇIN

Birleşen milletler guramasynyň maglumatlaryna görä, yslamyň ýyllyk ösüş depgini 6,4 göterimi düzüp, 1989-njy ýyldan 2011-nji ýyla çenli musulman ilatynyň sany Demirgazyk Amerikada – 25, Afrikada – 2,15, Aziýada – 12,57, Ýewropada – 142,35, Awstraliýada we Okeaniýada – 257,01 göterime köpelipdir. Diňe Latyn Amerikasynda yslama uýýanlaryň ülşi 4,73 göterime kemelipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň ýaly-da, bar dinleriň ýaýraýyş çäginde möhüm özgerişler ýüze çykýandygyny nygtamak gerek. Geçen asyrda, esasan, hristianlar ýaşap gelen Ýewropada bu günki günde 20-25 million töwereginde musulmanlar ýaşaýarlar. Şol sanda, Beýik Britaniýada – 3 million, Germaniýada – 5 million, Fransiýada – 6-7 million yslama uýýan raýatlar ýaşaýar.

Ilaty adaty ýagdaýda buddizme we yslama uýup gelen ülkelerde hristiançylygy ýaýmaga synanyşyk edilýär. BMG maglumatlaryna görä hristiançylygyň ösüş görkezijisi ýylyna 1,46 göterimi düzýär.

Dini konfessiýalaryň görnüşiniň reň be-reň ligini Özbegistanda resmi taýdan sanawdan geçip, iş alyp barýan dini konfessiýalaryň mysalynda hem görmek mümkin. Hristiançylyga degişli bolsa-da, ýurdumyzdaky 11 ugruň her biri özüni aýratyn dini konfessiýa, diýip hasaplamagy pikirimiziň subudy bolup biler.

## MAGLUMAT ÜÇIN

| № | Konfessiýa | Yzdaşlarynyň sany | Ýer ýüzüniň umumy ilatyna görä göterim görkezijisi |
|---|---|---|---|
| 1 | Hristiançylyk | 2 292 454 000 | 33,2 % |
| | Katolikler | 1,214 000 000 | |
| | Protestantlar | 800,640,000 | |
| | Prawoslawlar | 260,380,000 | |
| | Anglikanlar | 85 000 000 | |
| | Başga ýönelişler | 28,430,000 | |
| 2 | Yslam | 1 549 444 000 | 22,4 % |
| 3 | Hinduiýlik | 948 507 000 | 13,7 % |
| 4 | Adaty Hytaý dinleri | 458 316 000 | 6,6 % |
| 5 | Buddizm | 468 736 000 | 6,8 % |
| 6 | Sikhiýlik | 24 591 000 | 0,4 % |
| 7 | Musaýylyk | 14 641 000 | 0,2 % |
| 8 | Bahaiýlik | 7 447 000 | 0,1 % |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDAKY KONFESSIÝALARARA GATNAŞYKLAR

Özbegistan Respublikasynda 2017-nji ýylyň dekabr ýagdaýyna görä 16 konfessiýa iş alyp barýar.

*Olar aşakdakylardyr:*

– Yslam (Özbegistan musulmanlary edarasy);
–Prawoslawlyk (Daşkent we Merkezi Aziýa ýeparhiýasy);
– Katolik (Rim-katolik buthanasy);
– Lýuteranlyk (Nemes-lýuteran buthanasy);
– Ermeni-apostol buthanasy;
– Pýatidesýatnikler (Doly injil hristianlary);
– Baptistler (Ýewangel-hristian baptistler buthanasy);
– Nowoapostol buthanasy;
– Ýedinji gün adwentistleri;
– «Golos božiý»; Iegowo şehitleri;
– Koreýs protestant buthanalary;
– Musaýylyk;
– Bahaiýlik;
– Krişnany aňmak jemgyýeti;
– Buddizm.

«Özbegistanyň bibliýa kitap jemgyýeti» bolsa dini gurama hasaplanyp, başga konfessiýalardan aýratyn iş alyp barsa-da, dini konfessiýa derejesine eýe däl.



*Bütin Russiýa prawoslaa buthanasy patriarhy Kirill bilen söhbet çagy*



*Maksadymiz – parahatçylyk, hyzmatdaşlyk we ösüş*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýüzlerçe buthana, sinagoga we ybadat öýleri, husu-san-da, Daşkent, Samarkant, Nowaýydaky prawoslaw ybadathanalary, Daşkent şäherindäki katolik kostýoly, Samarkantdaky Ermeni-apostol buthanasy, Daşkentdäki Budda ybadathanasy gaýtadan guruldy, abatlandy.

Hezreti Ymam, Ymam Buhary, Bahaweddin Nagyşbend, Hekim Termizi, Ymam Moturidiý, Şaşi Zinda, Kasim şyh, Zeňňi ata ýaly gadymy ýadygärlik toplumylary abat edildi we täzeleri guruldy.

Gurhany kerim, hadyslar toplumlary, Bibliýanyň düzümindäki Täze ähd we Gadymy ähdiň käbir bölekleri, meselem, «Süleýman hikmetleri», «Rut, Ester we Ýunus pygamberleriň taryhy» özbek diline terjime edilip, çap edildi.

Özbegistan körler üçin ýörite Braýl ýazuwynda Gurhany neşir eden üçünji ýurt hasaplanýar.

## ÖZBEGISTAN MUSULMANLARYNYŇ EDARASY

Özbegistan musulmanlarynyň edarasy (ÖME) 1995-nji ýylyň dekabr aýyn-da döredilen. Bu günki günde ÖME düzümine respublikada resmi sanawdan geçmek bilen iş alyp barýan iki müň den artyk metjit, dokuz medrese – ýörite orta yslam okuw mekdebi, Daşkent yslam instituty, Mir Arap ýokary medrese-



### TARYHA NAZAR

1920-nji ýyllaryň ahyrynda sowetler gurluşynyň ateizme esaslanan dini syýasaty ýitileşipdi. 1929-njy ýylyň aprel aýynda RSFSR Halk Komissarlary geňeşiniň «Dini bileleşikler barada»ky karary kabul edilen bolup, oňa görä, liniý bileleşiklerine ýygnaj geçirmek, mukaddes zyýaratlary guramak, haýyr-sogap bilen meşgullanmak, kitaphanalary açmak ýaly işler gadagan edilen. Kommunistik partiýa (b) Merkezi Geňeşiniň 1929-njy ýylyň 29-njy iýunynda geçirilen XI Plenumynda «Musulman ruhanylary we mekdebi barada» kararynda «Yslam başga dinler ýaly sosialistik medeniýet we proletariat taglymlary ösüşi hem-de berkidilişi, umuman sosializm gurluşy ugrundaky uly päsgeldir», diýlip nygtalypdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

si, Hadys ylmy ýokary mekdebi, Akoid, Kelam, Hadys, Fikh, Sifizm ylmy mekdepleri, «Wakf» haýyr-ygsan fondy we «Mawerannahr» neşirýaty girýär.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 16-njy aprelindäki «Dini aň -bilim ugrunyň işini düýpli kämilleşdirmek çäreleri barada»ky Permanyna görä ÖME Özbegistanyň halkara yslam akademiýasynyň esaslandyryjylaryndan biri hökmünde bellendi.

ÖME başlygy – müfti Ulamalar geňeşiniň ýygnagynda açyk ses bermek ýoly bilen bäş ýyl möhlete saýlanýar.

ÖME düzüminde halkara aragatnaşyklar, metjitler, fetwa, tälim we kadrlary taýýarlaýyş, aýal-gyzlar meseleleri, hukukşynaslyk, kitaphana, şonuň ýaly-da, dini önümleri ekspertiza edýän hem-de rewiziýa komissiýalary we başgalar bar.

Özbegistan musulmanlarynyň edarasy (ÖME) bu günki günde ýurdumyzda turizmi ösdürmäge özüniň mynasyp goşandyny goşýar. Ýurdumyzyň 2017–2021-nji ýyllara niýetlenen hereketler strategiýasynda turizm industriýasyny çalt ösdürmek, turizm infrastrukturasyny gň eltmek, ykdysadyýetde onuň ülşüni artdyrmak ýaly meseleler aýratyn bellenen. ÖME hem şu ugry ösdürmäge özüniň goşandyny goşup gelýär. Ýurdumyzda 7300-den artyk medeni miras obýektleri bar bolup, olaryň aglabasy ÝuNESKO-NYŇ sanawyna girizilen. ÖME Samarkant, Buhara, Daşkent şäherlerindäki



*Özbegistan musulmanlarynyň edarasy*



### TARYHA NAZAR

1943-nji ýylyň 20-nji oktýabr güni Daşkent şäherinde Orta Aziýa we Gazagystan ulamalarynyň 1-nji Gurultaýy bolup geçdi. Maslahatda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň Dini müdirligini düzmek barada karar kabul edildi. Dini müdirlige ýolbaşçy we müfti edip Işan Babahan saýlanypdyr. Dini müdirligiň düzüminde sebitdäki bäş respublika — Özbegistan, Täjigistan, Türkmenistan, Gyrgyzystan we Gazagystanda kazylar ýolbaşçylyk edýän Dini müdirligiň wekilhanalary girizilen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Biziň sebitmiziň halklaryny müň ýyllyk doganlyk we gowy goňşuçylyk uzlary baglap durýar. Bizi taryh, din, umumy medeniýet we däpler birleşdirýär.

***Şawkat Mirziýoýew***

mukaddes zyýaratgähleri we ýadygärlikleri zyýarat etmekden ybarat bolan maksatnamalary işläp taýýarlady. Mundan daşary ýurdumyzda abatlanmaga mätäç bolan Daşkent şäherindäki Suzuk ata, Horezmdäki Daşgynjan baba, Kaşgaderýadaky Abulmuin Nasafy, Surhanderýadaky Abu Isa Termizi, Buharadaky ýedi pir we başga zyýaratgähler abatlanyp, ilatyň ruhy iýmit aýan merkezlerine öwrülýär. Şonuň ýaly-da, ÖME atlary şol zyýaratgähler bilen bagly bolan beýik eždatlarymyzyň galdyran ylmy-ruhy miraslary, göreldeli durmuşlary boýunça neşirleri hem işjeň çap edip gelinýär.

## IŞAN BABAHAN IBN ABDULMAJIDHAN



*Işan Babahan ibn Abdulmajidhan (1856-1957)*

Işan Babahan ilki öýde atasyndan, soňra Buharadaky Mir Arap medresesinde meşhur halypalardan bilim alýar. Erjelligi, akyl-paýhaslylygy sebäpli tafsir, hadys, akoid, fikh bilimdany bolup ýetişýär. Birnäçe ýyllar Moýi Mübärek juma metjidinde ymam-hatip we medresede muderris bolýar.

1943-nji ýylda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň dini gözegçiligi başlygy, müfti edip saýlanýar. Şol ýyllarda musulmanlar wekilleriniň haj saparyna barmagy ýola goýulýar, Mir Arap medresesi gaýtadan iş başlaýar, metjitler barada Düzgünnama işlenip taýýarlanýar, dini müdirligiň kitaphanasynyň düýbi tutulýar, halkara aragatnaşyklar giňelýär. Işan Babahan1957-nji ýylda aradan çykdy we Ysmaýyl Kaffol Şaşy guburynyň ýanyna jaýlandy.

## ZIÝAWUDDINHAN IBN IŞAN BABAHAN

Ziýawuddinhan ibn Işan Babahan 1908-nji ýylda Daşkent şäherinde doglan. Öz döwrüniň ýetik ulamalaryndan sapak alýar. On iki ýaşynda Gurhany kerimi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

doly hatm edip, hafizul Gurhan bolýar. Daşkentdäki Gögeldaş medresesinde, Kairdäki Azhar uniwersitetinde, soňra Makge, Medine şäherlerinde bilim alypdyr. 1957-nji ýylda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň müdirliginiň başlygy edip saýlanýar we ömrüniň ahyryna (1982-nji ýyl) çenli şol wezipede netijeli işläpdir.



*Ziýawuddinhan ibn Işan Babahan (1908-1982)*

## ŞAMSUDDINHAN BABAHANOW

Daşkent daşary ýurt dilleri institutynyň iňlis dili fakultetini gutaran. Kairdäki Azhar uniwersitetinde bilim alypdyr. 1982-1989-njy ýyllarda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň dini müdirliginiň başlygy, müfti bolup işläpdir. Ordun Korollygy akademiýasynyň hakyky agzasy, Halkara Ibn Sina baýragynyň eýesi. 2003-nji ýylda Daşkentde aradan çykan.



*Şamsuddinhan Babahanow (1937-2003)*

## ŞYH MUHAMMET SADYK MUHAMMET ÝUSUF

Şyh Muhammet Sadyk Muhammet Ýusuf 1989-1992-nji ýyllaryň dowamynda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň dini müdirliginde ýolbaşçylik edipdir. Bütin ömrüni jemgyýetiň dini-aň-biliminiň ýokarlanmagy ugrunda hyzmat etmäge bagyşlapdyr. Onuň bu hyzmatlary halkara yslam äleminde ykrar edilen. Şyh Muhammet Sadyk Muhammet Ýusuf ençeme halkara yslam guramalary, şol sanda:

— Mekge şäherindäki Yslam älemi bileleşiginiň esaslandyryjy mejlisi;

— Dünýä sufizm bileleşigi;

— Dünýä musulmanlary ulamalarynyň geňeşi;

— Yslamabat şäherindäki Bütin dünýä yslam bileleşigi;

— Dünýä metjitleri bileleşigi;

— Iordaniýadaky Oli Baýt guramasyna degişli Yslamy pikirler akademiýasynyň agzasy hasaplanýardy.



*Şyh Muhammet Sadyk Muhammet Ýusuf (1952-2015)*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Alym durmuşy dowamynda halkyň ruhyýeti we medeni aň-bilimini baýlaşdyrýan we dini sowatlylygyny artdyrmaga hyzmat edýän ýüzden artyk kitaplary ýazdy.

Onuň «Hadys we durmuş» toplumy, Gurhany kerim manylarynyň düşündirişi hasaplanýan «Tafsiri hilol», «Altyn silsile», «Bagtiýar maşgala», «Ruhy terbiýe», «Edepler hazynasy», «Kifoýa» we başga kitaplary halkymyzyň ruhy hazynasydyr.



*Muhtarjan Abdullah Buhary (1928-2002)*

## MUHTARJAN ABDULLAH BUHARY

Muhtarjan Abdulloh Buhary 1928-nji ýylda Kagan şäherinde doglan. Buharadaky Mir Arap, Daşkentdäki Barakhan medreselerinde, Siriýadaky Damask dini edarasynyň şerigat bölüminde bilim alan. 1993–1997-nji ýyllarda Mawerannahr musulmanlarynyň edarasynyň başlygy, müfti boldy. 2002-nji ýylda aradan çykan.

## ABDURAŞID KARY ABDUMÖMIN KARY OGLY BAHRAMOW

Abduraşit kary 1953-nji ýylda Andijan şäherinde doglan. Başlangyç Gurhan bilimlerini atasy Abdumömin karydan öwrenip, 16 ýaşynda Gurhany Kerimi doly ýat tutupdyr. Ol Buharadaky Mir Arap medresesinde we Daşkent Yslam institutynda okapdyr. 1997–2006-njy ýyllarda Özbegistan musulmanlarynyň edarasynyň başlygy, müfti wezipesinde işledi. Şol ýyllarda ÖME din nykabyndaky ekstremizme garşy işeň ň ir iş alyp bardy.



*Abdurashid qori (1953 -2011)*

Ilatyň arasynda dini-aň -bilim ugrunda düşündiriş we wagyz işleri amala aşyryldy. Respublikanyň metjitlerinde alnyp barylýan juma çykyşlary tertibe salyndy. Juma tezisleri ÖME-nyň fetwa bölümi tarapyndan taýýarlanyp metjitlere paýlanýan boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## USMANHAN TEMURHAN OGLY ALIMOW

Usmanhan Alimow 1950-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Samarkant welaýatynda doglan. Ol Buharadaky Mir Arap medresesinde, Daşkent Yslam institutynda, Marokkodaky Karowiýin uniwersitetinde bilim alan. 2006-njy ýylyň 8-nji awgust güni Özbegistan musulmanlary edarasynyň başlygy, müfti wezipelerine saýlanan.

Usmanhan Alimow döwründe yslam dini ugrunda köp işler amala aşyrylandygyny görmek mümkin. Meselen, Hastymam toplumy we başga zyýaratgählar abatlandy. Özbegistan yslam siwilizasiýa merkezi, Özbegistan halkara yslam akademiýasynyň Mir Arap ýokaryy medresesi, Samarkantda Hadys ylmynyň ýokary mekdebi, Akoid, Kelam, Hadys, Fikh, Sifizm ylmy mekdepleri döredildi. Usmanhan Alimow «Tafsiri Irfon», «Sorapdyň yz», «Sünnet we Hadys» hem-de başga onlarça eserleriň awtory hasaplanýar.



*Usmonxon Alimov*



Paýhas bilen adam ýokarlanýar, bilim bilen beýikligi gazanýar.

***Ýusuf Hos Hojib***



### BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Sektalar öz maksatlaryny amala aşyrmakda nähili çemeleşýärler?
2. Sektalaryň işi jemgyýetiň ösmegine we parahatçylyga nähili täsir etmegi mümkin?
3. Häzirki zamanda dünýä dininiň görnüşiniň üýtgemeginde esasan nähili faktorlar rol oýnaýar?
4. Özbegistanda nähili konfessiýalar iş alyp barýar?
5. Özbegistan musulmanlarynyň edarasynyň işi barada maglumat toplaň .



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 24-§ XX–XXI ASYRLARDA MISSIONERLIK WE PROZELITIZM

## BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ

1. XX-XXI asyrlarda emele gelen halkara missionerlik birleşikleri.
2. Missonerlik giosyýasy oýunlar guraly hökmünde.
3. Missionerligiň we prozelitizmiň milletara raýdaşlyga we dini bagrygiňlige erbet täsiri.

### TARYHA NAZAR

1910-njy ýylda Şotlandiýada «Edinburg missionerlik konferensiýasy» geçirilen.

## XX-XXI ASYRLARDA EMELE GELEN HALKARA MISSIONERLIK BILELEŞIKLERI

XX asyra gelip missionerlik işinden syýasy maksatlarda peýdalanmak üçin halkara guramalar düzülip başlandy.

Şotlandiýada bolup geçen Edinburg missionerlik konferensiýasynda dünýä halklaryny hristianlaşdyrmak strategiýasy ara alnyp maslahatlaşylyp, missionerler

### MAGLUMAT ÜÇIN

1970-nji ýylda hristianlaryň 2200 daşary ýurtly missiýalarynda 240 000 professional missioner iş ýöreden bolsa, 2000-nji ýylda 4800 daşary ýurtly missiýada 420 000 missioner ýerli ilatyň içinde wagyz geçirip gelipdir. 1970-nji ýylda daşary ýurtly missiýalaryň işine 3 milliard ABŞ-nyň dollary sarplanyp, 2000-nji ýylda şu görkeziji 12 milliarda ýetipdir. Öňdebaryjy missionerlik merkezlerine «Missiýalar we bütindünýä hristiançylyk mekdebi» (Birmingem), «Genri Martin merkezi» (Kembridj, Beýik Britaniýa), Grigorian we Urbanian uniwersitleri (Watikan), «Daşary ýurtly missiýalary öwrenýän merkezi» (Nýu-Heýwen, ABŞ) bellemek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taýýarlamak, Bibliýany dürli dillere terjime etmek meselelerinde dürli bileleşikleriň hyzmatdaşlygy ylalaşylan. Şol konferensiýa häzirki zaman missionerligiň şekillenmegine itergi boldy.

Ikinji jahan urşundan soň kolonial ulgam ýatyrylandan soň, missionerlikden öň ki koloniýalarda buthanalaryň ýagdaýyny saklap galmak maksadynda peýdalanyldy. Şol sanda, 1969-njy ýylda Afrika kontinentinde 16 müň erkek we 30 müň aýal missionerler bolupdyr.

Missionerler belli bir çäkde öz işini ýola goýmakda möhüm sebitleri kesgitläp alýarlar. Şol sanda, häzirki günde hristian missionerleriniň ünsi olar tarapyndan «10-40 aýna» diýlip atlandyrylýan çäge gönükdirilen. Bu çäk demirgazyk giň ligiň 10 we 40-njy parallelleriniň arasyndaky Atlantik okeanyň kenarlaryndan Kiçi we Merkezi Aziýa, Arabystan ýarymadasy, Günorta Aziýanyň Ýuwaş okeany kenarlaryna çenli uzap giden.

Bu çäkde ilatynyň aglaba bölegi yslam, buddizm, konfusiançylyk we hinduiýlik dinlerine ygtykat edýän

> Biwepalyk etmeseň ähli wepa tapylur.
>
> ***Alyşir Nowaýy***

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*10 we 40-njy paralleleriň arasyndaky Atlantik okeanyň kenarlaryndan Kiçi we Merkezi Aziýa, Arabystan ýarymadasy, Günorta Aziýanyň Ýuwaş okeanyň kenarlaryna çenli uzap gidýän çäk «dawalar zolagy» dyr.*

***Alfred Mehen, syýasatçy.***

Bu günki günde jemgyýetçilik-syýasy ýitilleşme, ýaragly dawalaryň aglabasy «10-40 aýna» içindäki ýurtlarda bolup geçýär. Bularyň sebäpi nämede diýip oýlaýarsyňyz? Pikiriňizi esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýurtlar ýerleşýär. Hut şu çäkde dünýädäki iň  iri gaz, nebit, uran gorlary, kontinentara strategik ähmiýete eýe transkommunikasiýa ýollary, bogazlary we aýlaglary ýerleşýär.

1990-njy ýyllarda öňki sosialistik lager dargap gitmegi mynasybetli Gündogar Ýewropa we öňki Sowet Soýuzynyň çäginde emele gelen garaşsyz döwletler Günbatar ýurtlarynda ýerleşýän dürli protestant obşinalarynyň örän işeňňirleşendigini görmek mümkin. Ýerli ilat üçin adaty bolmadyk dini obşina wagyzçylary jemgyýetiň we döwletiň öňünde sosial raýdaşlygy saklamak boýunça hiç hili jogapkärlik almadyr we duýmadyk ýagdaýda diňe öz hataryny giňeltmek bilen meşgul bolupdyr. Meselem, Russiýanyň özünde 2000-nji ýyllaryň ahyrynda 4,5 müňden gowrak protestant buthana resmi sanawdan geçipdir.

Bagty başga biriniň bosagasyndan gözlemegiň özi bagtsyzlygyň başy.

***Abdulla Kahhar***

Bu günki güne gelip, Ukrainanyň hristian missionerlik guramalarynyň GDA döwletleriniň içindäki iň iri gonalga öwrüldi. Şu ýurduň kanunçylygynda daşary ýurtlylar üçin wizalaryň ýatyrylmagy, dini guramalara daşary ýurtdan özbaşdak haýyr-sogap kömegini alyp, ýaýratmaga rugsat berleni, şonuň ýaly-da, dini prinsipleri tälim ulgamynyň ähli bogunlarynda – çagalar bagyndan çekip, ýokary tälim edaralarynda rugsat berlendigi täze dini konfessiýalara, aýratynam, ýewangelçi protestant obşinalaryna giň mümkinçilikleri döretdi.

Adaty däl dini obşinalar konfessiýalarara dawalaryň çykmagy mümkinligini hem hasaba alman öz hatarynyň giňelmegine hereket etmegi agyr netijelere getirýär. Bir millete degişli, bir dilde gepleşýän, umumy taryha we ýeke-täk döwlete eýe bolan raýatlary dini faktor esasynda bölüp taşlamaga gönükdirilen hereketleri şu jemgyýet üçin howp hökmünde bahalamak mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Afrika kontinentindäki missionerlik*

Meselem, Afrika we Aziýa sebitindäki ençeme ýurtlarda missionerlik we prozelitizm netijesinde düýpli ilatyň dini düzümindäki deňagramlylygyň bozulmagy netijesinde dürli din wekilleriniň arasynda hemişelik ýagdaýda gelip çykmagyna sebäp bolýar.

Şol sanda, Afrikanyň demirgazyk-gündogar böleginde ýerleşýän Sudan Respublikasynyň esasy nebit gorlary ýerleşýän günorta çäkleri geçen asyryň dowamynda katolik we protestant missionerleri tarapyndan işjeň hristianlaşdyrylypdy..

2011-nji ýylda Afrikadaky iň iri döwlet hasaplanýan Sudan Respublikasy ikä – musulmanlar köpçüligi düzýän Sudan we ilatynyň esasy bölegi hristianlardan ybarat Günorta Sudan Respublikasyna bölünip gitdi. Indoneziýanyň hristianlaşdyrylan demirgazyk çäkleri – Sumatra, Sulawesi we Molukko çäklerinde üznüksiz ýagdaýda musulmanlar bilen hristian prozelitleriniň

Adam özüne-özi boýun egmegi we öz kararlaryna amal etmegi öwrenmelidir.

***Siseron***

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Siseron «Adam özüne-özi boýun egmegi» diýende nämäni düşündiňiz. «Öz kararlaryna amal etmegi» diýende näme? Pikiriňizi «Pikire garşy pikir, taglyma garşy taglym, nadanlyga garşy magaryf» prinsipi bilen baglap düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Alan bilimleriň iz esasynda aşakdaky suratlary düşündiriň.















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

arasynda dini dawalar esasynda çaknyşmalar, ganhorluklar, terrorçylyk hereketleri bolup durýar.

2017-nji ýylda musulman ilatynyň sany boýunça birinji orunda durýan Indoneziýada 27324 sany hristian missionerleri iş alyp barýar. Käbir täze peýda bolan dini obşinalarda yzdaşlaryň aňyna gözegçilik etmek, horlamak we hatda öz-özüni öldürmäge mejburlamak ýagdaýlary bolýar.

Merkezi Aziýa sebiti ýurtlarynda düýpli ilat üçin adaty bolmadyk täze dini obşinalaryň hatary esasan yslam dinine ygtykat eden düýpli ilat we öň prawoslaw dininde bolan hristianlaryň hasabyna giňelýär. Dünýädäki ähli döwletlerde-de missionerlik kanun taýdan gadagan edilmedik bolup, olarda missionerler täze dini obşinalaryň taglymlaryny açyk wagyz etmek mümkinçiliklerine eýe. Wagyz işleri ýörite tele we radiomaksatnamalar, Internet pudagy, bildirişler we reklamalar arkaly alnyp barylýar.

Özbegistanda (2017-nji ý.) käbir dini konfessiýalaryň wekilleri, şol sanda, resmi däl obşina agzalary tarapyndan dini edebiýatlary respublikanyň çägine alyp girmek we ýaýratmak, ilatyň içinde özleriniň dini ekspertizadan geçirilmedik bukletlerini, žurnalyny, elektron disklerini ýaýratmak ýaly kanun bozmalara ýol berilýär.

Dinini üýtgedýän şahslaryň (prozelit) aglabasy şu diniň prinsiplerini çuňňur düşünip kabul etmän, eýsem missioner tarapyndan ulanylan usulyň täsiri astynda ygtykadyny üýtgedýärler. Missionerler öz işlerini aşakdaky usullar arkaly alyp barýarlar:

– ýaşlara iňlis, koreýs dilini, kompýuterde işlemegi öwretmek bahanasynda okuw kurslaryny açmak we şu ýerlerde öz dinine wagyz etmek;

Biziň nebsimiz şeýle bir kiçi bolup, ony hem içerden, hem daşardan diň e berk kadalara salan ýagdaýda saklamak mümkin.

***Mahatma Gandi***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– daşary ýurda okuwa, işe ýa-da daşary ýurt raýaty bilen maşgala gurmak üçin ibermek bahanasyndan peýdalanmak;

– çagalary we ýetginleri tomus paslynda buthananyň ýanyndaky ýa-da dagly çäklerdäki dynç alyş lagerlerine çekmek we şu ýerde täsir geçirmek;

– haýyr-sogap kömegini (pul, däri-derman, egin-eşik, azyk önümlerini ýaýratmak) etmek, öýi abatlamaga kömek bermek dowamynda missionerlik hereketlerini alyp barmak;

– mugt lukmançylyk kömegini görkezmek bahanasynda näsaga täsir etmek;

– mugt nahar ýaýratmak;

– durmuş taýdan kömege mätäç maşgalalara geçi, sygyr alyp bermek, baýram günleri mähellelerde çagalara sowgatlar paýlamak, «Muruwwet» we «Sahawat» öýlerinde baýram stollaryny guramak.

Horezmiň we Garagalpagystan Respublikasynyň çylşyrymly ekologik ýagdaý bar çäklerinde «agyz suwu-

Eger okasaň-da oýlamasaň — çolaşarsyň. Eger oýlasaň-da okamasaň — şübhe-gümanlaryň aşagynda galyp gidersiň.

***Konfusiý***

## TARYHA NAZAR

Missionerleriň işi netijesinde, XX asyryň 70-nji ýyllarynda ABŞ-nyň San-Fransisko şäherinde Jim-Jons atly şahs tarapyndan esaslandyrylan «Halk ybadathanasy» atly guramanyň işi netijesinde 912 adam, ABŞ-nyň Tehas ştatynda Dewid Koreş tarapyndan döredilen «Dawudyň nesli» atly sektanyň işi netijesinde 100 ýakyn, ABŞ-da peýda bolan «Asman derwezesi» sektasynyň agzalaryndan 60-dan artyk,Ugandada emele gelen «Hudaýyň on buýrugyny gaýtadan dikeltmek hereketi» sektasynyň agzalaryndan 1000-den gowragy öz jenyna kast edipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ny gowulandyrmak», «çagalaryň we eneleriň saglygyny berkitmek» ýaly görnüşinden haýyrly maksatlara gönükdirilen maksatnamala çäginde ilatyň arasynda missionerlik işini alyp barmaga gönükdirilen hereketler hem bolýandygy anyklanan.

Ýurdumyzda missionerlik hereketleri, ýagny bir dini konfessiýadaky dindorlary başgasyna girizmäge gönükdirilen hereketler (prozelitizm), şonuň ýaly-da başga islendik iş gadagan edilmegi kanun resminamalarynda bellenen bolup, bu işler bilen meşgullanýan şahslary jogapkärlige çekmek üçin esas bolýar.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Birinji halkara missionerlik guramasy haçan we nirede düzülen?
2. Bu günki günde haýsy din yzdaşlary missionerlik işinde öňdebaryjylyk edýär?
3. Häzirki günde hristian missionerleriniň ünsi haýsy çäge gönükdirilen?
4. Siziň pikiriňizçe, missionerlik işi nähili zyýanly netijelere getirýär?
5. 116-njy sahypadaky suratlara üns bilen garaň we missionerleriň işiniň adamyň durmuşyna täsiri barada hekaýa ediň.
6. Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik baradaky hem-de Jenaýat kodekslerinden missionerlik we prozelitizm bilen bagly bikanun hereketler üçin nähili jogapkärlik bellenendigini anyklaň .



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 25-§ DINI BAGRYGIŇLIK MEDENIÝETI WE KONFESSIÝAARA GATNAŞYK

## BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ

1. Dini bagrygiňlik medeniýetini şekillendirmek zerurlygy.
2. Özbegistandaky köpçülikleýin habar serişdeleri we döwürleýin neşirlerde dini bagrygiňlik medeniýetiniň wagyz edilmegi.
3. Dini guramalaryň neşirleri we KHS-däki çykyşlary.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda bolup geçen prosesler din we dini garaýyşlardan öz bähbidi ugrunda peýdalanýan käbir dogmatik kimseler yslam dinini goramak nykabynda ýykgynçylyk işleri bilen meşgullandylar. Dini häsiýetdäki partiýalar, dini häkimiýet baradaky taglymlary ýaýradyp başladylar. Maddy kynçylyklar girdabyna düşüp galan ilatyň keýpinden peýdalanyp, hökümet bilen halkyň arasyna agzalalyk salmaga çalyşdylar. Namanganda, Andijanda, Ferganada we

## MAGLUMAT ÜÇIN

Bagrygiňligiň sözlük manysy özgäniň size onçakly ýakmaýan tarapyna sabyr we takat etmekdir. «Bagrygiňlik» («tolerantlyk») sözi ähli diýen ýaly dillerde birmeňzeş ýa-da bir-birini üstüni ýetirýän mazmuna eýe. Olary umumlaşdyryp «bagrygiňlik» çydamlylyk, döziümlilik, takatlylyk, özgeçe garaýyşlara we hereketlere hormat bilen gatnaşykda bolmak, geçirimlilik, hümmetlilik, ak göwünlilik, mähribanlyk, dertdeşlik ýaly manylara eýe diýmek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daşkentde dürli-dürli mitingler güýçlendi. Ahyrky netijede galp dindarlaryň asyl maksatlary aýan boldy.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda halkymyzyň ganyna siňip giden, gündelik durmuş ýörelgesine öwrülen yslam dinine garşy göreş ýene-de ýitileşdi. Ol könelişen we ýalan düşünje hökmünde ýazgaryldy.

Ýöne «din tirýekdir» diýen geniýlik şygary halkymyzyň kalbyndaky dine bolan iman-ygtykady söndürip bilmeýär.

Şol döwürdäki respublikanyň ýolbaşçylary ýurtda milletara agzybirligi, dini bagrygiňligi üpjün etmek we durnuklylygy saklamak üçin ähli çäreleri we mümkinçilikleri mobilizledi. Toplanyp galan problemalary çaltrak aradan aýyrmak üçin bütin güýçleri we mümkinçilikleri jemläp, bir agzybirlikde hereket etmelidigini nygtady. Bu babatda zerur bolan işleri amala aşyrdy.

Mukaddes duýgulary depelenip, ýüregine düşen halk dine uly ýol açylandygyny, dini taglymata üns berilýändigini hoşallyk bilen garşy aldy. Şol bir wagtda Özbegistanyň çäginde öz medeniýetine we däplerine eýe bolan 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleri ýaşap gelýär. Ýurduň milli düzüminiň esasy bölegini bolsa özbekler düzýärdi.





*1989-njy ýylyň wakalary*



**DÖREDIJILIKLI IŞ**

«Giň gylyk, aýrylmaz döwlet bersin» diýen dilege nähili düşünýärsiňiz?

«Giň häsiýetlilik» diýen düşünje bilen «bagrygiňlik» düşünjesiniň arasynda nähili baglylyk bar?



Bir gün uruş çykan öýden kyrk gün bereket aýrylýar.

***Halk nakyly***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ana şeýle ýagdaýda köp konfessiýaly ýurdumyzda dinlerara bagrygiňlik gurşawyny berkitmek möhüm wezipelerden birine öwrüldi.

Bagrygiňlik barada gürrüň edilende bu halkymyzyň ozaldan gelýän sypatydygyny nygtamak gerek. Ensiklopedist alym Abu Reýhan Biruny hristianlyk taglymatyny öwrenmek bilen, Bibliýa giren dört Injil baradaky maglumatlary getirip, olaryň arasyndaky tapawutlary hem derňäp berýär. Onuň ýazmagyna görä, Horasan mitropolitiniň karargähi Merw şäherinde bolupdyr. Bu bolsa şol döwürlerde musulman ilaty bilen bile hristian obşinasy hem erkin öz ybadatlaryny amala aşyrandyklaryny görkezýär.

Bu günki günde Özbegistanda iş alyp barýan dürli ygtykat wekilleri hem dini bagrygiňlik taglymlaryny goldaýarlar. Meselem, Daşkent we Orta Aziýa ýeparhiýasynyň öňki ýolbaşçysy, mitropolit Wladimir şeýle pikiri öňe sürýär: «Prawoslawlyk we Yslam iki hili dünýägaraýşy özünde jemleýän dinlerdigini nygtamak ýerliklidir. Şu sebäpli ylahyýet barasyndaky dürli çekişmeler, hristiançylygyň we musulmançylygyň

«Siziň bilen dinde uruş etmedik özge din wekilleri bilen bardy-geldi ediň, olar bilen adalatly gatnaşyk ediň».

***Gurhany kerimdäki «Mumtahana» süresi, 8, 9-njy aýatlar Abu Laýs Samarkandy düşündirişi***

## TARYHA NAZAR

Ymam Abu Mansur Moturidiý (870-944) Gurhany kerimiň «Haj» süresi, 40-njy aýatyny düşündirip şeýle diýdi: «Buthanalary we sinagogalary weýran etmek gadagan. Şonuň üçin hem, musulmanlaryň ýurdunda şu döwre çenli olar bozulman saklanypdyr. Bu meselede alymlaryň arasynda agzalalyk ýokdur». Munuň bilen alym musulmanlar başga din wekilleri bilen bir jemgyýetde bilelikde parahat ýaşamaklaryna mesele bolmagy mümkin dälligini nygtaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

näzik taglymatlary baradaky çekişmeler gerek däl we zyýan ýetirmegi mümkin. Biz aramyzdaky tapawutlary ýitileşdirmezden, eýsem bir-birimiziň medeniýetimize we ygtykadymyza hormat nukdaý nazaryndan garamaga hereket etmelidiris», diýen pikiri öňe sürýär. Ol köp ylmy makalalarynda, halkara konferensiýalarda ýurdumyzda musulmanlar bilen prawoslawlaryň arasynda özara hormat gadymdan şekillenendigine üns berdi.

Ýurdumyzda parahatçylyk bolmagyndan dürli konfessiýa wekilleri bähbitlidir. Şu sebäpli-de ýurdumyzdaky dürli din wekilleri konfessiýalarara gatnaşyga degişli çäreleri hemişe geçirilip durmagyny isleýär.

Bu çärelerden birinde her bir konfessiýanyň wekili öz işi barada, milletara we konfessiýalarara dawalar gelip çykmazlygy üçin näme edendigi barada durup geçdi.

Özbegistanyň Bibliýa jemgyýetiniň ýerine ýetiriji direktory S. Mitin: «Dini bagrygiňligiň we kanunyň ileri tutulýandygy bu köp milletli döwlet gurulmaly bolan binýadyň bir bölegidir», – diýip nygtady.

Musulmanlar diýarynda buthana we ybadathanalar bozulyp giden bolsa, olary öz ýerinde ýene gaýtadan dikeldip goýmak mümkin.

***Burhaniddin Marginany***

## TARYHA NAZAR

Taryhda «Hudaýbyýa ýaraşygy» diýip atlandyrylan parahatçylyk ylalaşygynda musulmanlaryň parahatçylyk perwer syýasatlary Gurhany kerim aýatlary esasyndadygy görünýär. Bu ýaraşyk, musulmanlaryň zyýanyna düzülse-de, yslam dininiň parahatçylykperwerligini we gan dökülmeginiň öňüni almakdaky ornuny görkezip berdi.

*«Eger ylalaşyga razy bolsalar, Siz hem oňa meýilli boluň we Alla daýanyň»*

***Gurhany kerim. «Anfol» süresi 61-nji aýat.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ermeni apostol buthanasynyň wekiliniň: «Hiç kim öz dinini başgalara sokuşdyrmak ýa-da başga ygtykatdakylary kemsitmek hukugyna eýe däl»digini, Fridrih Welikiýniň «Hemme dinlere sabyr-takat bilen gatnaşykda bolmaly, çünki her bir ynsan azatlygy öz ýoly bilen gazanýar», diýip nygtamagy dürli konfessiýa wekilleriniň ýurdumyzdaky dini bagrygiňlik prinsiplerini goldaýandyklaryny delillendirýär.

Özbegistanda iş alyp barýan konfessiýanyň wekilleri dürli ygtykatda bolan raýatlaryň arasyndaky agzybirlik we dostluk arabaglanyşyklaryny berkitmekde öz goşantlaryny goşýarlar. Bu günki güne çenli ýurdumyzda bagrygiňligiň sosial mazmuny, ýüze çykyş şekilleri,

Kämil zat artykmaçlygy-da, kemçiligi-de kabul etmeýär.

***Abu Reýhan Biruny***

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu tekstdäki hekaýany parahatçylyksöýüjilik we bagrygiňlik prinsipleri baglaň.

*Ilçi Kastiliýa korolynyň huzuryna baryp, Temurbekiň hatdyr sowgatlaryny, gymmatly daşlary we adata görä, ol iberen zatlary gowşurdy. Beýik döwletpena korol Temurbek ýollan hatdyr sowgatlary kabul edip, onuň ýazuw üsti bilen we dilden aýdyp goýberen sözlerini diňlänsoň, dostluk gatnaşyklaryny berkitmek niýetinde mynasyp-sowgat salamlary taýýarlamagy we ibermegi buýurdy. Ylahyýet magistri Fra Alfonso Poes de Santa Mariýa, Rui Gonsales de Klawiho we korolyň şahsy skçysy Homes de Salazary Temurbekiň huzuryna ilçilige, olar arkaly bolsa öz hatlary hem-de sowgatlaryny ýollamaga karar etdi.*

***Rui Gonsales de Klawiho «Samarkanda Emir Temuryň köşgüne syýahat» gündeliginden***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

II Jahan urşy döwründe daşkentli demirçi Şaahmet Şamahmudowyň maşgalasy dürli milletiň garawsyz we ýetim galan çagalaryny perzentlige alypdyr. Bular: Habiba, Wowa, Şuhrat – rus, Hamidulla – ukrain, Rafik, Rahmatulla – tatar, Halida – moldowan, Samug – çuwaş, Ýoldaş, Ergeş – musaýy, Halima – gazak, Garawaý, Nygmat, Muazzam, Ulugbek – özbek.

II Jahan urşy ýyllarynda halkymyz tarapyndan görkezilen ruhy edermenligi Şamahmudowlaryň maşgalasy tymsalynda düşündiriň. Pikiriňizi «milletara agzybirlik», «dini bagrygiňlik», «milli we umumadamzat gymmatlyk» düşünjeleri esasynda düşündiriň.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Ýurdumyzyň ilaty bu günki günde 32 mln.-dan artyk bolup, şolardan 80 %-ini özbekler, 4,9 %-ini täjikler, 3,8 %-ini ruslar, 3,6 %-ini gazaklar we 7,7 %-ini başga dürli milletlere degişli adamlar düzýär. Köp milletli döwlet köp konfessiýaliliga esas bolýar. Jemi 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleriniň arasynda yslamdan daşary hristiançylyk, musaýylyk, buddizm we başga konfessiýalara uýýanlar hem bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

jemgyýetiň ösüşini üpjün etmekdäki orny we ähmiýeti ýaly meselelere bagyşlanan birnäçe barlaglar amala aşyryldy.



«... käbir kowmy (adamlary)halamazlyk sizi olara görä adalatsyzlyk etmäge ündemesin»

***Gurhany kerim «Moida» süresi 8-nji aýat***

Özbegistandaky konfessiýalaryň wekilleriniň özara hormat esasynda gurlan gatnaşyklaryny taryhy taýdan öwrenmek ýurdumyzda dini bagrygiňlik däpleri asyrlaryň dowamynda şekillenendigini görkezýär we şeýle sypatlaryň ýaşlaryň aňynda berkitmäge hyzmat edýär.

Dini ugruň wekilleri öz işlerini din we döwlet gatnaşyklaryndaky esasy tarap – diniň syýasata gatyşmazlygy, islendik din, birinji orunda, ruhy-ahlak taraplary öz içine alýandygy baradaky prinsipe daýanmak bilen amala aşyrmagy maksada laýykdyr.

Ýurtda parahatçylyga we durnuklylyga howp salmagy mümkin bolan faktorlardan biri missionerlikdir. Kanun taýdan gadagan edilendigine seretmezden, amalda bar bolan dini bagrygiňlik prinsiplerine ters, dinlerara dawalara getirýän missionerleriň işini derňäp öwrenmek olara garşy çäreleri işläp taýýarlamakda möhüm ähmiýete eýedir.



## MAGLUMAT ÜÇIN

«Bagrygiňlik prinsipleri Deklarasiýasyndaky» «tolerant» sözi türkmen diline «bagrygiňlik» diýlip terjime edilenden soň ol dilimizde ornaşdy. Rus dilinde «*терпимость*» sözi başgaçasyna aýdanda «*снисходительность*», ýagny bagrygiňlik, giňhäsiýetlilik manylaryny aňladýar. Dini ugur barada gürrüň edilende ruslar «*веротерпимость*» sözüni ulanýarlar. Türkmen dilinde «dini bagrygiňlik» jümlesi hut şoňa gabat gelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tolerantlyk (bagrygiňlik) düşünjesi bu diňe bir ruhy borç bolman, eýsem syýasy we hukugy zerurlykdyr. Taryhy çeşmeler ülkämizde gadym zamanlardan bäri zarduştylyk, buddizm, musaýylyk, hristiançylyk ýaly çylşyrymly aňyýet ulgamyna eýe dinler dynç-asuda iş alyp barandyklaryny delillendirýär. Şeýle ýagdaýy häzirki Özbegistandaky yslam, hristian, musaýy dinleri we başga konfessiýalaryň özara gatnaşyklary mysalynda hem görmek mümkin.

Köp milletli we köp konfessiýaly ýurdumyzda milletara raýdaşlyk we dini bagrygiňlik ugrunda alnyp barylýan yzygiderli döwlet syýasaty dürli millet hem-de ähli dini konfessiýa wekilleriniň emin-erkin ýaşamaklary üçin pugta esas döretdi. Bu günki reallyk munuň aýdyň subudydyr.

Konstitutsiýa esasynda kabul edilen Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar barada»ky Kanunyna görä: «Döwlet dini konfessiýalaryň arasyndaky parahatçylygy we agzybirligi goldaýar. Bir dini konfessiýadaky dindarlary başgasyna girizmäge gönükdirilen hereketler (prozelitizm), şonuň ýaly-da,



Onuň aýatlaryndan (ýene biri) – Ol beýik ynsan asmanlary we ýeri döretmegi we siziň dilleriňizi we reňkleriňizi dürli-dürli edip goýandyr. Elbetde munda ähli älemler üçin aýat-göreldeler bardyr.

***Gurhany kerim. «Rum» süresi 22-nji aýat***



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Şu tekstdäki «Ol adam dälmi?» jümlesine siz nähili düşündiňiz?, adamkärçilik, ynsanylyk diýende nämäni düşünýärsiňiz?

*«Nabiýiň (alaýhis-salam) öňünden jynaza alyp geçildi. Şonda ol beýik ynsan ýerinden turupdyr. Adamlar: «Ýa Resulullah, bu musaýynyň jynazasy», — diýipdirler. Ol kişi: «Ol adam dälmi?» — diýipdir».*

***Ymam Buhary rowaýaty***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

başga islendik missionerlik işi gadagan edilýär. Şu kadanyň bozulmagynda aýypły bolan şahslar kanun resminamalarynda bellenen jogapkärlige çekilýärler».

Merkezi Aziýadaky musulmanlara we başga konfessiýalara degişli ilatyň arasyndaky gatnaşyklar hem syýasy, hem gündelik durmuş derejesinde iki esasy aýratynlyga esaslanan, bular özara hormat we bagrygiňlikdir. Bu gatnaşyk dürli din wekilleriniň çylşyrymly taryhy prosesleriň synaglaryny mertlerçe ýeňip geçmegi netijesinde şekillenendir. Ýurtda parahatçylygy, ösüşi we abadançylygy üpjün etmek, sosial durnuklylygy berkitmek maksadynda ähli dini konfessiýa wekilleri ýurdumyzda we daşary ýurtda guralýan ruhy we aň-bilim çärelerine gatnaşyp gelýärler.

Şonuň ýaly-da, ýurtda dinlerara agzybirligi goldamak hem-de dürli dawalary we çylşyrymly ýagdaýlary getirip çykarýan missionerlik ýaly hereketlere garşy amala aşyrylýan çärelerde işeňňir gatnaşýarlar. Olaryň halkara maslahatlarda ýurdumyzda ygtykat erkinligini üpjün etmek, milletara we dinlerara agzybirligi berkararlaşdyrmakda amala aşyrylýan özgertmeler baradaky çykyşlary dünýä bileleşiginiň şu özgertmeler bilen ýakyndan tanyşmagynda möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle gatnaşyk döwlet tarapyndan hem sylaglanýar. Mitropolit Wladimiriň «Dostluk» ordeni bilen sylaglanandygy munuň aýdyň delilidir.

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Dini bagrygiňlik medeniýetini şekillendirmek zerurlygynyň emele gelmegi nähili faktorlar bilen bagly?
2. Dini bagrygiňlik yslam dininde we milli urp-adatlarymyzda nähili düşündirilýär?
3. Ýurtda parahatçylygy, berkararlygy saklamakda bagrygiňligiň orny nähili? Pikiriňizi mysallar bilen esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 26–27-§ ÖZBEGISTANDA DINI TÄLIM

**BU GÜNKI DERSDE AŞAKDAKYLAR BILEN TANYŞARSYŇYZ:**

1. Özbegistanda dini tälimiň taryhy kökleri.
2. Özbegistanda iş alyp barýan medreseler we seminariýalar.

## ÖZBEGISTANDA DINI TÄLIMIŇ TARYHY KÖKLERI

Watanymyzyň taryhynda dini tälim uzak geçmişe baryp direlýär. Irki orta asyrlardan başlap ýurdumyzda giň möçberde iş ýöreden medreselerde dini bilimler bilen bir hatarda dünýewi ylymlar hem okadylypdyr. Öz döwründe medreseler, orta ýörite hem-de ýokary tälim wezipesini kämil ýerine ýetiripdir.

Daşkent, Buhara, Samarkant, Hywa ýaly şäherler iň iri ylym merkezleri bolup, XV-XIX asyrlarda bu ýerlerde bütin musulman äleminiň ýokary tälim merkezleri hökmünde ykrar edilipdir.

Patyşa Russiýasynyň basybalyşlaryndan soňky döwürlerde medreseleriň işi gowşapdyr. Käbirleri ýapylyp hem gidipdir. XIX asyryň ahyry XX asyryň başla-

> Adamlary ýagşylyga çykarýan we ýamanlykdan gaýtarýan bir ylymdyr.
>
> ***Abdulla Awlany***

**ÝAKYN TARYHDA**

XIX asyryň ahyryna gelip Buhara emirliginde 336, Hywa hanlygynda 132, Türküstan ülkesinde bolsa 348 sany medrese sanawa alnypdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eý, ynsan perzendi, sen ilki ylymly bol, ol saňa ataň ýaly bolsun. Soňra sen terkidünýä bolgun, ol saňa mähriban eneň ýaly bolsun. Özüňi olaryň bagrynda tutgun, şonda Ýaradan seni bela-apatlardan saklaýar.

***Mahmyt Zamahşary***

ryna gelip, jedit mekdepleriniň işi emele geldi. Daşkent, Samarkant, Kokant şäherleri jeditçilik mekdepleriň merkezine öwrülýär.

1917-nji ýylyň başlarynda Türküstanda 100-e ýakyn täze usul mekdepleri iş ýöredip, olarda 4 müňden artyk okuwçy tälim alypdyr. Bu mekdeplerde yslam dininiň esaslary bilen bir hatarda daşary ýurt dili, fizika, himiýa, matematika, psihologiýa, gigiýena, agronomiýa, ykdysat, hasap ýaly häzirki zaman ylymlary okadylypdyr.

Sowet Soýuzy düzülensoň, dine we medreselere garşy aýawsyz göreş güýçlenýär. Ýöne, Ikinji jahan urşy ýyllarynda sowet döwleti öz syýasy bähbitleri ugrunda dine gatnaşygyny biraz ýumşadandygyny görmek mümkin.

1943-nji ýylda Daşkentde Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlary edarasynyň döredilip, onuň işi Özbegistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Türkmenistan, Täjigistan respublikalarynyň yslam dini guramalarynyň işini laýyklaşdyrmakdan ybarat bolupdyr.

1945-nji ýylda Buharada Mir Arap medresesi uzak ýyllyk arakesmeden soň gaýtadan işe girizilipdir. Soňrak Daşkentdäki Barakhan medresesi işini başlap, 1971-nji ýylda ol Ymam Buhary atly Daşkent yslam instituty adyny aldy. 1990-njy ýyla çenli Öňki Sowet Soýuzynyň çäginde şu iki okuw mekdebinden başga ys-

## TARYHA NAZAR

Mangytlar hökümdarlygy döwründe Buhara emirliginde köp iri desgalar – Şyh Jelal derwezesi we hanagähi, (XVIII asyryň ikinji ýarmy), Domullo Tursunjan medresesi (1796-97), Halyfa Hudaýdad ansambly (1777-1855), Çarminar (1807), Emir medresesi (XX asyryň başlary), Sitorai Mohi Hosa (XIX-XX asyryň başlary) we başga binalar we desgalar guruldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lam tälim edaralary bolmandyr. Olar esasan Orta Aziýa musulmanlarynyň dini müdirligi (SADUM – Среднеазиатское духовное управление мусульман) ýanynda metjit ymamlaryny taýýarlamaga ýöriteleşipdir.

Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygyny ele alandan soň dini tälim ugruna-da aýratyn üns berildi. Döwlet sanawyndan geçen medreseler dini-medeni obýektler Özbegistan Musulmanlary edarasynyň garamagyna tabşyryldy. Bu günki günde ýurdumyzda aşakdaky dini tälim edaralary iş alyp barýar:

Ymam Buhary adyndaky Daşkent yslam instituty 1971-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda döredilen bolup, Barakhan medresesiniň binasynda ýerleşýär. 2007-nji ýylda Daşkent yslam medeniýetiniň paýtagty diýlip yglan edilmegi mynasybetli Hastymam toplumy gaýtadan guruldy we şol institut hem täze bina eýe boldy. Bu günki günde institut Hastymam binagärlik toplumynyň düzümindedir.

«Mir Arap» orta ýörite yslam okuw mekdebi (Buhara ş.) — Şyh Said Abdulla al-Ýamani tarapyndan Emir Ubaýdullahanyň serişdelerine 1530-1536-njy ýyllarda gurlupdyr.

«Mir Arap» ýokary medresesi (Buhara wel.) – Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş.Mirziýoýewiň başlangyjy bilen 2017-nji ýylda döredilen. Şu ýokary tälim edarasy, Buhara welaýatynyň Kagan tümenindäki Bahaweddin Nagyşbendi zyýaratgähiniň çäginde ýerleşýär.



*Daşkent yslam instituty*




*Buharadaky «Mir Arap» ýokary metjidiniň açylyş dabarasy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Halal adamy yzarlamak mümkin, emma ony şermende edip bolmaýar.

***Wolter***

«Gögeldaş» orta ýörite yslam okuw mekdebi (Daşkent ş.) 1569-1570-nji ýyllarda Barakhan tarapyndan gurdurylypdyr. 1999-njy ýylda medrese Orta ýörite okuw mekdebi hökmünde gaýtadan açyldy.

«Saýýid Muhýiddin Mahdum» orta ýörite yslam okuw mekdebi — 1992-nji ýylda Andijan welaýatynyň Altynköl tümeniniň Jalabek obasynda gurlupdyr.

«Mulla Gyrgyz Ohund» medresesi – 1914-1915-nji ýyllarda Namangan welaýatynda Atoullahan tarapyndan gurlan. 2014-nji ýylda «Hidoýa» ady bilen ýörite orta yslam okuw mekdebi hökmünde gaýtadan döredilen.

«Fahriddin ar-Razy» ýörite orta yslam okuw mekdebi — 1992-nji ýylda Horezm welaýatynyň Hanka tümeni «Hudaýkuly Işan baba» metjidiniň binasynda öz işini başlapdyr. 1994-nji ýylda Ürgenç şäherinde ýerleşýän «Daşkynjan baba» taryhy binasyna göçürlipdir.

«Hoja Buhary» ýörite orta yslam okuw mekdebi – 1992-nji ýylda Kaşgaderýaýň Kitap tümeninde döre-

## DÖREDIJILIKLI IŞ



Berlen teksti okaň we aşakdaky soraglara jogap beriň.

1. Yslam dininde ylym-bilime üns bermekden we wagyz etmekden nähili maksatlar gözlenipdir?

2. Ylym-bilimiň ösüşiniň goldaw tapmagy özüniň nähili netijelerini beripdir?

*Dünýäde birinji keselhana 707-nji ýylda musulmanlar tarapyndan (döwlet tarapyndan maliýeleşdirilendigi üçin ony häzir «Býujet guramasy» diýip atlandyran bolardy) esaslandyryldy. Şu keselhanada şepagat uýalarynyň hyzmaty ýola goýlupdyr we lukmançylyk institutlary işläp başlady. Köp asyrlaryň dowamynda hut musulman lukmanlary göz keselini barlamak we bejermek boýunça hünärmenler hasaplanypdyrlar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dilen. Medresä Saidahmet Weli Kulahdoz Hoja Buhary ady berlen.

«Muhammet Biruny» ýörite orta yslam okuw mekdebi — 1992-nji ýylda Garagalpagystan Respublikasynyň paýtagty Nukusda açylypdyr. Okuw mekdebi Nukusdaky «Ymam Işan» juma metjidiniň binasynda ýerleşýär.

«Jaýbari kelan» aýal-gyzlar ýörite orta yslam okuw mekdebi (Buhara ş.) — XVII asyryň ahyry – XVIII asyryň başlarynda Buhara häkimi Abdulezizhanyň permany bilen gurlupdyr. Medrese 1992-nji ýylda işini gaýtadan ýola goýupdyr.

«Hadiçai Kubra» aýal-gyzlar ýörite orta yslam okuw mekdebi (Daşkent ş.) — 1993-nji ýylda öz işini başlady.

Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýewiň başlangyçlary bilen 2017-nji ýylda Buhara we Termiz döwlet uniwersitetlerinde yslam



*Daşkent yslam institutyny gutaranlar*



## TARYHA NAZAR

Binagär Ysmaýyl ibn Tahir Mahmyt Yspyhany Mürze Ulugbegiň buýurmasy bilen 1417-1419-njy ýyllarda Buharada medrese gurdurypdyr. Medresäniň agaç derwezesine: «Ylma ymtylmak her bir muslim we muslim aýal üçin parzdyr», diýen hadysy şerifi arap dilinde nagyşly ýazuwlar bilen ýazylan. Derwezäniň demir halkasyna hökümdar Mürze Ulugbek ruhyýetine mahsus bolan şol jümleleri alyma örän mähir goýan ýaş ussa binagärlerden biri ýazyp galdyrypdyr: «Ylym dürdänelerinden hoşal bolan adamlara Allatagala rehmet gapysyny açsyn».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taryhy we çeşmeşynaslygy tälim ýönelişi açyldy. Şonuň ýaly-da, Samarkantda ylahyýet we hadysşynaslyk, Buharada sufizm, Karşy şäherinde akoid, Margilanda yslam hukugy ylmy mekdepleri döredildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 16-njy aprelindäki «Dini-aň-bilim ugrunyň işini düýpli kämilleşdirmek çäreleri barada»ky Permanyna görä Özbegistan musulmanlarynyň edarasynyň Özbegistan yslam akademiýasy we Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Daşkent yslam uniwersitetiniň esasynda Özbegistanyň halkara yslam akademiýasy döredildi.

*Hiç haçan ylym öwrenmek işinde üzülme bolmaly däl, sebäbi, bu uly ýitgä getirýär.*

***Burhaniddin Marginany***

Permana görä Özbegistanyň halkara yslam akademiýasy Özbegistan musulmanlarynyň edarasy we Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Din işleri boýunça komitet esaslandyrmagynda Gurhan ylymlary, hadys, yslam hukugy, akyda, sifizm, yslam ykdysadyýeti we maliýesi, halkara gatnaşyklar, daşary ýurt dilleri (arap, pars, iňlis, rus, urdu, türk) we başga halkara möçberde zerurlyk bar

## MAGLUMAT ÜÇIN

Halkara magaryf býurosynyň soňky maglumatlaryna görä, Saud Arabystany we Ýemen bu günki güne gelip dini tälim üçin iň köp okuw sagatlary berilýän ýurtlar hasaplanýar. Şol sanda, dini tälim üçin umumtälim mekdep okuw enjamlarynyň ilkinji 6 ýylynda-da Saud Arabystanynda 1458 sagat (şu döwre çenli bolan umumy okuw sagatlarynyň 31 göterimi), Ýemende bolsa 1104 sagat (şu döwre çenli bolan umumy okuw sagatlarynyň 28 göterimi) berilýär. Şol bir wagtda, şu görkezijileriň başga islendik ýurtdaka görä üç esse ýokarydygyny hem aýratyn nygtamak gerek.

*Çeşme: www.islamcenter.uz*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Özbegistanyň halkara yslam akademiýasy*

bolan ugurlar boýunça hünärli kadrlary taýýarlamaga, ýörite orta, ýokary tälim, ýokary tälimden soňky tälim, hünäri kämilleşdiriş basgançaklarynda üznüksiz tälimiň bitewi ulgamyny döretmäge we ylmy mirasy çuňňur öwrenmäge we gorap saklamaga, dini we dünýewi bilim bermäge ýöriteleşen öňdebaryjy tälim we ylmy-barlag edarasy hasaplanýar.

Edara respublikadaky ähli yslam tälimi edaralarynyň işini okuw-normatiw we okuw-usuly taýdan üpjün etmegi hem-de laýyklaşdyrmagy amala aşyrýar.

Akademiýa Özbegistan Respublikasynyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň we kanunda gadagan edilmedik başga çeşmeleriň hasabyndan maliýeleşdirilýär.

Şonuň ýaly-da, Permana görä, Özbegistanyň halkara yslam akademiýasyny gutaranlara umumtälim mekdeplerinde, ýörite orta we ýokary tälim edaralarynda ugra degişli ylymlar boýunça pedagogik iş bilen meşgullanmak hukugy bellenildi.



*... Wagty «huşsuz», «bolaýsa-dy», «käşgi» ler bilen geçiren adamyň ömri iň gysga ömür eken.*

***Nejmiddin Kubra***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurdumyzda Rus Prawoslaw we protestantlyga degişli Doly injil hristianlary buthanalarynyň dini seminariýalary hem iş alyp barýar.

Garaşsyzlyk döwründe Özbegistanda yslam dini bilen bir hatarda başga dini konfessiýalaryň tälim edaralary-da iş alyp barmagyna mümkinçilikler döredildi. Hususan-da, 1998-nji ýyldan Prawoslaw hem-de Protestant seminariýalary işläp başlady.

Rus prawoslaw buthanasynyň Daşkent dini seminariýasy bäş ýyllyk möhlete niýetlenen tälim edarasy hasaplanýar. Ol ýerde geljekde rus prawoslaw buthanasynyň Merkezi Aziýa sebitindäki we başga ýeparhiýalarynda işlemek mümkinçiligine eýe bolan dini hyzmatçylar we ýokary dini maglumatly hünärmenler tälim alýarlar.

Patyşa Russiýasy döwründe Daşkentde açylan dini seminariýalary hasaba alynmasa, Daşkent dini seminariýasynyň taryhy onçakly uly möhleti öz içine almaýar.

1990-njy ýylda Arhiereýiň ýolbaşçylygynda iki ýyllyk tälime niýetlenen Daşkent dini okuw mekdebi açylypdyr. Ilkibaşda hiç hili baza eýe bolmadyk Rus prawoslaw buthanasynyň Daşkent dini okuw mekdebi tiz aýaga galdy. Sapaklar üçin ýer tapyldy, hemişelik mugallymlar düzümi şekillendi, talyplar bolsa ýaşaýyş jaý we gyzgyn nahar bilen üpjün edildi.

1998-nji ýyla gelip, Özbegistan Respublikasynyň hökümetiniň tagallalary bilen ençeme binalar, bu günki günde Swýato-Usnensk soboryna degişli bolan çäkler bölünip berildi. Şundan soň Daşkent we Orta Aziýa ýeparhiýasynyň edarasy kämil ýokary maglumatly dini hyzmatçylary çykaryp bilýän Dini seminariýa döredildi.

*— Hak hikmetini ylmyňdan artyk bil.*
*— Ylmyňa ägä boll.*

***Moturidiý***

Bilimsiz adamlaryň köňli ters pikire meýilli bolýar.

***Abu Reýhan Biruny***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TARYHA NAZAR

Emir Şamyrat ähli taşlanyp goýlan wakf emläkleri («dini fondlary») olardan düşýän salgyt we başga mejbury tölegleriň hasabyndan ähli köne medreseleri, metjitleri, hanakalary, mekdepleri, mazarlary gaýtadan dikeltdi hem-de täze medreseler we metjitler gurluşygynda şahy özi baş boldy. Medrese müderrisleri, müftiler, ymamlar, kazylar we başga dini wezipelere bellände olaryň şerigat hukuk normalaryna amal etmek derejesini, olaryň hukuk bilimlerini we hukuk sowatlylygyna garap wezipä belleýärdi. Öz ugrunda köp ýyl işlän, şerigat hukugy normalaryny şol döwrüň talaby derejesinde bilmedik kazylar, ymamlar, müftiler hem-de medrese müderrisleri Emir Şamyradyň permany bilen öz wezipesinden boşadylýar. Ol şerigat hukugy normalaryny çuňňur özleşdiren medrese talyplaryna salgytlaryň hasabyndan goşmaça talyplyk haklaryny bermek bilen medresäniň talyplaryny goldaýardy. Ol diňe bir özüniň yslam hukugy normalaryny giň tälim prosesinde özgertmän, eýsem bütin Buhara emirliginiň ähli welaýatlarynda yslam hukugy normalaryny bilmeklerini amalda talap etdi we onuň üçin uly ýeňillikleri we sowgatlary wada edýär. Taryhçy alym Humuliniň nygtaýşy ýaly, Emir Şamyrat «bütin şähere we Buhara emirliginiň ähli welaýatlaryna beýik alymlaryň we hakyky yslam hukugy normalaryna esaslanan adatlaryň (muhtasib) ähli ilaty metjit we medreselere ýygyp, olara yslam hukugy normalaryny, borçlary düşündirmegi, olaryň şerigat hukuk bilimleri derejesini ýene-de artdyrmagy welaýat häkimlerinden talap etdi».

## BERKITMEK ÜÇIN SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Özbegistanyň çägindäki iň iri ylym merkezleri haýsylar?
2. Sowet Soýuzy döwründe ýurdumyzda nähili dini tälim edaralary iş ýöredipdir?
3. Garaşsyzlykdan soň dini tälim ugrunda nähili özgertmeler amala aşyryldy?
4. Ýurdumyzda nähili yslamy däl dini tälim edaralary bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GLOSSARIÝ

**Altar** – (lat. «beýik») hristian buthanasynda ybadathananyň mährep we münber ornaşdyrylan iň beýik bölegi.

**Apokalipsis** (Buýruknama) – «Täze Ahd»yň düzüm bölegi bolup, ony «Injil» awtorlaryndan biri Ioann ylahy ylham arkaly ýazan, diýip ygtykat edilýär.

**Akida** – arap dilinde käbir zady bir-birine baglamak manysyny aňladýar. Terminde bolsa akoid ylmynyň meşhur atlaryndan biri.

**Aýat** – (arap. «belgi; täsinlik») Gurhanyň sürelerini düzýän bölek, «jümleler».

**Doly injil hristianlary** — protestantlykdaky iň iri ugurlardan biri bolan pýatidestýanikligiň ikinji ady.

**Dýakon** (grekçe — hyzmatçy) – hristian buthanalaryndaky iň aşak ruhanylyk derejesi.

**Ekstremizm** – öz maksady ugrunda dürli çendenaşa ýiti çäreleri görmäge tarapdarlyk.

**Ewolýusionizm** – dunşynaslykda din hem dünýäniň şekillenmegi ýaly basgançaklaýyn ýönekeýden çylşyrymla tarap ösen diýen taglymy öňe sürýän taglymat.

**Fanatizm** – öz taglymyny «dogry» diýip, başgaça pikir eýelerini ykrar etmezlik we olary öjükdirijilikde aýplamak.

**Fakih** – fikh ylmynyň bilimdany.

**Fetwa** – fikhyň dinde peýda bolan täze meseleleri Gurhana ters gelmeýän ýagdaýda çözüp çykaran hökümi.

**Fikh** – (arap. «düşünmek») şerigatyň kada-kanunlaryny öwrenýän ylym.

**Fundamentalizm** – mälim din emele gelen irki döwrüne gaýtmak we bu ýol bilen zamananyň ähli meselelerini çözmek mümkin diýen pikiri öňe sürmek taglymaty.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gebrler** — Eýrandaky zarduştylyk dinine uýmagy saklap galan gadymy etnokonfessional toparlar. Gebrler resmi taýdan maýda millet hasaplanyp, bu günki günde olar Eýranda 45 müň adamy düzýär. Olar esasan Tähran, Kirman ýaly şäherlerde we olaryň töwereklerinde ýaşaýarlar.

**Hadys** – (arap. «täze; söz») Muhammet (s. a.w.) pygamberiň aýdan sözleri, eden işleri baradaky rowaýatlar.

**Haniflik** – yslamdan öň Arabystan ýarymadasynda bar bolan ýekehudaýlylyk taglymy.

**Haram** – yslam taglymatyna görä, inkär edip bolmaýan derejede berk deliller bilen ýerine ýetirilişi gadagan edilen amal.

**Ikona** – hristiançylykdaky keramatlylaryň portreti düşürlen suratlar. Olar buthanalarda ybadat serişdesi bolup hyzmat edýär.

**Indulgensiýa** – katolik buthanasy tarapyndan dindarlara edilen ýa-da edilmegi mümkin bolan günäleri geçmek barada berilýän şahadatnama.

**Jihad** (arap. «jiddu jäht etmek», «gaýrat etmek») — käbir işi kämil ýerine ýetirmek üçin bar güýç-gaýraty we mümkinçiligi sarplamak. Yslam dininde bu söz basybalyjylara we pitneilere garşy il-ýurdy, watany goragyna çykan adamlaryň amalyýetlerine görä-de ulanylypdyr. Jihad diýende, bu günki gündäki fanat toparlar düşündirişi ýaly, parahat ilatyň üstüne uruş açmak düşünilmeýär.

**Kardinallar kollegiýasy** – Rim katolik buthanasyndaky ýokary geňeş.

**Kelam** – söz, nutk manysyny aňladýar. Motaziliýler peýda bolandan soň akyda ylmynyň ady «kelam» diýlip atlandyrylyp başlapdyr.

**Keramat** – (arap. «beýiklik») yslam taglymatyna görä, Alla tarapyndan onuň dostlary – keramatlylara berilýän jadydan tapawutly adaty däl gudrat.

**Kirha** (nemesçe – «buthana») – lýuteran buthanalarynyň ady.

**Kosmogoniýa** – astronomiýanyň asman jisimleri, olaryň peýda bolmagy we özgerişleri baradaky bölümi. Bu ýerde asman jisimlerini ylahylaşdyrmak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kostel** (polýakça, çehçe. – «buthana») – Rim katolik buthanasyna garaşly ybadathanalara görä ulanylýan adalga.

**Kudsiý hadys –** Manysy Allatagaladan bolup, aýdylyşy, ýagny lebzi Resulullahdan bolan hadyslar.

**Meditasiýa** – (lat. «pikirlenmek, oýlamak») şahsyň ruhy işe çuňňur berilmek ýagdaýy.

**Mistisizm** – (gad. grek. «gizlin, syrly») ylahyýet älemi bilen gönüden-göni gepleşmek mümkinligi baradaky taglymat.

**Mitropolit** – (gad. grek. «baş şäher, paýtagt, mitropoliýa adamy») prawoslaw buthanasynyň paýtagt şäherlerdäki ýokary ruhanylyk derejesi.

**Modernizm** – dini häzirki zaman reallyga ugunlaşdyrmaga tarapdar akym.

**Monoteizm** – (gad. grek. «mono» – «ýalňyz», «teo» – «ylahyýet») ýekehudaýlyk.

**Mutaassiblik –** möwhümatçylyk.

**Mürit** – (arap. «isleýji») sufizm ýoluna girip, murşide el beren şägirt.

**Mürşit** – (arap. «dogry ýola eltiji») sufizm ýoluna girýänleri dogry ýola eltiji halypa, şyh.

**Müşrik** – köphudaýlykda aýplanýan adam.

**Papa** – katolik akymynyň baş ruhanysy.

**Parslar –** Hindistandaky bu günki günde zarduştykyga uýýanlar.

**Patriarh** – (gad. grek. «ata, esas salyjy») ortodoksal buthanadaky (prawoslawiýe) ýokary dini mertebe bolup, ondaky 14 awtokefal – garaşsyz buthanalaryň başlyklary şu at bilen atlandyrylýarlar.

**Politeizm** – (gad. grek. «poli» – «köp», «teo» – «Hudaý») köp hudaýlyk.

**Sahih hadys** – (arap. «sagdyn; dogry») alymlar tarapyndan ynamly, dogry diýip hasaplanan hadys.

**Sünni** – yslamda «Pygamber ýoly».

**Şar** (arap) **–** ýaman, ýamanlyk.

**Tafsir** – (arap. «beýan etmek») Gurhanyň aýatlaryna özboluşly ýagdaýda many bermek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Terrorizm** (fr. «gorkuzmak») öz pikirini sütemkärlik ýoly bilen başgalara geçirmek. Bu ýolda kast etme, ýykgynçylyk ýaly usullardan peýdalanylýar.

**Tobein** – (arap. «eýerijiler») Pygamberiň egindeşlerini gören we olara eýeren adamlar.

**Töwekkul** – sufizm taglymatyna görä, öz erkini Alla ynanyp tabşyrmak.

**Tradisionalizm** – däpçilik. Dindäki rasionalizme garşy, nakl (öýkünme) prinsipine esaslanýan akym.

**Wajyp** – hanafy mezhebi taglymatyna görä, Gurhany kerimde buýrugy açyk we anyk aýdylmadyk, emma hökman ýerine ýetirilmeli bolan amal.

**Ýahudo** – Ýakup pygamberiň perzentlerinden biri. Onuň nesilleri «musaýylar» diýlip atlandyrylýar.

**Ýahwe** – musaýylyk taglymatyna görä, dünýäleri ýaradyjy ýeke-täk gudratly Hudaý.

**Ýaşt** – Awestonyň 1-nji bölegi.

**Ýepiskop** – (gad. grek. «gözegçilik ediji») köp hristian buthanalarynda – ýokary ierarh. Ähli arhiereýleriň (patriarh, mitropolit, arhiepiskop) umumlaşan ady.

**Zekät** – (arap. «arassalanma, päklaniş») yslamyň bäş ruknundan biri. Emläk hasabyna (belli bir mukdara) ýetensoň, onuň kyrkdan biri (2,5 %) garyplaryň peýdasyna sadaka hökmünde berilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Mazmuny

1-§. Özbegistanda howpsuzlyk we berkararlyk gurşawyny şekillendirmek...... 4
2-§. Dunşynaslykdaky häzirki zaman tendensiýalar........................................ 10
3-§. Döwlet we din gatnaşyklary ................................................................. 18
4-§. Din we jemgyýetçilik durmuşy............................................................... 23
5-6-§. Merkezi Aziýa dinleri........................................................................ 30
7-§. Dünýä dinleriniň çeşmeleri. Buddizm we hristiançylyk .......................... 34
8–9-§. XX-XXI asyrlarda yslam.................................................................... 38
10-11-§. XX-XXI asyrlarda yslam dinindäki akymlar we sektalar ................. 43
12-13-§. Özbegistanyň halkara terrorizme we ekstremizme garşy göreşdäki orny. ........................................................................................... 55
14-15-§. XX–XXI asyrlarda tarykatçylyk ...................................................... 65
16-17-§. XX-XXI asyrlarda din we medeniýet.............................................. 72
18-19-§. XX-XXI asyrlarda dini däpler we dessurlar..................................... 83
20-21-§. Häzirki zaman informasion pudaklar we din faktory ....................... 90
22-23§. XX-XXI asyrlarda dünýäniň konfessional görnüşi .......................... 100
24-§. XX-XXI asyrlarda missionerlik we prozelitizm.................................. 112
25-§. Dini bagrygiňlik medeniýeti we konfessiýaara gatnaşyk .................... 120
26 – 27-§. Özbegistanda dini tälim ............................................................ 129
Glossariý ..................................................................................................... 138



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Zohidjon Mahmudovich ISLOMOV,
Durbek Obidjonovich RAHIMJONOV,
Jasur Xotamjonovich NAJMIDDINOV,
Nargiza Kamaritdinovna ISMATOVA

O‘quv nashri

# DUNYO DINLARI TARIXI

O‘rta ta’lim muassasalarining 11-sinfi o‘quvchilari uchun darslik

*(Turkman tilida)*

*Birinchi nashr*

Toshkent – «Yangiyul Poligraph Service» – 2018

Nashriyot litsenziýasi AI №185, 10.05.2011 y.

Terjime eden – K. Hallyýew
Redaktor – J. Metýakubow
Tehredaktor – M. Riksiýew
Korrektor – J. Metýakubow

Original-maketden çap etmäge 2018-nji ýylyň 11-nji iýulynda rugsat edildi.
Ölçegi 70×90 1/16. «Times New Roman» garniturasy. Ofset kagyzy.
Ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Çap listi 9,0. Şertli çap listi 10,53.
0000 nusgada çap edildi.
Buýurma № 0000.

«Yangiyul Poligraph Service» JÇJ çaphanasynda çap edildi.
112001, Daşkent welaýaty, Ýangiýol şäherii, Samarkant köçesi, 44.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | |
| **2** | | | | | | |
| **3** | | | | | | |
| **4** | | | | | | |
| **5** | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy bölegінden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE